TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# MAGTYMGULY
## hakyndaky
# ROWAÝATLAR

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2014

UOK 894.361+82
M 16

M 16 **Magtymguly hakyndaky rowaýatlar.** *(Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygyna bagyşlanýar)*. – A.: Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

Ata-babalarymyz Magtymgulynyň şahsyýeti, şahyrana dünýäsi barada halky kyssalaryň ençemesini döredipdir. Dilden-dile geçip çeperleşen halky eserlerde Magtymgulynyň durmuşy, kowum-garyndaşy, bilim alan ýerleri, şahyryň ynsanperwerligi, ahlagy, watançylygy, döredijiligi barada çeper gürrüň edilipdir we onuň kämil halky keşbi döredilipdir. Beýik söz ussady baradaky halky kyssalarda we çeper maglumatlarda halk bilen Magtymgulynyň bitewiligi, şahyryň adalatly, özbaşdak durmuş ugrunda alyp baran işleri teswirlenipdir.

Golýazmalaryň esasynda taýýarlanan ýygynda şahyr barada aýdylan rowaýatlaryň we çeper maglumatlaryň köpüsi girizildi, olaryň manysyny ýoýmazlyga, aýdylyş aýratynlyklaryny saklamaga çalşyldy.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 69, 2014 KBK 84 Tür. 1

© Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty, 2014.

© Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

# ADY GARRYMOLLA BOLSUN

Magtymguly Ýonaçy Gerkez iline Atanyýaz Kadyryň hanlyk süren döwründe gelipdir. Ol Atanyýaz Kadyr hanyň ýanyna baryp:

– Obaňyzda men daýhan durar ýaly maljanly adam barmy? – diýip sorapdyr.

Atanyýaz Kadyr:

– Adamlaryň köpüsi gyşyklar, şolara bar – diýip, gyşyklaryň oturýan ýerini salgy beripdir.

Magtymguly Ýonaçy gyşyklaryň biriniň öýünde boluberipdir. Öý eýesi ony özüne ogul edip alypdyr. Onuň akylly, parasatly ýigitdigine göz ýetirenden soň, «Hiç ýere gitmez» diýen niýet bilen agasynyň ýetişen gyzyny toý edip beripdir.

Magtymguly Ýonaçy öýli-işikli bolandan soň, atlara ýona, uýan, çeki, adamlara köwüş, mesi tikip, özbaşdak güzeran geçirip başlapdyr. Boş wagtlary bolsa, kümüşden aýallaryň şaý-seplerini ýasapdyr.

Ýonaçy gaty salyhatly adam bolupdyr. Gelin-gyzlara göz galdyrman, diňe öz işini bilipdir. Şoňa görä ony gaýyn topary, tutuş il gowy görüpdir.

Magtymguly Ýonaçydan garran döwründe bir ogul bolupdyr. Olar çaga näme at goýjaklaryny bilmändirler. Şonda biri:

– Magtymgulynyň orta ýaşdan agansoň ogly boldy. Çaganyň ady Garry bolsun! – diýipdir.

Bu söz Magtymguly Ýonaça ýarapdyr. Ol:

– Dogry aýdýarsyňyz, bu ogul garran wagtymda boldy. Meniň atamyň ady Döwletmämmetdi. Çaga okadansoň, oňa Garrymolla diýipdirler. Goý, çaganyň ady Garrymolla bolsun! – diýipdir.

Şeýlelikde, Magtymguly Ýonaçynyň maşgalasynda ýene Döwletmämmet – Garrymolla dünýä inipdir.

## ADAMY ÝER EKLÄR

Magtymguly Ýonaçy açlyk döwründe birnäçe atla goşulyp, gün-güzeranyny dolamak üçin argyşa gidipdir. Emma ep-esli ýoly geçenlerinden soň, Magtymgulynyň argyş maly ýaramandyr. Onuň ýoldaşlary:

– Magtymguly aga, arkaýyn yzyňa gaýdyber. Biz argyşdan sag-aman gelsek, seni hem hor etmeris. Her haýsymyz on, ýigrimi gadak däne bersek, açlykdan çykarsyň – diýipdirler.

Magtymguly Ýonaçy oba gaýtmaga mejbur bolupdyr. Oba ýetiberende ýaramadyk düýesini otluk meýdana goýberip otyrka, gezip ýören bir syçana gözi düşüpdir. Ol hininiň töweregindäki ot-çöpleri

sermelekläp tapyp, hinine daşaýar ekeni. Magtymguly muňa täsin galyp, syçana üns bilen syn edipdir. Görse, ol syçan kör eken. Şonda Magtymguly Ýonaçy argyşa gitmedim diýip, gynanyp oturmagyň biderekdigine göz ýetiripdir. Ol: «Kör syçan iýmitini tapyp, gün görýär. Men gaýgy etmäýin. Gözüm bar, elim bar, janym sag. Öz ýurdumda, öz ýerimde zähmet çeksem hor bolmaryn. «Adamy ýer ekleýär» diýen pähim bar ahyry» diýip pikir edipdir.

Ol oba gelip, azajyk suwly ýer tapypdyr. Onuň daş-töweregini joýalap, kädi ekipdir. Magtymgulynyň kädisi oňat bitipdir. Olar kädini bugdaý bilen çalşyp, azygyny bol tapyp, açlykdan sag-aman çykypdyrlar.

## AÝYŞ ÝER

Magtymguly Ýonaçynyň ýaşan döwründe Gürgende bir dul aýalyň ogly ýaga ýesir düşüpdir. Ol aýalyň ogluny Magtymguly Ýonaçy gidip, ýesirlikden boşadypdyr. Şonda dul aýal:

– Magtymguly aga, saňa at bersem öler, don bersem tozar, onuň üçin saňa hemişelik aýyş ýer bereýin – diýip, bir bölek ýer beripdir.

Magtymguly Ýonaçy aýyş berlen ýerde ekin ekip, bir nije döwran sürüpdir. «Adyny çykaryn arşa Gerkeziň» diýen goşgusyny hem ol şol ýerde ýazypdyr.

## PARASATLY YNSAN

Döwletmämmet oba oglanlaryny okadar eken. Ol mundan başga-da, az-owlak çarwaçylyk, daýhançylyk bilen meşgul bolupdyr. Munuň ekin-dikin, hojalyk işlerine uly ogullary Muhammetsapadyr Abdylla kömek eder eken.

Ol gözi kör bolan bir çeşmäni arassalap, ýanynda ekmäge ýer edinipdir. Suw bol bolansoň, munuň mes ýere eken gawuny, garpyzy, kädisi, jöweni gowy bitipdir. Azady ekin ekmekde ilata görelde görkezipdir. Şondan soň beýleki çarwalar hem çeşmeleri bejerip, ekin ekip başlapdyrlar.

Bir ýyl açlyk bolupdyr. Döwletmämmet öz eken ýerinden önen ähli hasyly jemagata paýlapdyr.

Başga bir ýyl Döwletmämmediň hem eken ýerleri hasyl bermändir. Jemagat öz alan gallalaryndan eltip, onuň öýüni bugdaýdan dolducypdyr.

Döwletmämmet elmydama halk bilen gatnaşykda bolup, olara dürli maslahatlar berer eken. Azady argyş bahanasy bilen köp ýeri gezipdir. Garakçylar hem onuň kerwenini talamakdan çekiner eken.

## MÄŞI BIŞIŞMEDI

Döwletmämmet daýylarynyň kömegi bilen, ärsarylaryň arasyndan Etrege göçüp gelen Nyýaz Salyh diýen ulamanyň elinde okapdyr. Zehinli çaga sowatly bolup ýetişipdir.

Bir gün obanyň hany Hanaly Döwletmämmedi molla – ulama tutmak üçin ýanyna çagyrypdyr. Ol hanyň çakylygyna irinmän barypdyr. Emma Hanaly Döwletmämmediň öňünden çykyp, habaryny almandyr. Ol görşüp-salamlaşman, «Myhman jaýa barybersin» diýipdir.

Döwletmämmet diňe bir Hanaly hanyň çagalaryny okatman, ol mekdep açyp, beýleki garyp-gasarlaryň çagalaryna-da ders beripdir. Öň «Hanaly han gowy adam bolara çemeli» diýip ýören şahyr hanyň öýünde bir-iki hepde bolandan soň, onuň bütin pygyllaryna belet bolup, hanyň duzundan datmandyr.

Bir günden bir gün, muny aňan han Döwletmämmedi ýanyna çagyryp:

– Ýeri ulamamyz, sen näme üçin meniň tagamymdan datmaýarsyň? – diýip sorapdyr.

Şonda Döwletmämmet şeýle jogap beripdir:

– Eý, han aga, Döwletmämmet we Döwletmämmede meňzeşler seniň tagamyňa el uzatmaz!

Hanaly han gahar-gazaba münüpdir:

– Näme üçin? Meniň tagamymyň zäheri barmy?

Döwletmämmet ýumşak ses bilen:

– Han aga, men seniň dürs malyňy göremok. Sen maly gamçynyň ujundan ýygnapsyň. Seniň ýygnan malyň ýetim-ýesirdir duluň, pahyr-biçäreleriň gözýaşydyr. Şeýle mala şärik bolup, seniň bilen tabakdaş bolup bilmen! – diýipdir.

– Eý, ulama! Seni ugurdaş bolarmykaň diýip çagyrdypdym – diýip, han haýkyrypdyr. – Ol-a boljak

däl. Sen meniň bilen ugurdaş bolmajak bolsaň, ýoluň açyk!

Döwletmämmet:

– Han aga, meniň isleýänim hem şoldy. Düýn rugsat beren bolsaň, bu gün iki gün bolardy – diýip, Hanaly hanyňkydan çykyp gidipdir.

## «ÝAKMA – BIŞERSIŇ, GAZMA – DÜŞERSIŇ!»

Garrymolla obanyň sylagly adamlarynyň biri eken. Şol wagt bütin gökleňiň hanyna Hanaly han diýer ekenler.

Günlerde bir gün, Hanaly han bismil diýen kesele uçrapdyr. Oňa bir tebip:

– Han aga, seniň keseliň emi bir tokly ganydyr. Ony aýagyňa çalsaň bismilden dynarsyň, bolmasa ondan saňa dynma ýok – diýip aýdýar.

Hanaly han tebibiň aýdyşy ýaly edip, Garrymollanyň obasyndan bir garybyň toklusyny alyp, keselinden saplanýar.

Şol zamanda talaňçylar Hanaly hanyň obasyna çozup, ýurtda uly bosgunçylyk bolýar. Han şonda obasyny, öýüni taşlap, üç atly bilen gaçyp gidýär. Gaçyp gelişlerine, olaryň güzeri gerkezleriň üstünden düşýär.

Hanaly han:

– Gerkezleriň üstüne dogry barsak günämizi geçerler – diýip aýdýar.

Döwletmämmet dagy hem Hanaly hanyň gelýänini görüp:

– Adam ýaly salam berip gelse, toklymyzyň ganyny geçeliň – diýýärler.

Hanaly han gerkezleriň üstüne baranda, olardan biri:

– Han geldi, iner geldi – diýip, hany magtaýar.

Hanaly han bolsa bular gorkandyr öýdüp, öňki pikirinden dänýär. Şol wagt ýigitleriň biri Hanaly hanyň yzyndan ýetip, onuň temmisini berýär.

## GADYRY BILINJEK DÄL

Magtymguly dünýä inmezden öň, atasy bir düýş görüpdir. Düýşünde Döwletmämmediň gapysynda bir daragt gögerip otyrmyş. Onuň ýetmiş şahasy bar eken. Şonda Döwletmämmet «Bä, men bu daragty haçan ekenimi bilemok. Ýetmiş şahasynyň her birinde ýetmiş dürli miwe bar. Her miweden hem bir hili owaz çykyp dur» diýip pikir edipdir.

Ol gören düýşüni özi ýorup bilmän, halypasynyň ýanyna gidip, oňa düýşüni aýdypdyr.

Halypasy:

– Senden bir ogul dörejek. Onuň ýetmiş hünäri boljak. Emma öz döwründe gadyry bilinjek däl – diýipdir.

## MEN HAJA GOWUŞDYM

Garrymollanyň ýaşaýan obasyna Şagurbat diýen haja barýan diwana gelipdir. Ol Garrymolla bilen gürleşipdir. Şagurbat Garrymolla ýaly ylymly adama duşandan soň:

– Men haja gitjek däl. Bu obada hakyky haja gowuşdym – diýip aýdypdyr.

Ine, şundan soň şol obanyň ady Hajagowşan – Hajygowşan bolup galyberipdir.

## IL HEMDEMI

Garrymollanyň ýaşan döwründe Buzlypolat[1] on ýaşly oglan eken. Ol elmydama eli taýakly tüwdürme oýnar eken. Köp wagtyny Garrymollanyň we beýleki garrylaryň gürrüňini diňläp geçirer eken.

Bir gün bir märekede Garrymolla onuň ýanyp duran mawy gözlerine seredip:

– Şü-hä halkyň agzyny aşa ýetirjek bir sary iner eken. Arman, ýeke özi çöküp otyr-da! – diýipdir.

Garrymollanyň aýdyşy ýaly, Buzlypolat soň il hemdemi bolupdyr. Ol gerkeziň Atanyýaz Kadyrdan soňky hanydyr.

---

[1] Bu şahsyň ady rowaýatlarda Bozpolat, Buzpolat, Buzlypolat kimin duş gelýär. Biz şahyryň ildeşleriniň we edebiýatçylaryň degerli maslahatlaryndan soň, Buzlypolat diýip almagy ýerlikli bildik.

# MAGTYMGULY – HALKYŇ GULY

Magtymgulynyň atasy Döwletmämmet Azady magtym tiresinden Selim magtym diýen bir adam bilen kyýamatlyk dogan okaşypdyr. Ol wagtal-wagtal Döwletmämmediň öýüne gelip, birküç gün myhman bolar ekeni.

Magtymguly Pyragy eneden bolanda, şol Selim magtym diýen adam Döwletmämmediň öýünde myhmançylykda ekeni. Döwletmämmet ýaňy bolan çagany Selim magtymyň öňüne berip:

– Şu çaga seniň guluň bolsun! – diýipdir.

Onda Selim magtym:

– Goý, bu çaga halkyň guly bolsun! – diýip aýdypdyr.

Şondan soň ol çaganyň ady kem-kemden Magtymguly bolup gidipdir. Magtymguly özüniň bir goşgusynda atasy Döwletmämmet Azadynyň Selim magtym atly doganynyň bolandygyny ýatlap geçýär. Şol goşgynyň iň soňky bendi şeýle gutarýar:

Pyragy diýr, görseň jahyl wagtymyň,
Säbilik saýasy gara bagtymyň,
Atamyň dogany Selim magtymyň,
Goýsalar geçerin ýany biläni.[1]

---

[1] Rowaýatlardaky şygyrlar rowaýatçylaryň aýdyşy ýaly ýazyldy.

## DERLEMELI BOLÝAR

Garrymolla hemişe derläp oturar eken. Soňra Magtymguly ýetişip:

– Ata, sen näme üçin elmydama derläp otyrsyň. Edýän agyr işiň ýok? – diýip sorapdyr.

Garrymolla:

– Oglum, seniň ýaly telim oglan daglardan odun ýygyp: kimi dagdan çykyp bilmän, kimsi ýükläp bilmän, kimsiniň eşegi ýüküni ýykyp, hemmesi «Ýa, Garrymolla!» diýýärler. Menden medet dileýänleriň haýsyna ýetişjek. Eger ýetişjek bolsaň, derlemeli bolýar – diýipdir.

## SEN ATAŇDAN OZDURYPSYŇ

Döwletmämmet tomus günleri Töreýit takyrlygynda harman alýar eken. Ol wagt Magtymguly owlak-guzy bakyp ýören oglan eken. Ol çopan bolup gezip ýören ýerinde goşgy goşup, olary aýdym edip hiňlenip aýdar eken. Käwagtlar düzen goşgularyny çopanlara okap berip, olaryň maslahatyna gulak asar eken.

Bir gün Magtymguly bilen bile çopançylyk edip ýören kakabaş ýoldaşlarynyň biri oba gidýär. Ol Garrymollanyň ýanyna baryp:

– Magtymgula birneme «Haý!» diýiň. Ol mal bakyp ýören ýerinde bolar-bolmaz warsakyny aýdyp, görene gülki bolup ýör – diýip, Magtymgulyny ýamanlapdyr.

Şondan soň Döwletmämmet oglunyň näme aýdýandygyny bilmegi ýüregine düwüpdir.

Bir gün ýaşajyk Magtymguly owlak-guzyny ýataga sürüp, atasynyň ýanyna kömege sowlupdyr. Harman jaýda atasy ýok eken. Magtymguly ýeke özi bolansoň, işläp ýörkä hiňlenmäge başlapdyr. Şol wagt çaý içip, öýden çykan Döwletmämmet oglunyň sesini eşidip, aýak çekipdir. Çopanyň kinaýaly sözüni gaty gören şahyr oglunyň şygyr okaýşyna diň salypdyr. Magtymgulynyň goşgulary Döwletmämmede ýarapdyr. Onuň oglundan göwni hoş bolupdyr. Soňra Magtymgulynyň ýanyna gelip:

– Oglum, sen «şahyr bolupsyň» diýip eşitdim. Hany, ataň haky üçin bir hoş söz aýdyp ber bakaly – diýipdir.

Magtymguly şonda atasyna minnetdarlyk bildirip, «Atam Döwletmämmet molla haky çün» diýen setirler bilen gutarýan goşgusyny aýdyp beripdir:

Ýa, Ýaradan, myradyma ýetirgil,
Ýa, jemalyň Jelililla haky çün.
Kereminden ykbalyma dest bergil,
Owwal Adam Safyulla haky çün.

Edebi-ekramy, şermi-haýasy,
Delili-burhandyr – onuň güwäsi,

Älemi gark etdi onuň dogasy,
Dostuň Nuhy Nebiulla haky çün.

Beýtil-Mukaddesde, Ymran ilinde,
Atasyz bar bolan ene bilinde,
Gudratyň meşhurdyr Merýem oglunda,
Ýa, Rep, Isa Beruhulla haky çün.

Kapyrlar beslegen oglan çagynda,
Bir oda ýolugan dost pyragynda,
Baryp, raz aýdyşan Sina dagynda,
Tury-Musa Kelimulla haky çün.

Otlaýyp-suwlagan arşy-aglada,
Goçgarlar gönderip, kyldyň azada,
Ysmaýyl gurbanyň boldy Minada,
Ýa, Ybraýym Halylulla haky çün.

Bu ýolda parh etmez begler, soltanlar,
Ýa, gaýyplar, dogry ýola eltenler,
Onki ymam, ýedi weli, çiltenler,
Hydyr-Ylýas Nebiulla haky çün.

Düşdi luw ýyly magraç gallesine,
Byrag münüp çykdy arş pellesine,
Paşmagy täç olmuş arş kellesine,
Ýa, Muhammet Resululla haky çün.

Ezber eýläp okydylar Gurhany,
Taha-ýu Ýasyny, Alham süräni,

Abu Bekr Syddyk – resul ýarany,
Omar, Osman, Esedulla haky çün.

Magtymguly, çagyr Repbul-ybady,
Bu dünýä, ahyret bergil myrady,
Resululla goýmuş adyn Azady,
Atam Döwletmämmet molla haky çün.

Döwletmämmet goşgyny ünsli diňläp:

– Berekella, oglum, sen atańdan ozup, öz mertebäňe ýetipsiň. Arkaýyn şahyrçylygyňy ediber – diýip, ogluna ak pata beripdir.

## JÜLGEDÄKI SES

Magtymguly ýaş wagtlarynda dag aralarynda mal bakar eken. Ol bir gün günortan uklap ýatyrka düýş görüpdir. Düýşünde Magtymguly bir topar adamyň jülge tarapdan gelýän sesini eşidýär. Ol: «Meniň mal bakýan ýerimde kim ses edýärkä?» diýip, ses çykan tarapa bakypdyr. Görse, bir topar garry adam namaza duran eken. Şahyr bulary görüp, aňk bolup durka, olaryň biri Magtymgulyny adamlaryň ýanyna alyp barypdyr.

Duran adamlaryň ýaşulusy:

– Oglum, islegiň bolsa aýt? – diýip ýüzlenipdir.

Magtymguly:

– Ile ýarar ýaly şahyr bolasym gelýär – diýipdir.

Duran adamlaryň her haýsy Magtymgula ylham şerabyny içirip, oňa şahyrlyk patasyny beripdirler.

Şol wagt Magtymguly oýanypdyr. Görse, ne adamlar bar, ne-de öý. Hiç zat ýok. Jülgede mallary otlap ýör.

Ine, şundan soň Magtymgulynyň seri üýtgäpdir. Ol:

Ata sulbundan indim men, ene rehmide jan gördüm,
Dokuz aý-u dokuz günde gelip ýagty jahan gördüm.
Zemin-u ab-u ataş, bad-u häki, agşam gördüm,
Fasyh dil berdi Rahmanym kelimeýi-iman gördüm,
Gezip, yklym ýörip, alym bolup müň dessan gördüm.

Halal ile haram-u şübhäni men köp ýene parh etdim,
Ki ondan soň özümi yşk derýasynda gark etdim,
Özümi Arş üzre men bişek-u hem bigüman gördüm,
Tamamy ýagşy ýerde hem ýörip men jawydan gördüm,
Hemmesi Çaryýary-basapaýy-ryzwany gördüm.

Negini-magrypetiň jiddeýi-närijdesin aldym,
Behamdylla, makamy şerefulla müjdesin aldym,
Süleýman boluban elime çün engüşterin aldym,
Girip Idris jennete, ki men jaý inçenin aldym,
Resulalla tutup elimni girdiler jenan gördüm.

Hudaýa ýüz tümen – müň şükür tapdym faýzy-Suhany,
Salam berdi gelip tagzym eýläp hüýr-u gulmany,
Baryban aldyma getirdiler nygmaty-ferawany,
Uzadyp elim oňa tutdular hezret oşol ony,
Diýdiler taňla gelseň bu seniňdir kim nahan gördüm.

Iki ýüz ýyl seýir eýledim jenneti men hälä,
Nesip etse men öz jaýymy gördüm barçadan agla,
Diýdim: «Mundan öter jaý barmy?» Hezret diýdiler: «az-la»,
Şunuň dek çadyry her kimde bolsa ýagşy nagma-la,
Weli, dowzahy kapyrlara bir mary-içýan gördüm.

Bu dünýä mahz bir möminlere mähnet-saraý erken,
Neçün ähli bu gün baý, ertesi görsem geda erken,
Huda rehm etse, hezret söýse piriň rahnema erken,
Garaz söz muhtasar, jenneti gördüm ýagşy jaý erken,
Domagym bar idi sözläre leýk men sözi kän gördüm.

Neteý Magtymguly ötdi, jahandan köp suhanwerler,
Guçup häki-mezelleti ýatdylar köp näzperwerler,
Galypdyr maňa ogşaş akly kem bipaý-biserler,
Keşufat-u makamat islemäň menden byraderler,
Çenançe men özümi pitneýi-ahyrzaman gördüm.

– diýip, dünýäniň owalyndan ahyryna çenli boljak sözleri goşgy bilen aýdypdyr.

## Zehinli okuwçy

Magtymguly Soňudagyň ilersinde Gürgen diýen ýerde bir ulamadan sapak alypdyr. Gürgen ulamasynyň öwreden sapagyny Magtymguly şol wagt bilip, beýleki okuwçylar ýaly ony gaýtalap oturmaz eken.

2. Sargyt № 531.

Bir gün ulama:

– Magtymguly, sen näme üçin dersiňi az okaýarsyň? – diýip soranda, ol:

– Men dersimi pugta okaýandyryn, halypam – diýip, Gürgen ulamasynyň geçip duran sapagyny oňa aýdyp beripdir.

Magtymguly Gürgen ulamasyndan öwrenen sapagyny öýünde bolsa-da, oýnaýan ýerlerinde-de ýadyndan çykarmandyr. Ol sapagyny pugta bilýän örän zehinli okuwçy bolupdyr.

## NAHARYMYZ BIR BOLSUN

Gijara nahar taýýar boluberende, Magtymgulyny öýlerinden tapmaz ekenler. Soň onuň gelerine garaşyp, nahar hem iýmez ekenler. Ol bu ikarada goňşy-golamlaryna baryp, «Atam size gelsin diýýär» diýip aýdyp çykar eken. Ol yzyna dolanýança, öýleri goňşy-golamdan dolar eken.

Bir gün Magtymguly adamlary öýlerine çagyryp ýörkä, gijä galypdyr. Şonda atasy:

– Oglum, nahar wagty nirä gitdiň? – diýip sorapdyr.

Magtymguly hem:

– Ata, şu gezek ähli obadaşlarymy çagyrdym. Öýlerimiz aýry bolsa-da, goý, naharymyz bir bolsun! – diýip jogap beripdir.

Bu gepe atasy bilen birlikde, goňşy-golamlar hem begenipdir. Olar gijäniň bir wagtyna çenli şahyryň öýünde ötenden-geçenden gürrüň edip oturypdyrlar. Şeýle agşamlar olarda hemişe bolýar eken.

## AJY AÇ, DOKY DOK EKEN

Magtymguly ýaşka: «Ýurt görjek, adamlaryň nähili ýaşaýandygyny bilmegi ýüregim küýseýär» diýip, bir adam bilen Owganystana gitmek isläpdir. Onda atasy:

– Oglum, sen entek ýaş. Ýol gatnawlary hem ýagşy däl. Ogry-jümri, garakçy köp. Zamana bulaşyk – diýip, Magtymgulynyň syýahata gitmegine razy bolmandyr. Magtymgulynyň hem gitmese ýüregi ynjalmandyr. Şol ýerde ataly-ogul ikisi aýdyşmaga durupdyr.

*Azady:*

– Paş eýle syryňny, saklama pynhan,
Emma ki sözümden çykmagyl, oglum.
Günde ýüz köý geler-geçer bu başa,
Agyrtma, sözümi ýykmagyl, oglum.

*Magtymguly:*

– Utanardym, syrym paş eýlemezdim,
Paş ederin, habar alsaň, Azadym.

Ýüz köý geler-geçer her gün bu başa,
Islärin bir sapar kylsak, Azadym.

Azady şundan soň Magtymgulynyň kämillige gadam basandygyny bilip, oňa rugsat beripdir.

Magtymguly ilki Owganystanyň Hyrat diýen ýerine barýar. Ol ýerde şahyrçylyk sungaty, hyratlylaryň dilleri, däp-dessury bilen tanyş bolýar. Hyratda birnäçe gün bolandan soň, owganlaryňam garyp ýaşaýandygyna göz ýetiren şahyr Mara gaýdýar.

Ol döwürde Marynyň adamlaram hor-homsy ýaşaýan eken. Şahyr Maryda bir husyt baýyň öýüne myhman bolup:

– Sen şu mallaryň bir bölegini garyp-gasarlara paýlap berseň, sogap gazanarsyň – diýip aýdýar. Baýa şahyryň sözi ýaramandyr. Ol myhmanyna hezzet-hormat hem etmändir.

Magtymguly baýa:

– Haram-halaly ýygnanyňdan, bir ajy doýranyň sogap işdir – diýip, onuň öýünden çykyp, Tejene gelýär.

Tejende «Magtymguly diýilýän şahyr gelipdir» diýen habary eşiden adamlar salamlaşmak we gazal eşitmek üçin, onuň myhman bolan ýerine ýygnanyşypdyrlar. Şahyr olara gazal okap beripdir. Gören-eşiden zatlary hakynda gürrüň edipdir. Şol ýerde Magtymguly bilen bir şahyr hem aýdyşypdyr. Magtymguly ol şahyry ýeňipdir. Şahyr Tejende bir-iki gün bolandan soň, öz obasyna gaýdypdyr.

Atasy Magtymguludan:

– Oglum, ajaýyp-garaýyp nämeleri gördüň? – diýip sorapdyr. Magtymguly oňa:

– Hyrat diýen ýurt pisselik eken. Onuň ýaly pisseligi hiç ýerde görmedim. Olara tomaşa edip, göwnüm açyldy. Emma ähli ýeriň gün-güzerany birmeňzeş eken. Ajy aç, doky bolsa, dok ekeni – diýip jogap beripdir.

## BIR GEZEK «ATA» DIÝSEŇ, BES

Magtymgulynyň atasy takwa dindar eken. Ol hemişe «Alla! Alla!» diýip, Hudaýa alkyş eder eken.

Günlerde bir gün, Magtymguly atasynyň ýanyna baryp:

– Ata! – diýip gygyrýar.

Azady ses bermeýär. Magtymguly ýene gygyrýar.

Azady:

– Oglum, «Ata! Ata!» diýip, kellämi çişirdiň. Gulagym ker däl. Bir gezek «Ata!» diýseň bes – diýip gatyrganýar.

Magtymguly:

– Ata, men iki gezek «Ata!» diýdim welin, gaharyňyz geldi ... – diýýär.

Azady oglunyň näme diýjegine düşünip, oňa hiç hili jogap bermändir. Ol oglunyň ýönekeý adam däldigine göz ýetirip, oňa pata beripdir.

Şundan soň Magtymguly gazal aýdyp başlaberenmiş.

## SENI ÝEŇJEK ÝOKDUR

Türkmenleriň ata urugyndan bolan Durdy şahyr Magtymguludan ulurak bolup, ol Etrek sebitlerinde ýaşapdyr.

Günlerde bir gün, Durdy şahyryň at-owazasyny eşiden ýaş Magtymguly atasy Azadydan rugsat alman, onuň bilen aýdyşmaga gidipdir. Saglyk-amanlyk soraşanlaryndan soň, iki şahyr sorag-jogaply goşgy aýdyşmaga başlapdyrlar. Magtymguly Durdy şahyryň soraglarynyň köpüsine jogap beripdir. Ýöne iň soňunda onuň bir soragyna jogap berjek bolanda ýalňyşypdyr.

Şonda Durdy şahyr:

– Magtymguly sen yzyňa gaýdyber. Pylan setire beren jogabyň ýalňyş boldy – diýip aýdypdyr.

Lapykeç bolan Magtymguly atasynyň ýanyna gelip, Durdy şahyryň soragyna jogap berip bilmändigini aýdýar. Atasy:

– Oglum, Durdy şahyr zehinli şahyrdyr. Indi onuň bilen aýdyşmaga gitseň, maňa öňünden duýdurgyn – diýýär.

Magtymguly atasyndan şygyr düzmegiň tilsimlerini pugta öwrenip, ýaňadandan Durdy şahyr bilen aýdyşmaga gidipdir. Olar «Habar ber! Şeýledir» diýen aýdyşyk şygryny aýdypdyrlar.

*Durdy şahyr:*

– O nämedir, ýaşyl-gyzyl öwüsýän?
O nämedir, aýagy ýok, towusýan?
O nämedir, ýedi derýa böwüsýän?
Şahyr bolsaň, şondan bize habar ber!

*Magtymguly:*

– Ol ekindir, ýaşyl-gyzyl öwüsýän,
Ol ýylandyr, aýagy ýok towusýan,
Ol balykdyr, ýedi derýa böwüsýän,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir.

– O nämedir, ýakasy bar, ýany ýok?
O nämedir, ganaty bar, gany ýok?
O nämedir, adam ýuwdar, jany ýok?
Şahyr bolsaň, şondan bize habar ber!

– Ol kependir, ýakasy bar, ýany ýok,
Kebelekdir, ganaty bar, gany ýok,
Gara ýerdir, adam ýuwdar, jany ýok,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir.

– O nämedir, derwezesiz galadyr?
O nämedir, penjiresiz binadyr?
O nämedir, bir-birinden aladyr?
Şahyr bolsaň, şondan bize habar ber!

– Ol köňüldir, derwezesiz galadyr,
Ol gabyrdyr, penjiresiz binadyr,
Ol Aý-Gündür, bir-birinden aladyr,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir.

– O nämedir, iýmediler, doýdular?
Ol nämedir, kyýamata goýdular?
Ol kim idi, dabanyndan soýdular?
Şahyr bolsaň, şondan bize habar ber!

– Ol didardyr, iýmediler, doýdular,
Ol namazdyr, kyýamata goýdular,
Nesimini dabanyndan soýdular,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir.

– O nämedir, ýedi ülkäni gezýän?
O nämedir, bilini bir zat ezýän?
O nämedir, adam mysaly syzýan?
Şahyr bolsaň, şondan bize habar ber!

– Ol çopandyr, ýedi ülkäni gezýän,
Ol goýundyr, taýak bilini ezýän,
Bedew atlar adam mysaly syzýan,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir.

– O nämedir, toprak üste süýrenmez?
O nämedir, adamlara görünmez?
O nämedir, hiç bir dona bürenmez?
Şahyr bolsaň, şondan bize habar ber!

– Erenlerdir, zelil bolup süýrenmez,
Ol beladyr, gelse, göze görünmez,
Ýalan gürrüň hiç bir dona bürenmez,
Bizden salam bolsun, jogap şeýledir.

Bu gezek Magtymguly Durdy şahyryň ähli soraglaryna dogry jogap beripdir. Muňa Durdy şahyr begenip:

– Bar, kärdeş, sen arkaýyn gidiber. Seniň bilen sorag-jogap aýdyşyp ýeňjek ýokdur – diýipdir.

Magtymguly Durdy şahyryň ýanyndan begenip gaýdypdyr.

## DOGRY JOGAP

Goşgy ýazmaga hyjuwly Durdy şahyr ýaş Magtymgulyny synamak üçin:

– Ata menem öz gezegimde sowaldan goşgy düzüp, Magtymgula ibereýin-le! – diýip sorapdyr.

Onda atasy:

– Oglum, sen öz ugruňa geziber. Magtymguly saňa jogap berer. Senem utanja galarsyň – diýip, onuň Magtymguly bilen aýdyşmagyny göwnemändir.

Emma Durdy şahyr «Şahyr şahyry synasa utanjy bolmaz» diýip, şeýle sowally şygryny Magtymgula iberýär:

Bizden salam Magtymguly ussada,
Atamyz Adamyň donun kim biçdi?
Dumanly seriňe gurban bolaly,
Bilmedik, melaýyk meýin kim içdi?

Älemiň degresi ne reňli dagdyr?
Ol ne guşdur, daýym onda tussagdyr?
Aşyklar söwdügi bu ne bulagdyr?
Heftaýyl ebwabyn baryp kim açdy?

Taglamun dagynda kimdir, gezenler?
Mömin munda, kimdir onda ýazanlar?
Şamyhatda feragaty düzenler?
Niçe ýylda ýerden göge ýetişdi?

Taňrynyň jahanda, bil, dagy niçe,
Behiştde Tubynyň pudagy niçe,
Ýüzüniň maşkynyň waragy niçe,
Behişdiň kilidi kime gowuşdy?

Bil, nirde ýaratdy sekiz jenneti,
Niçe binasy bar, niçe kümmeti,
Niçe arygy bar, nämedir ady,
Taýran ebäbiller kime gowuşdy?

Bil, nirde ýaratdy Sakar dowzahy?
Niçe guýusy bar, niçe bulagy?
Içinde bir ýylan, nedir soragy?
Gudrat bilen ol mar kime dolaşdy?

Durdy şahyr aýdar, ýollar uzakdyr,
Men bilmenem, pany kime duzakdyr?
Özüňi bilmeseň, jaýyň dowzahdyr,
Togsan dokuz müň är nirde gowuşdy?

Halypasy Durdy şahyryň sowallaryna Magtymguly şeýle jogaplary ýollapdyr:

Bizden jogap bolsun Durdy şahyra,
Jebraýyl getirdi, ryzwanlar biçdi.
Gudrat bilen şol şeýtanyň şerbetin,
Adam ata bilen How ene içdi.

Kap dagy zeberjet reňbe-reň dagdyr,
Kaknus bir guş, daýym onda tussagdyr,
Mukasat diýerler ajap bulagdyr,
Heftaýyl ebwabyn aşyklar açdy.

Taglamun dagynda zahyt gezdiler,
Mömin munda, berat onda ýazdylar,
Şamyhatda feragaty düzdüler,
Her kyrk ýyldan Zöhre göge ýetişdi.

Ýedi yklym bardyr, ýedidir dagy,
Ýetmiş müňdür şol Tubynyň pudagy,

«Lä ilähe» bolar maşkyň waragy,
Behişt kildi Resulalla gowuşdy.

Asmanda ýaratdy sekiz jenneti,
Alty müň binadyr, birdir kümmeti,
Içinde dört aryk, Musawwar ady,
Ebäbil eshabyl-pile gowuşdy.

Ýedi gat ýerde kylmyş Sakar dowzahy,
Weýildir guýusy, Syjjyn bulagy,
Haryş ýylan, gybatkeşdir soragy,
Ýalançy, zynahor, ogra dolaşdy.

Magtymguly, yşk meýdany uzakdyr,
Pany dünýä möminlere duzakdyr,
Alla biler, kimiň jaýy dowzahdyr,
Togsan dokuz müň är surda gowuşdy.

Şu aýdyşykdan soň, Magtymgulynyň Durdy şahyra, Durdy şahyryňam Magtymgula göwni ýetipdir.

## MAGTYMGULYNYŇ SAÝASYNDA OTURAN ÇYNARY

Ömrüniň otuz bäş ýylyny Azadydyr Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny öwrenmäge bagyş eden Eýran Yslam Respublikasynyň Jelgelan-Gerkez obasynda ýaşap öten şahyryň ýedinji arkasy Gara Işan Muhammedi bir gezek şeýle gürrüň

beripdir: «Garrynohur obasynyň ýaşaýjylarynyň haýyş edip çagyrmagy boýunça Magtymguly bir gezek ol ýere gidipdir. Ýaz aýlary eken. Daş-töwerek gül-gülälek, çymylganly baýyrlar baharyň bark urup duran howasyndan dem alýar eken.

Şol günleriň birinde dagda goýun bakyp ýören Isaguly atly ýaş çopan taýagyna söýenip durka, günbatar tarapdan onuň ýanyna ýüz-gözleri nurana iki sany adam gelipdir. Olaryň biriniň egninde gyrmyzy horjun hem bar eken. Salam-helikden soň, ol adamlaryň biri Isagula:

– Ogul, seniň gulagyňda ýara bar – diýipdir-de, onuň sag gulagyny sypalapdyr. Isagulynyň ýaraly gulagy agyrmasyny goýupdyr. Soň ýaşulular Isaguludan salgy alyp, daglaryň arasy bilen obany nazarlap gidiberipdirler. Aradan az salym geçensoň, Isagulynyň gulak ýarasy görnetin bitipdir. Muňa haýran bolan Isaguly ol adamlaryň yzyny yzlap, oba dolanypdyr.

Gelse, bütin oba «Obamyza Magtymguly bilen Durdy şahyr geldi» diýip begenişýär eken.

Şol günüň öýlän uçurlary, oba kethudalary bir ýere ýygnanypdyrlar. Onsoň olaryň arasyndaky hormatly ýerde hälki horjunly nurana adam gelip oturypdyr. Şonda Isaguly ýanyna gelip, gulagyny sypan adamyň Magtymguludygyna haýran galypdyr.

Örän köp adamyň ýygnanan ýerinde Magtymguly ynsanperwerlik, dogan-gardaş, dost-ýar, agzybirlik hakda söz sözläpdir, şygyrlaryny okapdyr. Şygyrlar halkyň köňlüne siňipdir.

Şondan bir-iki gün geçensoň, ir säher Söýün Hoja diýen oglan deň-duşlary bilen Magtymguly

şahyryň obanyň ortasynda seleňläp oturan goýry kölegeli çynaryň aşagynda bir kitaby waraklap oturanyny görüpdir.

Ýöne ol kitabyň haýsy kitapdygyny bilmändirler.

Magtymguly orta boýly, saryýagyz, goýun göz, kakçekge, gulagy otagaly, selçeňräk sakgally, nurana adam eken».

Garrynohur obasynda Magtymguly Pyragynyň şol saýasynda oturan gojaman çynary şu günler hem seleňläp, saýa salyp otyr. Oba adamlary ol çynary mukaddes hasaplaýarlar.

## ÝARY ÝARDAN AÝRANYŇ

Magtymguly şahyr obadaşy Meňli diýen gyzy ýaşlygyndan söýüp, onuň ugrunda köp ýyllar gezipdir. Şyhym diýen bir baý adam hem Meňlini göz astyna alýan eken. Ol baý gyzyň ata-enesine köp pul berip, Meňlini satyn alypdyr. Magtymgulynyň muňa örän jany ýanyp, Şyhymy näletläp:

Şyhym saňa duşmandyr,
Ýary ýardan aýranyň.
Soňy saňa puşmandyr,
Ýary ýardan aýranyň.

– diýip başlanýan şygryny düzüpdir.

# BOLMADY BIZGE NESIP

Magtymguly obadaş gyzy Meňlini söýüpdir. Magtymguly Idris babanyň medresesinde okap ýörkä, Meňliniň ata-enesi gyzy Şyhym harpyk diýen birine beripdir.

Magtymgulynyň yzyndan oba adamlary elharjylyk elter ekenler. Şonda olaryň biri şahyra Meňliniň Şyhym harpyga berlendigini aýdypdyr. Magtymguly hüjresine baryp:

– Biz nowruza çenli wadalaşypdyk welin, nesip däl eken – diýip, gamgyn bolupdyr.

Şol pursatda Magtymguly «Nowruzdan seni» diýen goşgyny düzüpdir:

Bolmady bizge nesibiň, istedim güýzden seni,
Diýdiň: «Ötsün gyş, tapar men täze nowruzdan seni».
Saýladym, seçdim, sonam, bir bölejik gyzdan seni,
Neçün biliňni guçmadym men tapyp düzden seni,
Isterem Hakdan, gowuşdyrgaý maňa tizden seni.

Hak katynda sözüm ötmez, men kibi awara ýok,
Il-gün rehim eýlemezler, men kibi biçäre ýok,
Ýüregim set para dekdir, hiç tenimde ýara ýok,
Sen garyp sen, men pakyr men, sende-mende çäre ýok,
Söwdügim, takdyry-Hakdyr aýyrgan bizden seni.

Söwdügim, sen günde bir gez ýadyňa salsaň meni,
Günde ýüz katla tilär men ýaradan Hakdan seni,
Başky gün sen oda saldyň men parahat bendäni,

Hak götersin aradan, şeýle rakyp-şermendäni,
Kyl behil bizden ýaňa ynjytsalar sözden seni.

Bagyňa girsem säher, bilbil bolup salsam oýun,
Gaflata galsa rakyp, bir dem salyşsak gol boýun,
Hakdan özge çäre ýokdur, ne kylaý men, neýleýin,
Inçe bil, şirin zyban, kepder topuk sen, gaz boýun,
Saklasyn Taňry penahynda ýaman gözden seni.

Haýryňy duşman görer, dostuň çeker jebri-jepaň,
Ýar-a, dildarlyk bolarmy sürmeýin zowky-sapaň,
Salsalar mizana Balkan dagy bolmazdyr päheň,
Aýdadyr Magtymguly ähdiň ýalan, ýokdur wepaň,
Biwepalar hup sowutmyşlar, sonam, bizden seni.

Soňra Magtymguly bu goşgusyny kagyza geçirip, obadaşlarynyň birinden ony Meňlä gowşurmagyny sargapdyr.

## «BIR GOÝNA SALAN ISLÄRIN...»

Şol döwrüň adatyna görä Magtymgula ýeňňesi Akgyzy dakýarlar. Şonda Magtymguly:

Ýigrim bäş ýaş ötdi menden,
Hezil etmedim dünýe senden,
Şirin sözli, lebi handan,
Bir goýna salan islärin.

– diýip aýdypdyr.

Magtymguly bilen Akgyz gara öýde tukat bolup, dymşyp oturarlar eken. Ol käýarym kümüşçilik, şahyrçylyk edip wagtyny geçirjek bolýar eken. Bolmasa-da, öz meslekdeşleriniňkä syr alyşmaga, dostlukly gürrüň edişmäge gider eken.

Bir gün Magtymguly:

– Bütin ömrüme bir näzli ýara duşmadym – diýip, şu goşgyny aýdypdyr:

Myhman geler alys ýerden,
Garşylasaň söwüş bile.
Mert ýigitler geçer serden,
Al meýdanda döwüş bile.

Ýüwrük ýetmez uzagyna,
Düşdüm pelek duzagyna,
Meňli gyzyň ýüzügine,
Gaşlar goýsam kümüş bile.

Gyz-u juwan uz ýöreýip,
Göz gider, bagryň ereýip,
Köle guba gaz ýöreýip,
Suw seslener gamyş bile.

Magtymguly, ýarytmadym,
Perzent pohun arytmadym,
Sedirime darytmadym,
Mydam işim symyş bile.

3. Sargyt № 531.

# Hesret bilen dörän goşgy

Magtymgulynyň özünden bir ýaş uly aýal dogany bolupdyr. Onuň adyna Hanmeňli diýer ekenler. Magtymgulynyň özünden kiçi doganyna Janesen diýer ekenler. Janeseniň aýalynyň ady Baýram bolupdyr.

Magtymgulynyň okuwa gitmeli ýyly olar bir günde aradan çykypdyrlar. Şonda Magtymguly hesret bilen şu aşakdaky goşgyny aýdypdyr:

Baýram gelin, Hanmeňli gyz, Janesen,
Bu dertleriň haýsy birne ýana sen.
Çarhypelek, her gün çepe däne sen,
Kalbymyň dünýäsi weýrana geldi.

Ýazykly bendesin Alla gargasa,
Adam işin zürýadyna sargasa,
Serimden aň göçüp, ajal syrgasa,
Gözlerimden ýaşym paýrana geldi.

Üçüň ykbalyny batyrdyň laýa,
Ömrüňi gam bilen ötürdiň zaýa,
Şam-u säher golum serdim Hudaýa,
Asman ahym görüp, ýyglana geldi.

Magtymguly, elip bilim buruldy,
Damarym dartyldy, ganym duruldy,

Ölüm zarby üç tarapdan uruldy,
Akylym dagylyp, haýrana geldi.

Şu gussadan bir ýyl geçenden soň, ýigrimi iki ýaşly Magtymguly Lebaba okuwa gidenmiş.

## ULY ILE WELI BOLJAK

Garrymolla Magtymgulyny okatmak üçin, ýagşy dilegler edip, Hywa ugradypdyr. Pederinden ak pata alan Magtymguly pyýadalap, ýola rowana bolupdyr. Şonda gumak ýoldan barýan Magtymgulynyň aýak yzynyň ýoklugyny gören atasy haýran galypdyr. Ol: «Balam geljekde uly ile belli weli boljak öýdýän» diýip begenipdir.

## GÖRME-GÖRÜŞ

Magtymguly Buharada okaýarka medresede ders berýän halypasyna hormat bildirer eken. Ol medreseden gaýdandan soňam her iki ýyldan bir gezek, Buhara görme-görşe gidip, halypasy bilen duşuşar eken.

Magtymguly bir sapar – Buhara baranda şäher derwezesi bagly bolup, ertire çenli galanyň daşynda galypdyr. Ol ýerde özi ýaly gijä galan adamlar şahyryň

daşyna üýşýärler. Magtymguly olara goşgularyny okap, dünýäniň geljeginden, boljagyndan gürrüň berýär.

Emiriň dargalary Magtymgulynyň bu aýdan zatlaryny ahyryna çenli diňläp bolanlaryndan soň:

– Bu adam dünýäniň gurluşyny bolşy ýaly aýdyp berýär. Geljegi-boljagy Hudaýdan başga adam bilmez – diýip, şahyry zyndana salýarlar.

Magtymguly zyndandaka hat ýazyp, bir adamdan halypasyna iberýär. Halypasy gadyrly myhmanyny emirden diläp, ony tussaglykdan halas edýär.

Şahyr halypasynyň ýanyna baryp, saglyk-amanlyk soraşyp, birnäçe gün Buharada bolansoň, öz ýurduna gaýdýar.

## ILE ÝARAÝAN ADAM

Magtymguly Hywa barýarka ýoly Gökdepe türkmenleriniň üstünden düşüpdir. Ol garaňky gatyşyberende bir obanyň çetinden baryp, bir öýe myhman bolupdyr. Öý eýesi myhmany gadyrly garşylapdyr. Onuň nireden gelip, nirä barýandygyny sorapdyr. Magtymguly özüniň şahyrdygyny, Hywa okuwa barýandygyny aýdypdyr.

Öý eýesi:

– Şahyr bolsaňyz, bize birki goşgy okap beriň – diýip, haýyş edipdir.

Magtymguly goşgy okaýar. Şahyryň goşgusy öý eýesiniň göwnünden turýar. Ol:

– Myhman, siziň bu sözleriňiz gyzyla gaplaýmaly eken – diýip, myhmanynyň ökde şahyrdygyna göz ýetiripdir.

Öýe goňşy-golamlar hem üýşýär. Magtymguly şol agşam goşgy okap, oba adamlaryna hezil berýär.

Şahyr goşgy okap otyrka öý eýesiniň oglunyň bolandygyny buşlaýarlar. Öý eýesi buşluk berip, Magtymgula ýüzlenýär:

– Myhman, siz gaty döwletli, rysgally adam ekeniňiz. Siz geleňizden soň, biziň göwnümiz açyldy. Oglumyz boldy. Makul görseňiz, ýaş çaga siziň adyňyzy dakjak. Goý, oglum hem siz ýaly pähimli, paýhasly, ile ýaraýan adam bolsun!

Magtymguly razylyk beripdir. Oba adamlary höwes bilen çaga Magtymgulynyň adyny dakypdyrlar.

Ertesi öý eýesi Magtymgula toý paýy beripdir. Obanyň ähli adamlary şahyry gadyr bilen Hywa ugradypdyrlar.

## HYWA ÝOLUNDA

Magtymguly Hywadaky Şirgazy medresesinde okan wagty hezreti Pälwan diýen halypasy bar eken. Ondan başga şol ýerde okanda özbekden, garagalpakdan, täjikden, tatardan gaty kän dostlary bolupdyr.

Magtymguly Hywa argyşa gidýän kerwenleriň kerwenbaşysyndan:

– Meniň hem goş-kötelimi göterişip, şol ýana atsaňyz – diýip, haýyş edýär.

Kerwenbaşy razy bolýar. Emma Magtymgulynyň ýoldaşy:

– Seni Hywa taraplarda hem şu ýerdäki ýaly tanaýarlar, hormatlaýarlar – diýip, kän azyk-suwluk götertmändir.

Magtymguly kerwenler bilen Hywa ýakynlaşanda şahyryň gelýär sesini eşidip, hezreti Pälwan öz şägirtlerinden bir toparyny iberip, Magtymgulyny hormat bilen garşylaýar. Olar şahyry ondan-oňa çagyryp hezzetleýärler.

## PAŞMADYK PIRIM

Magtymguly Gerkezde doglup, Garrygalada, Lebapda, Hywada we Buharada bolupdyr. Köp ýeri gezip, pukara adamlaryň agyr durmuşyny öz gözi bilen görüpdir.

Hywada, Buharada okanda, onuň käbir molla-ulamalar bile arasy saz bolmandyr.

Olar bir gün Magtymgulyny masgara etmek üçin gizlin maslahat edipdirler. Sopularyň biri:

– «Magtymguly din-şerigata ters gelýän goşgy ýazýar» diýip, pirimize ýamanlalyň – diýýär.

Ýene biri:

– Ýok, Magtymgulyny garamaýak halkyň içinde-de masgara bolar ýaly bir iş etmeli. Ýogsam, halkyň arasyna biziň çykarlygymyz galjak däl. Halk

onuň goşgularyny doga ýaly ýat tutup, aýdyşyp ýör. Ony bir bozuk aýalyň üsti bilen masgara etmeli – diýýär.

Sopular bu teklibi makullap, Magtymgulyny masgaralamagyň ugruna çykýarlar.

Şol wagt gelin-gyzlar üýşüşip, Magtymgulynyň adamkärçiligini, ahlagyny taryp edýän ekenler. Olaryň arasynda bir şerimsizräk gelin bar eken. Ol gelin-gyzlaryň sözüne pitiwa etmän:

– Şu Magtymgula hernäçe akylly adam diýselerem, boş söz. «Gyzyl görse, Hydyr azar» diýipdirler. Asyl Magtymguly şahyr meni görenden, saýraberse nädersiň! – diýýär.

Bularyň sözüni hälki sopular eşidýär. Olar şol gelniň ýanyna baryp, maslahatlaryny aýdýarlar. Gelin razy bolýar. Olar gelne gaşy gaçan bir bilezik berip:

– Sen «Şuňa gaş goýup ber» diýip, Magtymgulynyň ýanyna bar. Näz-kereşme et. Kellesi gyzyp, saňa ýapyşaýsa, edil masgara bolar ýaly, galmagal turuz – diýip tabşyrýarlar.

Özüne göwni ýetýän gelin:

– Göreli bakaly, şol şahyr akylyndan azaşyp, dünýäni unudaýmazmyka? – diýip, öýüne gelipdir-de, geýnibilenini geýnip, dakynybilenini dakynyp, bezenip-beslenip, Magtymgulynyň ýanyna ugrapdyr.

Gün öýläne agan wagtlary şahyr kiçijik demir sandygyň ýanynda çöküne düşüp, goşgy ýazyp otyr eken. Birden bir salgym geçipdir. Magtymguly başyny çalarak göterip, gözüniň gytagyny gapa

tarap aýlapdyr. Görse, bir näzenin gelin müň näz--kereşme bilen apbasyly köýnegini ýalpyldadyp içerik giripdir.

Hünärli bolandan soň, okuwyň gapdalyndan zergärçilik edip ýören Magtymguly gelniň bilezigini alyp galypdyr. Ertesi gelin bilezigi almak üçin ýene bezenip-beslenip gelipdir. Şahyr goşgy ýazyp otyr eken. Gelniň bezenişinden we boýnuny bir gapdala gyşardyp, göz güldürip, gaş kakyşyndan many aňlan Magtymguly ýüzüni aşak salypdyr. Gelne bejerip goýan bilezigini beripdir. Ol şahyra näz edip:

– Ussa aga, bilezig-ä gaty gowy edip oňarypsyňyz. Ýöne muzduna bermäge meniň pulum ýok... – diýipdir.

Şahyr gelniň sözüne üns bermändir. Gelin maksadyna ýetjek bolup, onuň öňünden şaňňyrdap, eýläk-beýläk geçse-de, epin aralaryna bägül salnyp, telim aýlap demir sandykda ýatan keteniniň beýhuş ediji ysy burnuna ursa-da, şahyr oňa intipis etmändir. Ahyry Magtymgulynyň has golaýjygyndan geçmekçi bolan gelniň agyr gyňajynyň uzyn seçekleri syýasy kepemedik haty zaýalapdyr. Bu gelniň gödek hereketine şahyryň aşa gahary gelipdir.

Magtymguly oňa gaty-gaýrym söz diýmän, körükde gyzaryp duran köze seredip, azajyk dymyp oturandan soň, ýüzüni galdyryp:

Şeýtan aýdar, şirin işdir aza goý,
Rahman aýdar, nebs umydyn üze goý,

Magtymguly, tur eliňi köze goý,
Eger döze bilseň, kylgyl bu işi.

– diýipdir.

Näderini bilmän duran gelne bolsa:

Işikden gelip sen, töre geçewer,
Ajyksaň, aç ölüm çalyn içewer,
Uçgun syçramasyn, otdan gaçawer,
Köýnegiň köweldip geçer sen, gelin!

Bir ujypsyz dawa üstüňde bolsun,
Görenleriň gözi kastyňda bolsun,
Ýöräňde gözleriň astyňda bolsun,
Isleseň dawadan gaçar sen, gelin!

Magtymguly, bu sözleri diýmesin,
Adamyň öýkeläp nanyň iýmesin,
Etegňe elmydam oglan siýmesin,
Reňňiň sargaryp öçer sen, gelin!

– diýip ýüzlenipdir.

Ýüzi çapady ýaly gyzaran gelin dodagyny dişläp, gözüne ýaş aýlapdyr. Hamsygyp, özüniň telek iş edenine ökünipdir. Magtymguly:

– Bar, gelin, çyk jaýdan. Muzduňam gerek däl, beýlekiňem – diýip, gelni kowup goýberipdir.

Şondan soň Magtymguly şahyryň durnuklylygyny synan adam tapylmandyr. Sopularyň bet niýeti bolsa, paşman galypdyr.

# MEN HAK SÖZI ÝAZDYM

Magtymguly Şirgazy medresesinde okaýarka, ol ýerde gazally kitaplary okamak halanmaz eken. Gazal okamagy, dessan aýtmagy ahunlar talyplara gadagan eder eken. Şol kadany Magtymguly bozupdyr.

Ol ahunlarynyň beren sapaklaryny çalt öwrenip, boş wagtlary beýleki kitaplary okamagy werziş[1] edipdir. Onuň ýiti zehini köpi haýran galdyrypdyr. Magtymguly tiz wagtyň içinde Hywada iň zehinli talyp hökmünde tanalypdyr.

Medresede ders berýän hezreti Pälwan Magtymgulynyň ýönekeý talyplardan däldigini bilipdir. Ol medresede bir ýana gitse, talyplara sapak bermegi Magtymgula ynanypdyr.

Şahyryň at-abraýynyň medresede-de, Hywa ilatynyň arasynda-da ýokary göterilmegi azgynlara, körzehin sopulara ýaramandyr. Olar öz aralarynda dilleşip, Magtymgulyny abraýdan düşürmegiň ugruna çykypdyrlar.

Şol döwürde medresede okaýan talyplaryň käbiri ilat arasynda aýlanyp, ýalan-ýaşryk sözleri wagyz edip, iýer-içer ýaly zat ýygnar ekenler. Soňra pynhan ýerde toplanan zatlary orta döküp, meýlis gurap, her hili işler bilen meşgul bolýan ekenler.

[1] Werziş – endik.

Günlerde bir gün, körzehin sopy-ulamalar özara maslahatlaşyp, «meýlislerine» Magtymgulyny hem çagyrmak isläpdirler. Olar şahyry çagyrmak üçin Ärnazar diýen talyby iberipdirler. Ol şahyryň bolýan hüjresine baryp, ulamalaryň çagyrýandygyny aýdypdyr.

Magtymguly şonda bu çakylygy eşitse-de, okap oturan kitabyndan ünsüni sowmandyr. Ärnazar çagyryp gelendigini ikinji gezek aýdanda, ol ulamalaryň «meýlisine» baryp bilmejekdigini aýdypdyr. Ärnazar sebäbini soranda, ol:

– Eý, Ärnazar! Men «meýlisiňize» baryp bilmen, siziň pynhan ýerde oturyp, iýip-içýän zadyňyz biçäre dullar, ýetim-ýesirler üçin toplanan sadakadygyna men gowy düşünýän. Siz ol zatlary gapy-gapy aýlanyp, aldap topladyňyz. Şoňa görä siziň şol «desterhanyňyza», ondaky nazy-nygmata gol uzadyp iýebilmen – diýip, şu şygryny aýdypdyr:

Adam bolsaň, gulak goýgul öwüde,
Alymlar ýanynda söhbet ýagşydyr.
Atarman-çaparman algyr ýigide,
Ýeri gelse aman-nurbat ýagşydyr.

Hemra bolup oturmagyl pis bile,
Poha degseň, beýniň dolar ys bile,
Göwher daşyn ýüzük etseň mis bile,
Gymmaty egsilmez, hormat ýagşydyr.

Zynhar, kast etmegil iýdigiň nana,
Köňlüň haýra bagla, sydkyň – imana,

Hiç azar bermegil bir musulmana,
Ogry ärden, bir dogry it ýagşydyr.

Käşki adam bu dünýäge gelmese,
Gelenden soň ömür sürse – ölmese,
Elden gelen ýagşy işiň bolmasa,
Köňül içre ýagşy niýet ýagşydyr.

Magtymguly, niçik geçse rozygär,
Haka şükr et, barma namarda zynhar,
Ýok döwletden ýegdir, bolsa bir hünär,
Müň hünärden zerre döwlet ýagşydyr.

Ärnazar Magtymgulynyň «Söhbet ýagşydyr» şygryny diňläp, onuň hüjresinde gören-eşiden zatlaryny bolşy ýaly ýoldaşlaryna aýdypdyr. Şundan soň olaryň şahyra bolan göripligi has-da artypdyr. Halys jany ýanan ulamalaryň iki sanysy şahyryň ýanyna gelip:

– Bizi näme üçin beýle masgara edipsiň, biziň üstümizden gülüpsiň – diýip, Magtymgula gyjalat beripdir.

Onda Magtymguly:

– Men hak sözi aýtdym. Eger siziň bar bolşuňyz şu boljak bolsa, häli howlukmaň, siziň bet işler bilen meşgullanýandygyňyz hakda çagalaram aýdym aýdar – diýip jogap beripdir.

# LEBIZ HALAL BOLMALYDYR

Magtymguly örän akylly, alym kişi bolupdyr. Ol köp ýerleri gezipdir, köp zatlary öz gözi bilen görüpdir. Medreseleriň köpüsinde okan şahyr ýatkeş bolupdyr.

Hywada okamak Magtymgula kyn düşüpdir. Emma ylym almaga bolan höwesi ähli zatdan üstün çykypdyr. Ol güzeranyny dolandyrmak üçin okuwdan boş wagtlary mesidir aýakgap tikmek bilen meşgullanypdyr. Şol döwürde hepdede iki gezek Hywa bazary bolar eken. Şahyr her hepdede bir mesi tikip, şol bazarda satar eken.

Medresedäki barly ýerlerden gelen sowatsyz talyplar şahyry erbet görüpdirler. Olar dürli bahanalar bilen şahyry ýanap başlapdyrlar. Şol döwürde Hywada bir dessur bar eken. Her ýylyň baharynda Hywadan beýle bir daş bolmadyk Garaköl diýen ýerde at çapylar eken.

Bir gezek Şirgazy medresesinde okaýan ulamalar hem oňa gitmekçi bolupdyrlar. At çapyşyga Magtymgulyny-da çagyrypdyrlar. Talyplaryň ählisi Garaköle atly gidipdirler. Magtymguly hem birinden eşek alyp, ýola düşüpdir. Ol at çapylýan ýere beýleki adamlardan bir sagat çemesi giç barypdyr. Magtymgulyny nädip masgaralajagyny bilmän ýören ulamalar şahyryň öňünden çykyp:

– Şahyr, at çapyşyga gelmersiňiz öýtdük. Wada wepaly bolup, eşeklije geläýipsiňiz! – diýip, üstünden gülmekçi bolupdyrlar.

Magtymguly:

– Wadada durmak gerek. Lebiz halal bolmalydyr – diýipdir.

Ulamalar pirimleri paşmandan soň, şahyrdan şygyr okap bermegini sorapdyrlar. Magtymguly şol ýerde «Gymmat ýagşydyr» atly şygryny düzüp, ulamalara aýdyp beripdir:

Söwdagärlik kylyp, bazar gezenden,
Alsaň nesihatym, gymmat ýagşydyr.
Hatam bolup, günde gyzyl berenden,
Köňülde edilen hümmet ýagşydyr.

Bir mert ýagşy muhannesiň ýüzünden,
Söweş güni sanjar ganym gözünden,
Her kim tapylmasa aýdan sözünden,
Dine müňkür gelen – ýezit ýagşydyr.

Haýr işin terk edip, bet iş yzlandan,
Dost bolup, dostundan syryn gizländen,
Hudany unudyp, ýalan sözländen –
Segsen, togsan ýaşan arwat ýagşydyr.

Kadyr Eýäm jismimizi bar eden,
Biakyldyr Hak işine ar eden,
Bimahal salynan bozuk köprüden,
Jähennem üstünde Syrat ýagşydyr.

Bäş wagty berjaý kyl, musulman bolsaň,
Bilip ahyretiň gamyny iýseň,
Janyň barlygynda haýyr gazansaň,
Akmaga dünýäniň maly ýagşydyr.

Söz manysy çykar bir ýagşy jaýdan,
Bihabarlar aýra düşer Hudaýdan,
Bäş wagty bilmegen bihabar baýdan,
Ärsiz, pirsiz gezen loly ýagşydyr.

Magtymguly, gördüň ýagşy-ýamany,
Ýalançynyň bolmaz anty-imany,
Bir ak öýe barsaň, almaz myhmany,
Her kimiň öz ili – watan ýagşydyr.

## PITIWASYZ GALAN KITAP

Öňki döwürde kitap çykarmak üçin Hywa kazylaryndan pitiwa almaly eken. Magtymguly hem goşgularyny kitap edip çykartmak maksady bilen, pitiwa almak üçin Hywa gelýär. Kazylar onuň bir kitaplyk goşgularyny alyp galyp:

– Ertir irden gel, netijesini aýdarys – diýýärler.

Ertesi Magtymguly gelende:

– Biz seniň goşgularyňa seredip çykdyk. Sen:

Belent daglar, beýikligňe buýsanma,
Güdazda suw bolan zer dek bolar sen.

Tereň derýa, haýbatyňa guwanma,
Wagtyň ýetse, guryp, ýer dek bolar sen.

Daglaryň arslany, babyr, peleňi,
Muş bile deň bolar pil, peşe jeňi,
Mejmegul-Bahreýniň, Niliň näheňi,
Gulagyna urlan har dek bolar sen.

Kyýamatdan bir söz diýdim baýakda,
Garaw bardyr ýersiz urlan taýakda,
Zalymlar hor bolar, galar aýakda,
Garyp, sen ýyglama, şir dek bolar sen.

Ýagşy bedew münen, hup mahbup guçan,
Bile eltipmidir bakyýa göçen,
Hakykat namartdyr imansyz geçen,
Iman bile barsaň, ner dek bolar sen.

Gerçe nesihatdyr illere sözüň,
Il almazdan owwal tutawer özüň,
Alymlara uýsaň, açylar gözüň,
Jahyllara uýsaň, kör dek bolar sen.

Lukman kibi dertli dermanyn berseň,
Rüstem dek döwleri permana salsaň,
Isgender dek ýeriň ýüzüni alsaň,
Ýere ýegsan bolsaň, ýer dek bolar sen.

Magtymguly, garap sözle daşyňy,
Jaýyn bilip sarp et bolsa aşyňy,

Kämil tapsaň, goý ýolunda başyňy,
Är ardynda gezseň, är dek bolar sen.

– diýip, dünýäniň ozalyndan-ahyryna çenli söz açýarsyň. Heniz işan-mollalaryň aýtmadyk sözlerini aýdýarsyň. Başga bir şygryňda «Pygamber destidir desti atamyň» diýýärsiň. Dini unudypsyň. Şonuň üçin hem seniň kitabyňa pitiwa berip bilmeris – diýip, golýazmasyny öňüne zyňyp goýberipdirler.

Magtymguly bir kitaplyk golýazmasyny ýerden göterip, çaňyny kakyp durşuna:

Zamana, zamana, niçik zamana,
Zamana neýlesin päli ýamana,
Güler ýüz bermeseň gelen myhmana,
Ele taýak alyp uran ýagşydyr.

– diýip, çykyp gidiberipdir.

Şondan soň Magtymguly kitabyna pitiwa almak üçin Buhara gidipdir. Ol Buhara baryp, kazylara kitabyny beripdir. Olar şahyryň eserlerini okap, onuň çuň manyly sözlerine haýran galypdyr. Olar Magtymgula:

– Beýle akylly sözler, dürdäne setirler senden çykjak däl. Muny kimden ogurladyň? Kitap seniňki däl. Şoňa görä eýesiz kitaba pitiwa berip bilmeris – diýýärler.

Şol wagt olaryň biri eli bilen «pul ber» diýip yşarat edýär. Magtymguly onuň yşaratyna düşünip:

4. Sargyt № 531.

Indi bildim zamananyň azanyn,
Ýamanlar ýagşydan gaça başlady.
Pygamber ornunda oturan kazy,
Para üçin elin açа başlady.

– diýip, olary ýazgarýar.

Şeýlelikde, Magtymgulynyň hakykaty aýdýan goşgulary Hywa we Buhara kazylarynyň «göwnünden turmandyr». Şahyryň kitaby pitiwasyz galypdyr. Emma halk onuň goşgularyny ürç edip okapdyr.

## MENIŇ KITABYMY IL OKAR

Bir gezek Magtymguly Buhara baranda, dostlarynyň biri:

– Magtymguly, siziň kitabyňyz türküsowada[1] salynmaýarmy? – diýip sorapdyr.

Magtymguly ol dostuna:

– Men zäherli ýylanlar jynsyndan däl, adam jynsyndan. Şol sebäpdenem meniň kitabymy bu «gerçekler» türküsowada salmazlar – diýip, jogap beripdir.

Dosty Magtymgulynyň bu sözüne düşünmändir. Ol:

– Magtymguly, bu näme diýdigiňiz boldy. Men düşünmedim-le? – diýip sorapdyr.

Magtymguly oňa şeýle düşündiripdir:

---

[1] «Pitiwa goýulmaýarmy?» diýen manyda.

– Allaýar töre (sopy Allaýar) kyrk ýaşyna barýança Buhara emiriniň köşgünde adam ýençýän rehimsiz töre bolup oturdy. Zulum-kündelikde onuň dabarasy bütin obany titretdi.

Bir gün ol öz zulmatynyň ýedi asmana göterilendigini bilip, köşkden gitdi. Günäsini ýuwmak üçin bir pire sopy boldy. Ol hem Allaýara süýjüden horaz ýasap, köşgüň gapysynda oturyp satmagy buýran. Allaýar töre köşgüň işiginde horazjyklary satmaga başlan.

Bir gün köşk töresiniň ol döwürde gedaýçylykdanam ýaman görülýän käre baş goşandygyny Buhara emiri eşidipdir. Ol: «Allaýar meniň köşgüme ençeme ýyllar töre bolup oturdy. Indi meniň köşgümiň gapysynda oturyp, şeýle kär edýän bolsa, ol meni masgara etjek bolýandyr» diýip, ony ülkesiniň möý, içýan, zäherli ýylanlaryň höküm sürýän ýerine eltip taşlamagy buýurdy. Ony eltip taşlan batlaryna ýylan, içýan, möý çakyp öldürer öýtdüler. Emma zäherli ýylanlar oňa degmediler, gaýtam, Allaýar töre bilen höwrügişip, toparlanyşyp bile gezmäge başladylar. Garga garganyň gözüni çokýarmy näme?! Allaýar töre bolsa:

Şumlugym – ryswalygym,
Degdi welaýat halkyga.
Şonuň üçin dagy-daşy –
Çöli kyldym ygtyýar.

– diýip, soňky tüýkülik bilen sakgal ezdirjek boldy.

Ynha, meniň «Zäherli ýylanlaryň jynsyndan däl ahyry» diýmegimiň manysy.

Goý, sopy Allaýaryň kitabyny türküsowatda medresede okabersinler. Meniň kitabymy halk okar. Men halk üçin ýazdym.

## ŞYGYR BÄSLEŞIGI

Magtymguly Hywada Şirgazy medresesinde okap ýörkä, hywaly şahyrlar häli-şindi şygyr bäsleşigini geçiripdirler. Şygyr bäsleşiginde şahyrlar täze ýazan şygyrlaryny okapdyrlar, şygryýet hem şahyrlar hakda edebi söhbet edipdirler.

Bir gün hywaly şahyrlar Magtymguly barada eşidip, ony bäsleşige çagyrypdyrlar. Magtymguly çakylygy höwes bilen kabul edipdir. Ol hywaly şahyrlaryň şygyrlaryny üns bilen diňläp, olaryň berekellasyny ýetiripdir. Hywaly şahyrlar:

– Myhman şahyr, siz hem birki şygryňyzy okap berseňiz! – diýip, Magtymgula ýüzlenipdirler.

Magtymguly:

– Baş üstüne! – diýägede, «Meýdan ýoluksa» atly şygryny aýdypdyr:

Bedew ölse, meýdan galar armanly,
Hak yşkyna at sal meýdan ýoluksa,
Är ölejek, heňňam galar döwranly,
Wagtyňy hoş geçir, döwran ýoluksa.

Ýigit bardyr sözün tapmaz, surrudar,
Ýigit bardyr demi daşlar erider,
Jaý ýerinde gaýra galsa garrydar,
Goç ýigidiň aty çaman ýoluksa.

Işi dürs gelmez köňül çenine,
Dodagyny dişläp, «ah» diýr zenine,
Ýylan zähri bolup ýaýryr tenine,
Ýigit garryr hatyn ýaman ýoluksa.

Ýüz namart ýerini tutmaz bir merdiň,
Mert çeker täsibin iliň – ýurduň,
Bitiren işin, gör, gedem namardyň –
Jeňdir diýip gaçar duman ýoluksa.

Magtymguly, öwüt bergin söz bile,
Eşiden deň bolmaz, gören göz bile,
Mert çykar myhmana güler ýüz bile,
Namart özün gizlär myhman ýoluksa.

Hywaly şahyrlar Magtymgulynyň şygyrlaryny diňläp, oňa aperin aýdypdyrlar. Magtymguly täze dost tapanyna begenipdir. Magtymguly hywaly şahyrlar bilen häli-şindi şygyr okaşyp, şirin söhbet edişipdir.

# San bolsam

Başga bir güni Magtymguly şygyr bäsleşiginde «San bolsam» diýen şygryny aýdypdyr. Şygyr şahyrlara düýpli täsir edipdir. Magtymgulyny höwes bilen diňläp:

– Hezreti Magtymguly, siz:

Abu Seýit, Omar Haýýam, Hemedany,
Ferdöwsi, Nyzamy, Hapyz perwany,
Jelaleddin Rumy, Jamy elwany,
Olarnyň jaýynda menem kän bolsam.

«Damegandan» ýörgen ussat Nowaýy,
«Çar diwany», «Perhat–Şirin», rubaýy,
Zahyreddin Babyr «Mizan-öwzany»,
Gaşlaryna baryp, men Mejnun bolsam.

Okap bildim Sagdynyň men «Bossanny»,
Gör, ne ajap Hakanynyň «Mediany»,
Islär men «Şanama», «Sakynamany»,
Halyf Omar bilen Süleýman bolsam.

– diýip, halypalara uly sarpa goýýarsyňyz. Eger siz hezreti halypamyz Nowaýy häzir diri bolanda näme ederdiňiz? – diýip sorapdyr.

Magtymguly säginmän:

– Halypam Mir Alyşir diri bolanda, men ondan jylawdarlygy dilärdim. Atynyň jylawyndan tutup,

üzeňňisini ogşardym. Elini ýuwduryp, öňüne saçak ýazsam, özümi jennetde diýip bilerdim – diýipdir.

Gündogaryň şygryýet äleminde meşhur bolan iki söz ussadynyň sylag-hormatyny wasp edýän bu waka tizara rowaýata öwrülip, Hywa ýaýrapdyr.

## BEÝLEKI KITAPLARY HIÇ KIM OKAMAZ

Hywa medreseleriniň biriniň talyplary Magtymgulynyň eserleriniň medreselerde okadylmagyny ahunlaryndan talap edipdirler. Şonda ahun Hywanyň işan-mollalaryny ýygnap, bu meseläni maslahata goýupdyr. Olar maslahatynda «Magtymgulynyň eserleri medreselerde okatmaga nälaýyk» diýen netijä gelipdirler.

Ruhanylar: «Magtymgulynyň talyplaryň ýüreginden turýan eserleri medreselerde okadylsa, beýleki kitaplary hiç kim okamaz» diýip gorkupdyrlar.

## HYWA HANYNYŇ HUZURYNDA

Magtymguly goşgularyna pitiwa almak üçin golýazmasyny Hywa hanynyň ulamalaryna berýär. Olar goşgulary okap, manysyna düşünmändirler. «Magtymgulynyň kitabyna pitiwa

berip boljak däl» diýip, şahyry hana ýamanlapdyrlar. Han olaryň sözüne ynanyp, şahyryň golýazmasyna pitiwa bermändir. Ahyry Magtymguly şol mesele boýunça hanyň ýanyna barypdyr.

Başga adamlar hanyň ýanyna baranda, gol gowşuryp, tagzym edip barýan eken. Magtymguly bolsa tagzym etmän, eli bilen gulagyny tutup oturyberipdir. Han şahyryň bolşuna geňirgenip:

– Näme üçin gulagyňy tutup otyrsyň? – diýip sorapdyr.

Magtymguly:

– Siz uly iliň hany, ony özüňiz bilersiňiz – diýipdir.

Han köp pikirlenipdir. Emma şahyryň näme üçin gulagyny tutup oturandygyny bilmändir. Soň ol wezir-wekillerini, ulamalaryny, gurrandazlaryny çagyryp, onuň sebäbini sorapdyr. Olar hem bilmändirler.

Han çalasowatly emeldarlaryna gaharlanyp, ahyryn Magtymgulynyň özüne ýüzlenipdir:

– Hany, onda özüň düşündir!

Magtymguly:

– Siz meniň golýazmamy okaman, görmän, ulamalaryňyzyň sözüne ynanyp, oňa pitiwa bermänsiňiz – diýipdir-de, «Meýdan ýoluksa» goşgusyny aýdypdyr.

# ÝERLIKLI JOGAP

Günlerde bir gün, Hywa hany ähli wezir-wekillerini ýygnap:

– Rast bilen ýalanyň arasy näçe menzil ýol? – diýip, olardan soragyň jogabyny talap edipdir.

Köşk emeldarlary oýlanyp, her haýsy bir zat diýipdir. Olaryň birnäçesi: «Rast bilen ýalanyň arasy ýüz ýyl» diýen, başga biri: «Rast bilen ýalanyň arasy müň ýyl» diýen. Garaz, her kim agzyna gelen zady aýdan.

Bu aýdylanlaryň hiç biri hanyň göwnünden turmandyr. Gaýtam, onuň gahary gelip, wezir-wekillerine käýäpdir:

– Köşkde bolup, bilýän zadyňyz ýok. Baryň, medresedäki oglanlary çagyryp geliň. Belki-de olaryň arasynda biljegi tapylar – diýipdir.

«Han gazabyndan nähili syparkak» diýip duran wezir-wekiller haýal etmän, oglanlary hanyň ýanyna getiripdirler.

Han bulara hem hälki soragyny beripdir. Oglanlar soraga nähili jogap berjegini bilmändirler.

Han:

– Häý, biderek kätipsumaklar, çykyň şu ýerden! Sizden garaşýan tamam hem şeýledi – diýip, oglanlary köşkden kowupdyr.

Hanyň gysgysyna çydamadyk oglanlar medresä ýakyn gelende, Magtymguly düýesini çökermekçi bolup duran eken. Handan gaty gorkan oglanlar ýerli-ýerden ylgap gelip, Magtymguly bilen görşüpdirler.

Magtymguly Etrekden getiren ir-iýmişini orta döküpdir. Obalarynda gören-eşidenleri hakda olara gyzykly gürrüň beripdir. Öňki gaýgy-gam, horluk, hemmesi ýatdan çykypdyr.

Oglanlar gaýtjak wagty, şahyr:

– Göwnüme bolmasa, ýaňy men gelemde hemmäňiz gamgyndyňyz. Men ýok wagtym näme boldy? Ölen-ýiten barmy? – diýip soraýar.

– Ýok, saglyk.

– Onda nä gep?!

– Eý gadyrdan, bolan wakanyň näsini soraýaň. Bu gün bizi han çagyrdy... – diýip, kätipleriň biri bolan wakany şahyra aýdýar.

Olar:

– Şahyr, hanyň soragyna özüň jogap tapaýmasaň, biz-ä masgara bolandyrys – diýip ýüzlenýärler.

Magtymguly razy bolýar. Bu habar hana ýetýär. Han şahyry köşge çagyrýar.

Magtymguly:

– Rast bilen ýalanyň arasy uzak däl. Ol ýol bolup bilse dört barmak uzaklykdaky ýoldur – diýip, sag eliniň barmagyny gulakçekgesine ýetirýär.

Han muňa düşünmeýär. Şonda Magtymguly «Eşiden deň bolmaz gören göz bilen» diýen goşgusyny aýdyp:

– Kim-de kim eşitmedik zadyna görä iş etse, ýürek gabardar, jan awadar. Bu hakykat däldir. Öz gözi bilen görüp iş etse, ýürek gabarmaz, jan hem agyrmaz. Bu hakykat bolar – diýip hana aýdýar.

Han bilen wezir-wekiller şahyryň ýerlikli jogabyny eşidip, onuň zehinine haýran galýarlar. Han:

– «Altyn daşdan çykar, akyl başdan» diýenleri-dä – diýip, tagtdan düşüp, Magtymgulynyň ýanyna gelýär. Onuň egnine kakyp:

– Berekella, beýik akyldar! Seniň bu aýdanlaryň meniň tüýs göwnümden turdy. Sen biziň köşge mynasyp adam ekeniň. Ine, sen indi biziň ýanymyzda bolmaly. Me, bu-da saňa bizden serpaý – diýip, ýüpek hywa donuny onuň egnine ýapýar.

Magtymguly hanyň teklibine birbada jogap berip bilmeýär, çünki bu wagtlar türkmenleriň agyr günleri, çekilen horluklar, nähak dökülen ganlar onuň göz öňünden ýekän-ýekän geçip başlaýar. Ol häzir özüniň nirede durandygyny duýup:

– Men şu wagt hiç zat aýdyp biljek däl. Atama bir geňeşip göreýin. Ol göwnese, razylygymy şondan soň aýdaýyn – diýip, daşary çykýar.

Ýoldaşlary onuň ýerlikli jogabyndan örän hoşal bolup, şahyry mähirli gujaklapdyrlar.

## HERNE GALSA, ADAT GALSYN

Magtymgulynyň Şirgazy medresesini gutaryp, dogduk ýurduna gitjekdigi baradaky habar ilki Hywa ýyldyrym çaltlygynda ýaýrapdyr. Soňra Ürgenje, derýanyň gaýrasyndaky türkmen obalary Şymama, Emirabada, Kelteminara, Misgine,

Akbaşla, Akgamyşa, Bezirgene ýetipdir. Ol döwürde bu ýerlerde Magtymgulyny diňlemedik adam az eken. Her kim Magtymgulyny görjek, onuň göwne melhem beriji sesini eşitjek. Şu niýet bilen adam bary eşekli, atly, düýeli Hywa tarap ýola rowana bolupdyr.

Bu habar Hywa hanyna hem baryp ýetipdir. Han Magtymgulynyň şygyrlaryny köp gezek diňläpdir. Onuň bilen şirinden-şirin söhbetdeş bolupdyr. Magtymgulynyň ady şahyr Hywa gelenden rowaýata öwrülipdir. Han Magtymgulyny sylapdyr. Şahyryň at-owazasynyň, gadyr-gymmatynyň diňe türkmenleriň arasynda däl, eýsem, özbekleriň, gazaklaryň, garagalpaklaryň arasynda hem arzylydygyna belet han hezretleri wezir-wekillerini köşge çagyryp:

– Türkmen şahyry Magtymguly medresäni gutaryp, ýurduna gaýtjakmyş. Magtymguly akyldar şahyr. Il içinde mertebesi belent. Biz şeýle akyldarlar bilen gatnaşykda bolsak, ýurdumyz abadan, köňlümiz şat bolar. Her anna güni Magtymguly baş metjitde namaza durýarmyş. Biz hem metjide baryp, Magtymguly bilen hoşlaşaly – diýipdir.

Han hezretleriniň anna güni metjide baryp, Magtymguly bilen hoşlaşjakdygy baradaky habar tutuş Horezme ýaýrapdyr. Taňrynyň jaýynyň gapysy hemme üçin açyk. Magtymgulyny görmäge gelen agyr märeke, Hywanyň halky baş metjide üýşüpdir. Metjide adam sygman, daşynda durupdyrlar. Halk Magtymgula metjidiň öňki hataryndan ýer beripdir.

Anna güni han hezretleri Magtymguly bilen hoşlaşmak hem-de söhbetdeş bolmak üçin baş metjide gelipdir. Han namazdan soň, Magtymguly bilen söhbet edipdir. Han türkmen-özbek halkynyň dogan hem dost halkdygy barada aýdypdyr. Häzir halklaryň dostlugyny bozjak bolýan handyr serdarlaryň bardygyny aýdyp, Magtymgula köşkde galmagy teklip edipdir. Şahyr razylyk bermändir. Ol hanyň ýanynda duran ýerinde metjit bilen hoşlaşyp:

Magtymguly öter gider,
Maksadyna ýeter gider,
Ýalançyda bir iş biter,
Herne galsa, adat galsyn,
Yslam öýüň abat galsyn.

– diýip gutarýan şygryny aýdypdyr.

Ertesi hywalylar Magtymgulyny Şabada çenli ugradypdyr.

## NE PEÝDA

Magtymguly Şirgazy medresesinde okap ýörkä, Hywa hany şahyry ýanyna çagyryp, birnäçe gezek onuň goşgularyny diňläpdir we köşk şahyry bolmagyny teklip edipdir. Şahyr her gezek dürli bahanalar bilen hanyň teklibinden boýun gaçyrypdyr.

Haçanda şahyryň Şirgazy medresesinden gitjek habary hana baryp ýetende, ol uly alada galypdyr. Öň Magtymgulyny ýamanlap gelen ulamalary köşge çagyryp käýäp, şahyry Hywada alyp galmagyň ýoluny ymykly agtaryp başlapdyr. Munuň esasy sebäbi-de şahyryň at-abraýynyň diňe türkmenleriň arasynda däl-de, Hywa ilatynyň – özbekleriň arasynda hem belent tutulmagy bolupdyr. Han muny aňyp, şahyrdan peýdalanmak isläpdir. Onuň üsti bilen dag etegindäki türkmen tirelerini özüne tabyn edip, günbatar serhedini pugtalandyrmagy ýüregine düwüpdir.

Ol şu niýet bilen öýüne gitmäge taýýarlyk görüp ýören Magtymgulyny ýanyna çagyryp:

– Şahyr, sen biziň köşge mynasyp adam. Bu ýerde köşk şahyry bolup gal – diýip, talap edipdir.

Magtymguly hana oňat düşünipdir. Ol bu gezek bahana agtarman, Hywa medreselerinde dowam edip gelýän ýaramaz ýagdaýlary oňa aýdyp, köşkde galyp bilmejekdigini duýdurypdyr. Şahyr sözüniň soňunda atasy Döwletmämmet Azadynyň näsaglygy hakdaky Etrekden gowşan habary hem aýdyp, dogduk mekany, mähriban atasy ýadyna düşüp, «Gider sen» goşgusyny hana okap beripdir:

Panydan bakyýa göç-hä göç bolsa,
Telmuryban, baka-baka gider sen.
Ajal jamyn berip, iç-hä iç bolsa,
Jan ajygyn çeke-çeke gider sen.

Oglanlaryň durar zary-girýana,
Egsikler saç ýaýar, düşer lerzana,
Malyň kysmat bolup girer talaňa,
Eliň ýuwup, çyka-çyka gider sen.

Mal üçin ynjydyp gardaş-doganyň,
Az bildiň tylladan satyp-sowanyň,
Paýlaşarlar halal-haram ýyganyň,
Sen azabyn çeke-çeke gider sen.

Bu dünýäden barsaň, ol dünýä, gardaş,
Näler görejekdir bu şum gara baş,
Haýyr gazan, bolar ýanyňa ýoldaş,
Ýogsa gabra ýeke-ýeke gider sen.

Adam ogly ýada salsa asylyn,
Kaza goýmuş ajal atly masylyn,
Aklyň bolsa kyýamatyň hasylyn,
Bu dünýäde eke-eke gider sen.

Jahanda görkezer gudrat işleri,
Ganatyň kuwwaty galdyr guşlary,
Ýigitligiň zory syndyr daşlary,
Kyrkdan aşdyň, çöke-çöke gider sen.

Magtymguly, düşdüň yşkyň güzerne,
Kim bar sözletmäge eltip nazarna,
Hiç rowaç tapmadyň sözüň bazarna,
Hyrydarsyz, döke-döke gider sen.

Magtymguly köşkden gidenden soň, han emeldarlaryny ýygnap, şahyry nähili-de bolsa, Hywada alyp galmagyň maslahatyny edipdir. Ýaşulularyň biri:

– Han hezretleri, şahyry bu ýerde alyp galmak üçin onuň Etrekdäki dogan-garyndaşlaryndan birentegini öz welaýatyňyza göçürip getirmek gerek. Şeýtseňiz, Magtymguly Hywada galar – diýip, maslahat berýär.

Ýaşulynyň maslahaty hana ýaraýar. Ol Magtymgula bildirmän, nökerlerini Etrege, Gürgene iberip, şahyryň obadaşlaryndan we oňa ýakyn adamlardan bir toparyny ýesir edip, Köneürgenç etrabyna göçürip getirdýär. Olara ýer berýär, medrese salyp berýär.

Soňra han Magtymgulyny ýene ýanyna çagyryp:

– Ine, men siz üçin ýer-suw berdim, medrese salyp berdim. Eger sen köşkde galmajak bolsaň, şol ýerde öz halkyň arasynda ýaşaber – diýip, eden «ýagşylygyny» oňa adýar.

Şondan soň şahyr göçürilip getirilen gökleňleriň hal-ahwallaryny soramak üçin Hywadan Köneürgenje gidýär. Göçürilip getirilenleriň arasynda Magtymgulynyň daýylaryndan Baba gökleň bilen Myrat Körhan hem bar eken. Şahyr olaryň ýanyna baryp, gökleňleriň ýagdaýyny soraýar. Hanyň gökleňlere beren ýeri beýik bolup, suw çykman, halk gaty horlanýan eken. Olaryň hor-homsy durmuşyny gözi bilen gören şahyryň sabyr käsesi dolýar. Magtymguly şol ýerde gökleňleriň agyr durmuşyna göz aýlap:

Kerbela çölünde çöllük möwç ursa,
Daglarda şarlaşan silden ne peýda.
Bilbil ýesir galsa, Mugan çöllerde,
Baglarda açylan gülden ne peýda.

– diýip başlanýan «Ne peýda» diýen şygryny düzýär.

Magtymguly şol ýerden çalt yzyna gaýdyp, hana «Ne peýdany» okap berýär we köşkde galmajakdygyny çürt-kesik aýdýar.

Şeýdip, şahyr dogduk mekanyna gaýdypdyr.

Hanyň Köneürgençde saldyran Gökleň medresesi häzir hem bar. Halk gürrüňlerine görä, Zelili şahyr şol medresede okapdyr.

## HYWA KÖÇESINDE

Magtymguly Hywadaky Şirgazy medresesinde okap ýörkä, şäher köçeleriniň birinden bir ýana barýan eken. Şonda hanyň ýasawullarynyň birtopar ýesiri gamçylap, sürüp barýanyny görýär. Magtymgulynyň ýesirlere rehmi inýär. Şahyr duran ýerinde, olara göwünlik berip:

Gyýmazlykdan bir söz diýdim baýakda,
Garaw bardyr ýersiz urlan taýakda,
Zalymlar har bolar, galar aýakda,
Garyp, sen ýyglama, şir dek bolar sen!

– diýip başlanýan goşgusyny düzýär.

5. Sargyt № 531.

# AKYL HAZYNASY

Magtymguly Hywada okanda hanlygyň her hili işlerine şaýat bolupdyr.

Şahyry ähli halk gowy görüpdir. Olar Magtymgulyny toý-meýlislerine çagyryp, onuň goşgularyny hezil edip diňläpdirler. Hana ýakyn käbir emeldarlar bolsa, Magtymgulyny erbet görüp, onuň kastyna çykypdyrlar.

«Ýamandan ýagşylyga garaşma» diýenleri. Olaryň bet niýetine hem bir gün sebäp tapylypdyr.

Günlerde bir gün, ýerli adamlar şahyry myhmançylyga çagyryp, derýanyň gaýrasyndaky gadymy Şymam obasyna getiripdirler. Oba adamlary Magtymgulyny ondan-oňa myhmançylyga äkidip, hezzet-hormat edipdirler, gadymy Amyderýanyň akýan ugruny, Kyrkgyzy, Aýazgalany, Güldürsini, Ýanbaşgalany, Bezirgeni, Misgini, Kelteminary, Emirabady, Abu Reýhanyň önüp-ösen ýerlerini görkezipdirler. Şahyr medresede ders berýän halypasyndan iki günlük rugsat alan eken. Ýadygärliklere tomaşa edip ýörşüne bir hepde obada galmaly bolupdyr. Şu hem «Şahyrdan nädip dynyp bolarka?» diýip ýören zalym emeldarlara tutaryk bolupdyr. Olar hanyň ýanyna baryp:

– Han hezretleri, Magtymguly türkmen derýadan aňry ötüp, siziň raýatyňyzdaky halklary azdyrýarmyş. Şu şahyrdan öňde-soňda bize aklyk ýok. Oňa berk temmi bermek gerek – diýip ýamanlapdyrlar.

Han myhmançylykdan ýaňy gelen şahyry köşge çagyrdypdyr. Magtymguly hanyň ýanyna barýarka,

ýasawullaryň bir daýhany minaradan taşlajak bolup duranlaryny görüp, aýak çekipdir. Ol:

– Bu bendäniň ýazygy näme? Günäsi agyr bolmasa, ganyna galmaň! – diýip, ýasawullara töwella edipdir. Olar:

– Bu betbagt jan salgydyny tölemändir. Han hezretleri «Göz üçin minaradan aşak taşlaň» diýip höküm etdi. Han hökümi biziň üçin kanun – diýip, daýhany minaradan aşak taşlapdyrlar.

Donuna ýel düşüp, bir sebäp bilen ol ölmän galypdyr. Ýasawullar ony ýene minaradan aşak taşlajak bolupdyrlar. Olaryň wagşy hereketine çydamadyk şahyr ara düşüpdir:

– Han buýrugy berjaý boldy. Indi bu bendä azar bermäň!

– Ýok, muny öldürmesek, han sözümize ynanman, bizi öldürer.

Magtymguly ýasawullary han duzagynda tutmakçy bolupdyr:

– Size han «minaradan taşlaň» diýipdir. Siz ony berjaý etdiňiz. Çagalarynyň bagtyna bendäniň jany berk eken, ölmän galdy. Han jezasy bir bolýandyr. Ikinji gezek jeza berseňiz han buýrugyny bozdugyňyz bolar.

Ýasawullar bu sözi eşidip, iki oduň arasynda galypdyrlar. Ahyry maslahat edişip: «Dogry aýdýar-da, dogry aýdýar» bolşup, daýhany hossarlaryna berip, köşge gidipdirler.

Magtymguly hanyň ýanyna baryp, bolan işi aýdypdyr. Öňden içi güjükli han şahyryň sözüni eşidip,

gazap donuna giripdir. Ol: «Jellat!» diýip gygyrypdyr. Şu pursatda şahyryň öz janyna haýpy gelmändir. Ol garyba, onuň çagalarynyň ýetim galyp, hor-homsy güne düşjegine gynanypdyr. Şahyr çykalga agtarypdyr. «Agtaran tapar» diýenleri. Magtymguly ahyrynda dini hana garşy ýarag hökmünde peýdalanmagy ýüregine düwüpdir. Ol hana «Güzeşt eýle» diýen şygryny okap beripdir:

Eý, Kerimi-kärisaz,
Günähim güzeşt eýle.
Eý, Rahymy-çäresaz,
Günähim güzeşt eýle.

Ermese kerem Senden,
Gitdi ygtyýar menden,
Jürmüm çykardym çenden,
Günähim güzeşt eýle.

Ýüz gam birle tende jan,
Isteýir Senden aman,
Pazlyň birle, ýa, Suhan,
Günähim güzeşt eýle.

Gerçe oldum günäkär,
Setr eýle aýbym, Setdar,
Kerem eýle, ýa, Gapbar,
Günähim güzeşt eýle.

Lutfuňy yzhar eýleý,
Köňlümi karar eýleý,
Towfykyňy ýar eýleý,
Günähim güzeşt eýle.

Akyl ýetmez zatyňa,
Pikr ermez sypatyňa,
Birligiň hormatyna,
Günähim güzeşt eýle.

Mäligi-mahluk, her ne,
Kim ýetdi sunguň syrna,
Üç müň ismiň hatyrna,
Günähim güzeşt eýle.

Biz biçäre ymmatyň,
Ymmaty-Muhammetiň.
Hormatyna Ahmediň,
Günähim güzeşt eýle.

Sunguň düşüp şowkuna,
Etdiň Ahmet zowkuna,
Asman, zemin hakyna,
Günähim güzeşt eýle.

Sahylar yhsany çün,
Şehitleriň gany çün,
Jünbendeler jany çün,
Günähim güzeşt eýle.

Saňa bakan ýüzler çün,
Sen diýp ýyglan gözler çün,
Hamdyň okan sözler çün,
Günähim güzeşt eýle.

Gökde ýyldyz hormaty,
Ýerde nowruz hormaty,
Gije-gündiz hormaty,
Günähim güzeşt eýle.

Belent daglar hakyna,
Çölde gyrlar hakyna,
Ýerler, suwlar hakyna,
Günähim güzeşt eýle.

Senden bolmasa haraý,
Bu meniň halymga, waý,
Pyragy diýr, ýa, Hudaý,
Günähim güzeşt eýle.

Han şygry diňläp, şahyryň zehinine aňk bolupdyr. Göwni ýumşapdyr. Ol tagtdan düşüp:

– Men akyly kem emeldarlaryň sözüniň çöplüdigini duýýardym. Şeýle-de eken. Sen-ä bir akyl hazynasy ekeniň. Hazyna hanlyga ýaraşýandyr. Şeýle dana sözleri wagtal-wagtal okap ber. Özüň bilen garybam ölüm jezasyndan halas etdiň. Han jezasy bir bolýandyr – diýip, sözüni jemläpdir.

Şeýdip, Magtymguly özüni we garyp daýhany ölümden halas edipdir.

## ÝAT BOLAR

Magtymguly Şirgazy medresesinde okap ýörkä, yzyndan kömek alman, öz gününi özi görmeli bolupdyr. Okap ýören talyplaryň köpüsiniň yzyndan halat, pul, iýmek-içmek üçin azyk geler eken. Şoňa görä olaryň sözleri geçginli bolupdyr. Olar garyp-gasarlary äsgermez ekenler.

Bir gezek Magtymguly bazara baranda pukara halkyň gözgyny durmuşyny gözi bilen görüpdir. Müňlerçe garybyň agyr gününe, gören horluklaryna ýüregi awan şahyr:

Muhammet ymmaty malsyz bolmasyn,
Malsyz bolsaň, dogan-gardaş ýat bolar.
Gaçar agaň, iniň, bolmaz hatyraň,
Guwanar duşmanyň, dostuň mat bolar.

– diýen goşgusyny aýdypdyr.

## BIZI RYSWA EDER

Magtymgulynyň ýaşan döwründe gökleňler daglaryň, baýyrlaryň üstüne düme ýazlyk eker ekenler. Ýyl gurak gelse ilat açlykdan horlanar eken.

Bir ýyl Hywa gidýän kerwenler bilen Magtymgulam öz düýesini iberipdir. Ýolda hanyň birtopar

nökeri kerweni talapdyr. Adamlar: «Oba boş baranymyzdan ölenimiz gowudyr» diýip, göni hanyň huzuryna arz etmäge barypdyrlar. Olar bolan wakany hana aýdypdyrlar. Haçanda kerwenbaşy talanan düýeleriň biriniň Magtymgulynyňkydygyny aýdanda, han dergazap bolup, nökerlerini çagyrypdyr. Han olara:

– Gökleňleriň kerwenini talasak, olaryň Magtymgulusy goşgy ýazyp, bizi ryswa eder. Derrew mallary galladan ýükläp, ýurduna goýberiň – diýip buýruk beripdir.

Hanyň buýrugy berjaý edilip, kerwen sag-aman yzyna gaýdyp gelipdir.

## Ökünç

Magtymguly bir sebäp bilen Hywa gidipdir. Magtymguly bilen bir wagtlar medresede bile okan bir adam bolsa, onuň Hywa gelenini eşidip:

– Magtymguly gelipdir diýýärler welin, göreniňiz-ä ýokdur? – diýip, üýşüp oturan märekä ýüzlenipdir. Onda oturanlaryň arasyndan biri:

– Gelse gelipdir-dä, ol bir gezip ýören köpekdir-dä – diýipdir.

Muny gaty gören Magtymgulynyň tanşy oňa kelam agyz zat diýmändir.

Magtymguly Hywa barandan soň, saý-sebäp bilen bir öýe myhman bolupdyr. Öý eýesi Magtymgula bolanja zady bilen hezzet-hormat edipdir. Mag-

tymguly ojagyň daşyna tegelenip oturan üç-dört sany ýarym-ýalaňaç çagalara gözi düşüp, olara rehimi inipdir. Ol ýanynda barja oduk-buduk zatlaryny öý eýesine berip, gaýtmakçy bolupdyr.

Emma öý eýesi almajak bolup, garşylyk görkezse-de, Magtymguly bolanja zatlaryny goýup ugraberipdir.

Onda öý eýesi:

– Myhman, azajyk duruň! Siziň adyňyza kim diýerler? – diýip sorapdyr.

Myhman yzyna öwrülip:

– Bize Magtymguly diýerler – diýip, öz ýoly bilen gidiberipdir.

Öý eýesi onuň Magtymguly diýen sözüni eşidip, bir hili bolupdyr.

Ol adam şol märekäniň içinde Magtymgula «Ol bir gezip ýören köpekdir-dä» diýen adam eken. Ol özüniň şol diýen sözi üçin ökünip, aňyrsyna çykyp bilmändir.

## NÄBILSIN

Magtymguly Etrek töwereginden gelip, Marynyň üsti bilen geçip barýarka, bir pukaranyň öýüne myhman bolýar. Magtymgulynyň gelenini eşiden oba adamlary şahyry görmäge we şygyrlaryny diňlemäge ýygnanýar. Magtymguly bulara ýazan şygyrlarynyň birnäçesini aýdyp berýär.

Şahyryň gulaga ýakymly owazyny, çuň manyly şygyrlaryny diňlän oba adamlarynyň göwni göterilýär. Magtymgulynyň dürdäne sözlerini öz agzyndan eşidip haýran galýarlar.

Magtymguly ötenden-geçenden gürrüň berip otyrka, bir adam gyşaryp ýatan ýerinden turup:

– Magtymguly aýdylyşyndan hem beter akyldar adam eken. Oraz baý baýak bir üýşmeleňde «Magtymguly hakdan içen däldir, ol ýöne bir çanak aýran içäýen şahyrlardandyr» diýipdi welin, onuň aýdan zatlary biderek ekeni. Asyl Magtymguly hakynda aýdylýan öwgüler heniz hem bärden gaýdýar ekeni – diýipdir.

Onda Magtymguly:

– Maly köp zehinsiz adamlardan başga näme tama etjek. Iki atyň iýmlik arpasyny deň bölüp bilmeýän, eşek ýatakdan aňryny saýgarmaýanlardan näme tama etjek?! – diýip, «Näbilsin» diýen goşgusyny şol ýerde döredip, oturanlara aýdyp beripdir:

Öz gadryny özün bilmez adamdan,
Aňlamaz ol, a:m-u hasy näbilsin.
Ne tama bar hamr içen gedemden,
Buzahor ýagşyny, ýasy näbilsin.

Ýamana ýagşy söz ýokmaz, taşlanar,
Aňlar äriň aňlamasy güýçlener,
It ýalyn topraga dökseň hoşlanar,
Topragy, tabagy, tasy näbilsin.

Butparaz müň kylsa roza-namazy,
Oňa nesip bolmaz behişdiň ýazy,
Älemi göterse ebriň owazy,
Eşitmez, ker pakyr sesi näbilsin.

Diňle sözüm, ner zarbyny ner tanyr,
Har bakan har tanyr, mähek zer tanyr,
Eý, ýaranlar, är ýigidi är tanyr,
Namartlar ýagşyny, pisi näbilsin.

Magtymguly aýdar, sözlerim hakdyr,
Emma ki hak söze ten beren ýokdur,
Bir gözli diýmese, garadyr, akdyr,
Kör pakyr kümüşi, misi näbilsin.

## MAGTYMGULY WE NURY KAZYM

Nury Kazym ibn Bahr diýen alym, günlerde bir gün, Buhara medreselerinde okaýan talyplaryň arasynda dörän bozuklygy halaman, Yspyhana gaýdýar.

Birnäçe wagt geçenden soň, Magtymguly hem Buhara medresesini taşlap, ähli türkmen ilatynyň üstüni syryp, öz ýurduna gelýär. Soňra ökde alymy yzarlap, Eýrana gidýär. Ol pars dostlarynyňkyda myhman bolýar. Dostlary öz aralarynda galmagy Magtymguludan haýyş edýärler. Emma ol özüniň ýolagçydygyny aýdyp, olar bilen hoşlaşýar.

Magtymguly ilki gadymy Yspyhan şäheri bilen tanşyp, sorag-ideg bilen Nury Kazymy tapýar. Ondan köp zatlary öwrenýär.

Bular türkmen halkynyň erkinligi hakynda maslahatlaşyp, Owganystanyň Käbil (häzirki Kabul) şäherine gelýärler. Bu ýerde birnäçe wagt bolanlaryndan soň, Hindistana ugraýarlar. Olar baryp, Hindistanyň köp ýerleri bilen tanyşýarlar, meşhur Babyl guýusy hakynda soraşýarlar. Penjap sebitlerini gezýärler.

Dostlar Hindistanda bir ýyl üç aý bolanlaryndan soň, ýene Käbil şäheriniň üsti bilen geçip, Özbegistanyň Andijan, Margelan şäherlerine gelýärler.

Köp ýurtlary gezenlerinden soň, bular ahyrda Horezme barýarlar. Bu ýerde Hywa hany – Ilbars hanyň zulumy astynda ilat gaty horlanýan ekeni.

Şol ýerdäki türkmenler Magtymguludyr Nury Kazymyň öz ýurtlaryna gelmeklerine gaty begenýärler. Şular ýaly abraýly adamlaryň ilaty zulumdan gutarmak barada edýän işlerine minnetdar bolýarlar. Şahyryň göwün galkyndyryjy şygyrlaryny diňläp, oňa minnetdarlyk bildirýärler.

Şondan soň, Nury Kazym bilen Magtymguly maslahat edip, Hywanyň meşhur Şirgazy medresesinde galýarlar.

Magtymguly Şirgazy medresesine girende otuz bäş ýaşynda eken. Şirgazy medresesinde öň diňe barly adamlaryň perzentleri okadylýar eken. Bular bu ýerde galanlaryndan soň, ol medresä Arkaç sebitlerinden hem okamaga gelýänleriň sany köpelýär. Şol

gelenlerden Bäherdeniň (häzirki Baharly) Börme obasyndan bolan Nazaraly diýen adam hem okuwa girýär. Nury Kazym, Magtymguly, Nazaraly üçüsi bir hüjrede ýaşap başlaýarlar. Nazaralynyň ilki sowady azrak bolany üçin, Magtymguly oňa kömek berer eken.

Bu medresäniň ders berýän ussadyna hezreti Pälwan diýer ekenler.

Magtymguly Nury Kazymyň kömegi bilen düýpli bilim alyp, beýleki talyplardan saýlanýar.

Aradan iki ýyl geçenden soň, Magtymguly ähli talyplaryň damyllasy (halypasy) bolýar. Okadýan ahun bir ýana gidende talyplary okatmagy Magtymgula tabşyrýar. Magtymguly talyplara diňe bir ders bermek bilen çäklenmän, olaryň bet iş bilen meşgul bolýanyna-da çäre görýär.

Magtymguly medresede, Nury Kazymda okamak bilen birlikde, öz döredijiligini alyp barýar. Onuň türkmenlerden, özbeklerden, gazaklardan, garagalpaklardan we başga milletlerden köp sanly dostlary we aşnalary bolupdyr. Şonuň üçin Magtymgulynyň bolýan hüjresiniň myhmansyz wagty bolmandyr. Soň onuň ýeke özi aýry bir hüjrä geçýär. Onuň bolýan hüjresi hakyky döredijilik öýüne öwrülýär, hatda Magtymgulynyň döredijilik ussatlygyna ders berýän ahunlar hem pitiwa[1] berýärler.

Günleriň birinde şahyryň halypasy hezreti Pälwan onuň «Jelil» diýen goşgusyny eşidip:

---

[1] Pitiwa – bu ýerde ykrar etmek manysynda.

– Magtymgulynyň aýdan pikiri her bir adamyň tapjak zady däl, muňa bu ylmy-çäbiklik[1] Alla-tagalanyň dergähinden berlipdir. Ol muňa berlen uly ülüş. Bu adam hakyky hakdan içen – diýen ýaly bahalar berýär.

Magtymgulynyň dabarasy dag aşýar, onuň ady ähli ýere ýaýraýar. Onuň öýüniň myhmansyz wagty bolmaýşy ýaly, onuň özüni-de köp ýerlere myhmançylyga çagyrýarlar. Ähli Kesearkaç taraplaryndan hem ilat zat ýygnap, harçlyk diýip, Magtymgula iberer ekenler. Magtymguly hem öz nobatynda ol zatlary beýleki talyplara paýlap berer eken.

## GAÝGYLY HABAR

Magtymguly Hywadaky Şirgazy medresesinde üç ýyl okap, dördünji ýyla aýak basanda, tätil wagty[2] Etrek tarapdan Magtymgulynyň oglunyň näsaglygy hakdaky habar gelýär. Magtymguly Etrege gaýtmaly bolýar. Magtymgulynyň gaýtjak habary onuň dost-ýarlaryny, bile okaýan talyplaryny, ony tanaýan adamlary örän gynandyrýar.

Magtymgulynyň ýakyn dostlary Nury Kazymdyr Nazaraly gaýgyly günde şahyry ýeke goýbermejek bolup, oňa goşulyp gaýdýarlar.

Bular Was, Uzboý, Döwgala, Gyzylgala, Topýatanyň üsti bilen geçip, günbatarky ýoldan, Bal-

---

[1] Çäbiklik – ýyndamlyk, ýitilik, ötgürlik.
[2] Tätil – rugsat wagty.

kan daglarynyň gapdalyndan, Küren dagynyň ýany bilen Etrek tarapa geçýärler. Bular gadymy şäher Maşady-Misseriana ýetenlerinde Nury Kazym näsaglaýar. Olar şol ýerde düşlemeli bolýarlar. Nurynyň ýagdaýy agyrlaşyp, aradan çykýar. Magtymguly özüniň ýakyn dosty Nury Kazym ibn Bahryny şol ýerde jaýlap, ýadygärlik üçin sypa galdyrýar.

Soň Magtymguly Nazaraly bilen Etrege gelýär. Görseler, şahyryň ogly Mollabäbek ölüm halynda ýatyr eken. Şahyr perzendiniň eljagazyndan tutup, onuň bilen hoşlaşýan ýaly:

Gapymyň miweli bagy,
Üzüldi ýüregmiň ýagy,
Hem arkamyň gara dagy,
Razy bolgun, Mollabäbek.

– diýen sözler bilen gözýaşyny dökýär.

Oglan gutarandan soň, Nazaraly şol ýerde birnäçe wagt galyp, Magtymgulynyň agyr derdini paýlaşýar hem oňa göwünlik berýär. Soň ol obasy Börmä gaýdýar.

Magtymgulynyň Ybraýym diýen ogly hem ýaş wagty dünýäden ötýär. Çagasy üçin Magtymguly köp gözýaş dökýär. Şonda pata baranlara «Bolarmy?» diýen goşgusyny aýdyp berenmiş. Çagalarynyň ölümi şahyra uly urgy bolýar.

## YLMY MAGTYMGULY ÄKITDI

Magtymguly Şirgazy medresesinde üç ýyl okap, ýurduna gaýdypdyr. Medresede okaýan talyplar şahyr gidenden soň, «Öň Magtymguly halypamyzdy. Bilmedik ýerimizi ondan sorardyk. Şygyr okap berip, göwnümizi götererdi. Indi biziň halypamyz kim bolar? Haýsymyzyň ylmymyz köpkä?» diýip, özara jedelleşip başlapdyrlar.

Medresede ders berýän hezreti Pälwan talyplaryň jedelini eşidip:

– Talyplar, siz jedelleşip azara galyp ýörmäň. Ylmyň baryny Magtymguly äkitdi – diýipdir.

## GOŞGYNYŇ GUDRATY

### Birinji rowaýat

Köne zamanda Hywa argyşa gider ekenler. Bir gezek argyşa barýan argyşçylara ýolda Hywaly galtamanlar duş gelýärler. Olar sen-men ýok, derrew kerweni talap, zatlaryny olja edip alýarlar. Argyşçylar hem nalaç yzyna gaýtmaly bolýarlar.

Şol wagt Magtymgulynyň ady şöhratly eken. Argyşçylar Magtymgulynyň ýanyna gelip, bolan wakany şahyra gürrüň berýärler. Magtymguly şonda «Bolar sen» diýen goşgusyny goşýar. Ony argyşçylaryň eline berip:

– Baryň muny Hywa hanyna eltip beriň. Han galtamanlaryň alan zatlaryny gaýtaryp berer – diýýär.

Olar goşgyny Hywa hanyna eltip berýärler. Han goşgyny okap, emeldarlaryna argyşçylardan galtamanlaryň alan zatlaryny tapyp, yzyna gaýtaryp bermegi buýurýar.

Şeýdip, bir goşgy bilen bir kerwen zat yzyna gaýtarylyp alnypdyr.

## Ikinji rowaýat

Magtymgulynyň medresede okan döwründe talyplar hut hanyň rugsat bermegi boýunça kabul ediler eken. Medresä okuwa girmek isleýän her bir adam hanyň huzuryna baryp, rugsat almaly eken. Garyp adamlar hanyň gazabyndan gorkup, onuň ýanyna arza baryp bilmezler eken.

Bir dul kempiriň ýalňyz ogly bar eken, özlerem gaty garyp eken. Olaryň ogluny okatmaga handan rugsat alaryn diýen tamasy ýok eken. Kempir ogly bilen medresäniň ýanyna gelip, her gününi aglap geçiripdir.

Günlerde bir gün, bu ýagdaý Magtymgulynyň gözüne ilipdir. Şahyr ol biçäreleriň ýagdaýyny eşidenden «Geçer sen» diýen gazalyny düzüpdir. Gazaly kagyza geçirip, kempiriň eline beripdir-de:

– Ynha, şu kagyzy hana eltip ber. Han ogluňy medresä kabul eder – diýip aýdypdyr.

Kempir Magtymgulynyň maslahatyny berjaý edipdir. Gazaply han Magtymgulynyň gazalyny eşidenden soň, «Kempiriň ogluna medresede okamaga rugsat etmeli» diýip perman beripdir.

6. Sargyt № 531.

## Üçünji rowaýat

Magtymgulynyň ýaşan döwründe talaňçylar gelip, gökleň obalaryny talaýarlar. Şol talaňda birnäçe adam bilen birlikde, Magtymgulynyň agasy hem olara ýesir düşýär.

Ýesirleriň hossarlary at-esbap ýygnap, olary şadan dilemäge gidýärler. Magtymguly hem agasyny boşatmak üçin bulara goşulýar.

Şol döwürde Magtymgulynyň at-owazasyny goňşy ýurduň şasy eşiden eken. Ol baran adamlara garap:

– Hany, araňyzda Magtymguly ýokmy? – diýip soraýar. Magtymguly adamlaryň arasyndan saýlanyp:

– Men Magtymguly – diýýär.

Şa:

– Şygyr okap ber! – diýip ýüzlenýär.

Magtymguly ýesirleri diňe sözüň güýji bilen şadan boşadyp boljakdygyna göz ýetirip, «Bagyşla bizi» diýen gazalyny labyzly okap berýär:

Resul damadydyr, Öz arslanyňdyr,
Ýa ymam Alyýa, bagyşla bizi.
Çeşmi-çyragymdyr, nury-aýnymdyr,
Ýa ymam Hasana, bagyşla bizi.

Ýalan dünýä kime berdi wepany,
Ahyrynda anlar sürer sapany,
Şymr ile ol Ýezit berdi jepany,
Ýa ymam Hüseýne, bagyşla bizi.

Nasry-Seýýar, Merwan-Hekem döwründe,
Ymamlar galdylar jepa-jöwründe,
Çaýa atdyrdylar Dymask şährinde,
Zeýnelabydyna, bagyşla bizi.

Patmaýy-Zähradyr onuň enesi,
Zatynda bir zerre ýokdur günäsi,
Humaýun dagydyr ahyr binasy,
Muhammet Bakyra, bagyşla bizi.

Kemaly pelekden, aşypdyr arşdan,
Başa goýdy jeddi geýdigi täçden,
Üç keramat bile galdy Hajjajdan,
Ýa ymam Jagfara, bagyşla bizi.

Kim biler işiňde niçiksi syr bar,
Akl oňa ýetişmez gudratly Jepbar,
Duşmanyga dostuň etdiň giriftar,
Ýa Musa Käzime, bagyşla bizi.

Deň-duşlar ýanynda bir bikemalam,
Aşygam, mejnunam, şikeste halam,
Synaýy-Horasan, zuwwary-älem,
Ýa ymam Ryzaýa, bagyşla bizi.

Ymamlar yşkynda maňa bergin jam,
Açaýyn zybany, okaýyn Kelam,
Ilähi behakky-Patmaýy-kyýam,
Muhammet Takyýa, bagyşla bizi.

Dünýäde çekdiler ýüz derdi-dagy,
Magşar gün münerler saýlap Byragy,
Hakykat ýolunyň şemi-çyragy,
Alyýýyn-Nakyýa, bagyşla bizi.

Ýakyn köňül birle muştagam bende,
Ýadyňyz eýlärem tä bar men zinde,
Ady Günden meşhur olmuş älemde,
Ýa ymam Esgere, bagyşla bizi.

Kap dagyndan ýol açylsa Ýajuja,
Dünýä ýüzi dolar zulm ile güýje,
Zaman ahyrynda geler hyruja,
Ýa Sahypzamana, bagyşla bizi.

Magtymguly aýdar, men häki-paýam,
Ymamlar ýolunda hem jan pidaýam,
Kemine bendeýem, gelip-gideýem,
Ýa Apbas Alyýa, bagyşla bizi.

Şahyryň gazaly hökümdara ýiti täsir edýär. Ol:

– Bagyşladym, bagyşladym. Ýesirleriňizi alyp gidiň – diýip, zöwwe ýerinden turup, aglap, Magtymgulynyň ýanyna gelýär. Ol şahyra sylag-serpaý edýär.

Şeýlelikde, şa ähli gökleň ýesirlerini boşadýar.

# HOŞA BUGDAÝY ARASSA BOLÝAR

### Birinji rowaýat

Magtymguly öýüne gelen adamlara goşgularyny okap berip, olara öwüt-nesihat eder eken. Onuň goşgularyny diňlemedik, nesihatyny almadyk adamlar ömürbaky ökünip ýörer eken. Şoňa görä ýomutda, gökleňde Magtymgulynyň agzyndan çykan sözüni, nesihatyny diňlän adamyň armany ýok eken.

Magtymguly şeýle günleriň birinde «Sizden soň kim şahyrçylyk eder?» diýen soraga:

– Menden soň bir arassa hoşaçy dörär – diýip, Zeliliniň adyny tutupdyr.[1]

Zelili kemala gelenden soň:

– Hoşa bugdaýy arassa bolýar eken – diýip aýdypdyr.

### Ikinji rowaýat

Başga bir gün Magtymgulynyň deň-duşlary onuň ýanyna gelip:

– Eý Magtymguly, sen dünýäde sözlär ýaly söz goýman, hemmesini öz goşgularyň içine salyşdyrdyň. Indikiler seniň hoşaňy ýygnaýmasalar, başga zat tapmasalar gerek – diýipdirler.

---

[1] Başga bir rowaýatda şahyr «Hoşamy Şabende çöplär, şondan soňkulara hiç zat galmaz» diýip aýdýar. Seret: 772[e] bukja, 34 sah.

Onda Magtymguly:

– Biz hoşamyzyň ýygnalmagyna razy. Ýöne desselerimizi ogurlaýarlarmykan öýdüp gorkýarys – diýipdir.

## SYRLY TORBA

Bir sapar talaňçylar parahat oturan ýomut, gökleň taýpalaryny talap, köp mallaryny sürüp, birnäçe adamlaryny hem ýesir alyp gidipdirler.

Oba adamlary birnäçe oňat atlary, owadan halylary, gyzylly şaýlary, halat-serpaýlary ýygnap, sowgat eltip, ýesirleri boşatmakçy bolýarlar.

Şol wagtlar Magtymguly tüýs diýen wagtyndaky ýaş ýigit eken. Magtymguly ýaşulularyň ýanyna baryp:

– Ýesir dilemäge gidýän bolsaňyz, meni hem ýanyňyz bilen äkidiň, belki zyýanym degmez – diýse, ýaşulular:

– Seniň ýaly jahyllaryň munuň ýaly möhüm ýerlerde işi bolmaz. Bu işler aksakgallaryň, ýaşulularyň işidir – diýip, Magtymgulyny özleri bile äkitmändirler.

Magtymguly-da olara duýdurman, garaba-garaba yzlaryna düşüp gidipdir.

Şol wagtlar talaňçylaryň baştutany ýazlagda eken.

Türkmen ýaşululary talaňçylaryň baştutanynyň ýanyna baryp, özleriniň matlabyny aýdanlarynda, ol:

– Beýle möhüm iş üçin gelen bolsaňyz, Magtymguly şahyr haýsy biriňiz bolarsyňyz? – diýip sorapdyr.

Şol wagt agajyň aňrysynda gizlenip duran Magtymguly öňe çykýar-da:

– Magtymguly diýeniňiz şu kemine guluňyzdyr – diýýär.

Talaňçylaryň baştutany:

– Siz Magtymguly bolsaňyz, näme dilegiňiz bolsa aýdyberiň! – diýýär.

Magtymguly «Bagyşla bizi» goşgusyny aýdýar. Şahyr goşgusynda gündogar halklarynyň uly hormat goýýan Muhammet pygamber, Hezreti Aly, Ymam Hasan, Ymam Hüseýin, Zeýnelabydyn, Muhammet Bakyr, Musa Käzim, Ymam Ryza ýaly beýik şahsyýetlerini birin-birin ýatlaýar.

Magtymguly bu goşgusyny heniz doly aýaklamanka, talaňçylaryň baştutany iki eli bilen ümläp:

– Berdim, berdim, berdim... – diýip aglaberipdir. Soňra ol Magtymgulynyň öz şahyrlary bilen goşgy aýdyşmagyny talap edipdir. Magtymguly olar bilen goşgy aýdyşanynda içi gumly at torbanyň üstünde oturyp aýdyşýar. Şeýlelikde, Magtymguly ýerli şahyrlaryň hemmesini ýeňýär. Talaňçylaryň baştutany bu ýagdaýa haýran galyp, näme üçin onuň at torbanyň üstünde oturandygyny sorapdyr.

Onda Magtymguly:

– Bu torbanyň içinde hiç hili keramat ýok. Munuň içinde diňe öz ata Watanymyň topragy bar. Men şol topragyň üstünde oturan wagtym, oturan ýe-

rim berk, sarsmaz hem ähli halkym arkamda duran ýaly bolup, hiç zatdan gorkmaýan hem hiç kimden ýeňilmeýän – diýip jogap berýär.

Talaňçylaryň baştutany Magtymgulynyň olar bilen galmagyny arzuw edip:

– Sen, iň ýagşysy, şu ýerde gal. Men seni ömrüň ötýänçä hor bolmaz ýaly ederin – diýende, Magtymguly:

– Ýok, men bu ýeriň adamsy däldirin, halk adamsydyryn. Halkym maňa garaşýandyr – diýýär.

Talaňçylaryň baştutanynyň gahary gelip:

– Halkym, halkym... näme halkyň bar? Ne onda baş bar, ne onda aýak bar! – diýende, Magtymguly:

Ýomut, gökleň täsip edip özünden,
Çyksa goşun, öňi-ardy bilinmez.
Sygmaý çyksa Deşti-dahan düzünden,
Ýörän ýoly, gonan ýurdy bilinmez.

– diýip başlanýan goşgusyny aýdypdyr.

## HILE HEM BIR BATYRLYKDYR ÝERINDE

Magtymgulynyň döwründe gökleňlerden ne salgyt gelipdir, ne-de onuň ugruna gidenler. Gaýta, «Bu gün hanyň pylan obasyna çozupdyrlar», «Pylan oba gökleňlere birleşipdir» kimin habarlar şadyr hanlary ynjalykdan gaçyrypdyr. Aýratyn-da,

Magtymguly şahyryň bütin gökleňleri birleşdirip, beýleki türkmen taýpalarynam birleşdirmäge çagyryp ýörmegi şadyr hanlary belli-külli pikirlenmäge mejbur edipdir. Olar ahyry «Kimde-kim şol şahyry tutup getirse, bäş müň rupyýany nagt berip, bir ýap boýuna häkim etjek» diýip, jar çekdiripdirler.

Şundan soň atbaşylaryň biri şahyry bäş-on sany türkmen bilen ýesir alypdyr. Ol şanyň Serwili kerwensaraýyna gelip, ýesirleri ýerdölä salýar. Işi şowuna düşen atbaşy bitiren hyzmatyndan göwni hoş halda keýpi-sapa çekmäge başlaýar.

Ep-esli wagt geçenden soň, ýerdölä pişik basyşyny edip, bir adam girýär. Ol:

– Siziň haýsyňyz Magtymguly diýen şahyr – diýip soraýar.

Garaňky ýerde oturanlaryň arasyndan şahyryň:

– Öz ilimizde-hä bize şahyr diýýärler – diýen saldamly sesi çykýar.

Näbelli adam:

– Hormatly şahyr, men siziň dürdäne sözleriňiziň ýesiri. Bu gün siziň boýnuňyza syrtmak düşenden, goý, men heläk bolaýyn – diýip, ol adam şahyry boşatmaga gelendigini aýdýar. Şahyr razy bolandan soň, ol adam eşiklerini Magtymgula berip, özi zyndanda galýar.

Ertesi ýesirleri agyr märekäniň üýşen ýerine – şanyň Gülçemen diýen köşgüne getirýärler.

Şa olardan:

– Hany, siziň haýsyňyz şahyr bolarsyňyz – diýip soraýar.

Näbelli adam öňe çykyp:

– Häzir-ä biz bolarys – diýýär.

Şanyň muňa gahary gelýär:

– O nähili sen häzir şahyr bolýaň. Öň nämediň?

Näbelli adam ýerdölede şert edilişi ýaly:

– «Häzir» diýenimi geň görmäň, şahym! – diýip, gürrüň bermäge başlaýar. – Men hakyky şahyr däl-de, diňe häzir şahyr. Biler bolsaňyz, men Serwili kerwensaraýynyň hyzmatçysy Mämmedaly. Atbaşy ýesirleri alyp gelende, derwezäni men açypdym. Bular çaýyny içip bolmanka, ýene derweze kakyldy. Derwezäni açdym. Iki sany türkmen atlysy eken. Atlaryň birindäki horjunda agyr zadyň bardygy bildirip durdy. Olaryň biri atbaşyny sorady. Atbaşa türkmenleriň soraýandygyny aýtdym. Ol muňa örän begendi.

Türkmenler gidenden soň, atbaşy ýanyma gelip: «Meniň howply bir ýumşum bar. Bitirseň baý bolarsyň, bitirmeseň heläk bolarsyň» diýdi. Alajym näme, jan süýji, razy boldum. Atbaşy meni ýesirleriň ýanyna eltdi. Aýagyma gandal urup, golumy bagladylar. Şahyry gelen iki sany türkmen äkiden eken. Şahym, çakym çak bolsa, atbaşy şahyry olara satypdyr öýdýän.

Mämmedalynyň sözüne ynanan şa ýanynda oturan atbaşydan:

– Ýeri, sen näme aýdarsyň? – diýip soraýar.

Dili tutulan atbaşy gepläp bilmän, sakawlaýar.

Şa ýerinden turup:

– Dar agajyny boş goýmaň. Atbaşyny ýaranlary bilen syrtmakdan geçiriň – diýýär.

Şa Mämmedalyny we türkmen ýesirlerini boşadýar. Mämmedaly ýesirleri hem alyp, Magtymguly şahyryň öýüne barýar.

Gözi ýolda galan şahyr olar bilen ýeke-ýekeden görüşýär. Bolan wakany üns bilen diňlän şahyr özüniň dostuna bagyşlap:

Mert oldur ki, bolsa köňli rehimli,
Göwresi giň gerek, özi pähimli,
Giň ýerde garga deý bolsun wehimli,
Ýerinde hünäri, işi gerekdir.

– diýen sözler bilen başlaýan «Işi gerekdir» goşgusyny aýdýar.

## ASLYMDAN DÄNMEN

Günlerde bir gün, Magtymgulyny öz obadaşlary bilen birlikde tussag edip äkidipdirler. Şol ýeriň adamlary şahyry alyp galmak üçin:

– Indi sen biziň şahyr bolduň. Seni bu ýerden goýbermeris – diýip aýdypdyrlar.

Onda Magtymguly:

– Menden han şahyry bolmaz. Men hiç wagt aslymdan dänmen. Her hili gynasaňyzam men ýurdumdan, halkymdan jyda düşmen! – diýip, «Meniň aslym gerkez, ýurdum Etrek, adym Magtymguludyr» diýen goşgusyny aýdypdyr.

Magtymgulyny tanaýan oba adamlary ýyndam atlaryny berip, şahyry ýesirlikden boşadypdyrlar.

## GUDRAT

Günlerde bir gün, talaňçylar Magtymgulyny ýesir edip äkidipdirler. Ol ýerde şahyry bir jaýa salyp, daşyndan gulplap goýupdyrlar. Ertesi garawul gelip görse, gapy açyk duranmyş. Şahyr bolsa eline kagyz-galam alyp, işläp otyr eken.

Garawul gapyny başga bir adam maňa ýamanlyk edip açandyr öýdüp, gapa täze gulp goýupdyr.

Garawul ertesi gelse ýene gapy açykmyş. Ol: «Gapyny kim açýarka?» diýip, otly köýnek geýipdir. Gysynyp, Magtymgula ýüzlenipdir.

Şonda Magtymguly:

– Daşymdan gulplap heläk bolmaň. Men hiç ýere gitmen. Meniň aslym gerkez, gyşyk tiresindendirin – diýipdir.

Garawul şondan soň, şahyryň daşyndan gulplamandyr. Ildeşleri talaňçylara mal-dünýä berip, Magtymgulyny ýesirlikden boşadypdyrlar.

## ÝURDY BILINMEZ

Bir sapar ähli gökleň ilatynyň üstüne ýagy dökülýär. Oba adamlary bilen bile Magtymgulynyň maşgalasy hem ýaga ýesir düşýär.

Ýesirleri eltip, zyndana taşlaýarlar. Zyndanda iki hepde ýatandan soň, «Şeýle adamlary ýesir getirdik» diýip, patyşa habar berýärler.

Patyşa bulary köşge çagyrýar. Ol ilki garry aýaldan:

– Bu tutulyp getirilenler seniň nämäň bolýar? – diýip soraýar. Ol:

– Biri oglum, beýlekisi giýewim, ol biri hem doganym – diýip jogap berýär. Patyşa:

– Sen gaty garran ekeniň. Seni boşatjak. Ýurduňa aşaryň ýaly bularyň birini dile – diýýär.

Garry aýal şonda:

– Giýew diýeniň ýoldadyr, ogul diýeniň bildedir, dogan diýeniň tapylmaz – diýip, doganyny dileýär. Patyşa kempiriň sözi ýaraýar. Ol:

– Sen näme üçin doganyňy dilediň. Bularyň näme käri bar? – diýip soraýar.

– Oglum şahyrdy. Gepe gezek gelende gepiň ondan gutuljak gümany ýok. Ol öz başyny özi çarar – diýende, patyşa onuň sözüni bölüp:

– Onda, ogluň bilen bir aýdyşyp göreli. Ýeňse, ähliňi boşatjak – diýýär.

Şol ýerde Magtymguly «Bilmezmiň» diýen goşgusyny aýdypdyr.

Aýdyşykda patyşa asgynlapdyr. Görse, Magtymguly ol diýen adamlaryndan däl. Patyşa ýesirleriň hemmesini boşadypdyr.

# Bosa-bosluk

Magtymgulynyň döwründe häli-şindi talaňçylyk bolupdyr. Bir talaňçylykda olardan gaçyp giden bosgunlar düýe-tegeli bolanlary üçin, talaňçylar olaryň yzyndan ýetip, ogul olja, gyz ýesir edip, alyp gidipdirler.

Şonda gökleňleriň aýderwüş tiresinden bolan bir barly dul aýalyň hem ýeke ogly talaňçylara ýesir düşüpdir. Ol aýal Buzlypolat bilen Magtymgula:

– Eger ogluma agramyna agram pul diýseler hem berip, ony ýesirlikden boşadyň – diýip ýalbarýar.

Magtymguly edermen ýigitlere ýüz tutup:

– Bu gün ýesiriňizi agramyna agram altyn-kümüş berip alsaňyz, ertir nämä çekip alarsyňyz? Başga biriňiz ýesir düşse, ondan hem ýaman bolar. Minneti gylyjyň baljagyndan çekerler! – diýýär.

Ýigitler hyjuw bilen ata çykýarlar. Magtymguly bilen Buzlypolat olara ýolbaşçylyk edýär. Olar bir gije talaňçylaryň üstüne dökülip, pukara halky gyrgynçylyga goýman, degerli adamlaryny ýesir alýarlar. Soň alşyk edip, ýaňky aýalyň ogluny hem boşadýarlar. Oglanyň enesi:

– Hemme il meniň oglum hem doganym ekeni – diýip, bar zatlaryny jemagata paýlap berýär.

Şondan soň talaňçylyk selçeňläpdir.

# Ogurlanan çaga

Magtymguly öz obadaşlaryndan bir ýigit bilen daga awa-şikara çykýar. Olar Günüň gyrasy çyzylyp çykyberende, bir çeşmäniň başynda düşýärler. Şol wagt olaryň ýanyna bir atly gelýär. Olar atly bilen salam-helik edişip duran wagtlary, Magtymgulynyň gulagyna birden çaga sesi eşidilýär. Atly suw-söl alyp gidiberjek bolanda, çaganyň sesi has-da batly çykyp başlaýar. Magtymguly ýaňky adamyň bolup barşyny halaman:

– Garyndaş, bir azajyk aýak çekiň, ugruňyz nirä? – diýip soraýar. Atly özüni bildirmejek bolup, barýan ugrum diýip, Magtymgulynyň öz obasyny salgy beripdir. Magtymguly öz gelen ugrunyň salgy berlendigine geňirgenip durka, atly atyny ýüzin salaýypdyr.

Magtymguly ýanyndaky ýigit bilen atlyny kowup-kowup ahyry yzyndan ýetipdir. Olar iki bolup, ony öz obalaryna alyp gelipdirler. Magtymguly ýaňky adamy äkidip barýan çagasy bilen bir-iki gün öýünde saklapdyr. Soňra Etrekde bir adamyň çagasynyň ogurlanandygyny eşidipdir.

Magtymguly «Bolsaň, ogurlanan çaga sen bolarsyň» diýip, öýündäki çagany eltip görkezipdir. Dogrudanam, ol şol öýüň çagasy eken. Ol çaga bir gurply adamyň ýeke ogly eken. Çaganyň kakasy Magtymgula nähili hormat etjegini bilmän, özüniň gowy görýän atyny sylag beripdir.

## «Boljak oglan bolşundan belli»

Günlerde bir gün Magtymguly oýnap ýören çagalaryň arasynda bir oglanjygyň gulpagyny sypapdyr. Muny gören adamlaryň arasynda wäşiräk, dili duzlurak bir kişi degşip: «Bäh, ejeň owadan bolsa, Magtymguly-da gulpagyňy sypalajak eken-ow» diýipdir.

Onda Magtymguly agraslyk bilen:

– Men bu oglanjygyň başyny sypalamagymyň sebäbi, «Boljak oglan bolşundan belli» diýipdirler. Men hem onuň beýleki çagalardan tapawutlanandygy üçin, oýnanda-da, geplände-de üýtgeşikligi sebäpli gulpagyny sypaladym – diýipdir.

Magtymgulynyň gulpagyny sypan şol oglanjygy il sylagly kişi bolup ýetişipdir.

## Halas edilen gyz

Bir gün daň bilen talaňçylar dagdan bärik geçipdirler. Olar gözläp-gözläp dag eteginden hiç zat tapmanlaryndan soň, günbatar tarapa ugrapdyrlar. Olar Garrygalanyň bärsinde ençeme ýyl bäri dul oturan bir aýaly ýenjip, elinden ýekeje gyzyny alyp gidipdirler.

Edil şol gün bolsa, Magtymgulynyň ýanyna buýran şaý-sepini almaga barýan bir ýolagçy muny

eşidipdir. Ýolagçy Magtymgulynyň ýanyna baranynda, eşiden zatlaryny ýeke-ýeke gürrüň beripdir.

Magtymguly derrew obanyň ýigitlerini ýygnap, olaryň yzyndan kowmaga başlapdyr. Kowujylar dag içinde talaňçylaryň yzyndan ýetip, äkiden gyzlaryny ellerinden alypdyrlar. Magtymgulynyň ýigitleri olary öldürmekçi bolupdyrlar. Emma Magtymguly talaňçylary öldürmän, öz ýurtlaryna kowup goýberipdir. Gyzy bolsa, öz ejesine getirip beripdir.

## TEBIGAT KÖMEK ETDI

Bir gün Magtymguly ýola çykyp gidip barýarka, öňünden iki sany ýol uran çykypdyr. Olar Magtymgulynyň zatlaryny almaga başlapdyr. Şonda şahyr olara:

– Ähli zadymy alyň. Ýöne eginbaşyma degmäň – diýip aýdypdyr.

Talaňçylar:

– Sen kim, näme kär edýäň? – diýip sorapdyrlar.

– Men – Magtymguly, kärim şahyrçylyk.

– Sen Magtymguly bolýan bolsaň, bize bir nyşan görkez? – diýip, olar aýdypdyrlar.

Magtymguly göge seredipdir. Ýagyş ýagjak bolup dur eken. Ol ýokary seredip durşuna «Galdym dermanda» diýen goşgusyny aýdýar. Şol wagt hem ýagyş ýagyp başlaýar. Talaňçylar bu gudrata haýran galyp, aljyrap, el-aýaklaryny ýitirýärler. Magtymguly zatlaryny alyp, öz ýoluny dowam etdirýär.

7. Sargyt № 531.

# Hatly ýonalar

Magtymguly şahyrçylykdan daşgary ýona tikmek hünärini hem öwrenip, ata--babalarynyň kesbini dowam etdiripdir. Boş wagtlary bolsa, göwnüni açmak üçin, dag aralaryna seýil etmegi gowy görer eken.

Dag iýmişleriniň bişen güýz günleriniň birinde, şahyr daga gezmäge gidýär. Ol dag derelerinde biten üzümleriň, narlaryň arasyny gezip, hezil edip dynç alýar. Şahyr obasyna gaýtjak wagty bir topar garakçy pete-pet gelýär. Olar Magtymgulyny öldürjek bolýarlar.

Onda ol:

– Meni öldüreniňiz bilen hiç hili peýda görmersiňiz. Gowusy siz meni öldürmäň. Men bir tükeniksiz hazynadyryn – diýýär.

– Sende hazyna näme işlesin. Hazynaň bar bolsa bize görkez? – diýip, garakçylar gyssapdyrlar.

Şahyr:

– Meniň altyn-kümşüm ýok, size zerur gerekli hünärim bar. Atlaryňyza owadan ýonalary tikip bererin. Tiken ýonalarymy görüp, akylyňyz haýran galar. Artan ýonalary bazarda satarsyňyz welin, kisäňiz galňar. Öldürmek kyn däl. Ýöne size peýda bolmaz – diýip aýdýar.

Şahyryň sözi garakçylara makul bolýar. Olar Magtymgulyny öldürmän, adam barmaýan dagyň gowagynda göz tussagy edip saklaýarlar. Olar tikin senetlerini-enjamlaryny jemläp, Magtymgula getirip berýärler.

Magtymguly ýona tikýär, garakçylaryň ynamyna girmek üçin ýonalardan başga-da, olaryň atlaryna çeki, uýan, gamçy taýýarlap berýär. Garakçylar artykmaç ýonalary bazara äkidip, satyp başlaýarlar.

Bu ýagdaýy duýan şahyr bazar üçin taýýarlan ýonalarynyň arasyna hatdan nagyş edip, özüniň nirede göz tussagy edilip saklanýandygyny ýazýar.

Magtymgulynyň tiken gizlin hatly ýonalary köp ýerlere ýaýrap başlaýar. Haçanda hatly ýonalaryň biri şahyryň öz obasyna düşende, Magtymgulynyň hatyna, ýonasyna belet adamlar onuň nirede saklanýandygyny aňşyrýarlar. Magtymgulynyň nirededigini bilen jemagat şondan soň, çalt atlanyp, garakçylary dargadyp, söýgüli şahyrlaryny tussaglykdan boşadýarlar.

Şeýdip, Magtymgulynyň garakçylardan boşamagyna onuň el hünäri sebäp bolýar. Şondan soň «Magtymgulynyň hatly ýonalary» diýen gürrüň il arasynda galypdyr.

## MENIŇ PENDIM ALMADY

Magtymguly ýetginjek döwründe alamançylar bilen ýola düşýär. Alamançylar Gökdepä ýetiberende Magtymguly alamançylygyň gabahat işdigini, talanyň ýa-da talananyň biriniň heläk boljakdygyny ýoldaşlaryna düşündirjek bolýar.

– Adamlar, ýene bir gezek aýdýaryn. Alamançylyk gabahat iş. Gitsek, ajala duşarys. Biderek heläk

bolanymyz galar. Gowusy yzymyza gaýdalyň – diýip aýdýar.

Emma alamançylyga gidýänler şahyryň aýdanyna gulak asman, ýollaryny dowam edýärler. Magtymguly şol ýerden yzyna gaýdýar.

Alamançylyga gidenler birnäçe obalary talap, mal-janlaryny olja edip, yzyna dolanýarlar. Bir ýere gelip, olar dynç almaga düşleýärler. Ýadaw adamlar çalt uka batýar. Şol halatda yzlaryndan kowgy gelip, uklap ýatan adamlaryň ählisini gyrýar.

Magtymguly:

– Wah, olar meniň pendimi almady. Yzlaryna gaýdan bolsa, beýle gyrgynçylyk bolmazdy – diýip, gaty gynanýar.

## TERSAKAN

*Ýazan kitaplarym sile aldyryp,*
*Gözlerim yzynda giryan eýledi.*

Soňudagynyň üstüne hüjüm edilende, Magtymguly bu ýerde oturýan gökleň ilatyna dagyň ýeňsesindäki Gyzylbaýyr diýen ýere barmagy maslahat berýär. Duşman atlarynyň geçjek geçelgelerinde mergenleri ýatyrýar.

Bu wagtlar nowruz günleridi, häli-şindi çabga ýagyp, sil gelýärdi, çaýlar dolup akýardy.

Soňudagynyň gaýrasyndaky Tersakanyň olumyndan geçjek bolanlarynda, Magtymgulynyň göçüni sil alýar. Magtymgulynyň ýazan ýedi sany kitaby

suwa akýar. Adamlara akan kitaplaryň diňe ýekejesini alyp galmak başardýar.

## «Totuguş dilli dessan»

Magtymgulynyň bir gatyra ýük bolarlyk kitaby bar eken. Bir gije talaňçylar Hajygowşana duýdansyz dökülip, öýleri talap, adamlary ýesir alyp gidipdirler. Şonda şahyryň ýedi kitaby ýitipdir.

Ýiten kitaplaryň arasynda Magtymgulynyň «Totuguş dilli dessan» diýen kitaby hem talaňçylara olja bolupdyr. Magtymguly, aýratyn hem şol kitabynyň ýitenine gynanypdyr. Ol:

– Arman, şol kitap galan bolsa, halka köp peýda bererdi. Men ony näçe ýyllar iş edinip ýazypdym – diýip gynanyp, «Reýgan eýledi» diýen goşgusyny aýdypdyr:

Gaýgy-gamda eziz ömrüm solduryp,
Şum pelek azabym reýgan eýledi.
Ýazan kitaplarym sile aldyryp,
Gözlerim yzynda girýan eýledi.

Gapyllykda duşman aldy daşymyz,
Dargatdy her ýana deňi-duşumyz,
Bäş ýylda bir kitap eden işimiz –
Gyzylbaşlar alyp, weýran eýledi.

Bir niçämiz goly bagly gul bolup,
Niçeler yzynda sargaryp, solup,
Kimi berip, onuň bahasyn alyp,
Her kime bir belli baha eýledi.

Şum pelek birehim, maňa bildirdi,
Aglamakdan gül ýüzlerim soldurdy,
Golýazma kitabym sile aldyrdy,
Duşmanymy Jeýhun derýa eýledi.

Niçeler dünýäde boldy bir kişi,
Niçäniň agzyny doldurmaz aşy,
Niçäniň matamdan gutulmaz başy,
Gije-gündiz waweýleta eýledi.

Köýdürer şum pelek zulmy-jepasy,
Ýalandyr, ynanmaň, ähdi-wepasy,
Magtymguly, ýok bu sözüň hatasy,
Pelek elip kaddym duta eýledi.

Magtymgulynyň şol kitaby hünärler kitaby eken. Onda otuza golaý hünär agzalýan eken. Her hünärden habar bereni üçin halk oňa «Totuguş dilli dessan» diýip at beripdir.

## BIR DÜÝE ÝÜKI KITAP

Magtymgulynyň öz eli bilen ýazan golýazmalary ýok. Bölek-büçek kagyzlara ýazan eserleri-de ýok diýen gürrüňleri häli-şindi

eşidýäris. Ýöne, onuň öz eli bilen ýazan «el-kätibil Magtymguly» atly Gurhan kitaby bolanmyş. Bu kitaby Hajygala diýen ýerde görenmişler. Onuň haty hem gaty owadan eken. Magtymguly gaty köp zähmet çekip, kitaplaryň ençemesini ýazypdyr. Eger şol kitaplar doly bolan bolsa, bu ruhany-danyşmentleriň şahyr bilen işi bolmaly däl.

Öz kitaby barada aýtsak, Soňudagynyň töweregindäki oturymly ýerlerdäki türkmenleriň üstüne talaňçylar çozuş edipdirler.

Basybalyjylar Magtymgulynyň üstüne gelip, onuň dükanyny, ussahanasyny dargadyp, ýazan kitaplaryny alypdyrlar. Sebäbi olar hem Magtymgulynyň kitabynda hikmet bardygyny bilipdirler. Şonuň üçin olar kitaplary düýä ýükläpdirler. Eşidişimize görä, Magtymgulynyň iň ygtybarly kitaplary bir düýe ýüki bolupdyr.

Bu waka alaýaz, nowruz gabadyraklary bolupdyr. Nowruz gabatlary Etregiň sili köp bolýar. Şeýle silde üsti kitap ýükli düýe siliň suwy bol bolandygy sebäpli, büdräp ýykylypdyr we ähli kitaplary düýe bilen bilelikde, siliň suwy alyp gidipdir. Şondan soňra «Magtymgulynyň kitaplaryny Etrekden gelen sil alyp gidipdir» diýen gürrüň halkyň arasyna ýaýrapdyr.

Arkaçda, gum içinde Magtymgulynyň bir dosty bar eken. Onuň ady şu wagt ýadyma düşenok. Şol dosty Magtymgulynyň ýanyna gelip, aglap-eňräp, Magtymgula garap: «Wah, Magtymguly jan, ahyrýet azabyndan bolsun. Öwezini Hudaý dolsun, jan gardaş,

şeýle boldumy» diýipdir. Şonda Magtymgulynyň muňa ýüregi ynjap, kalby bozulyp, ýadynda bolan goşgularyny şol ýerde ýatdan aýdypdyr. Şol dosty hem ony ýazyp alypdyr diýýärler. Olaryň näçe wagtlap oturyp ýazanlygy belli däl, belki ol bir aý oturandyr, belki-de bir ýyl.

Arkaçdan gelen dosty Magtymgulynyň goşgusyny öz eli bilen ýazypdyr. Şoň haty bilenem gidipdir. Soňra: «Magtymguly onuň ýazanlaryny düzedipdir, gaýtadan ýazypdyr» diýip eşitmedik. Magtymguly ol dostuna ýadynda bar goşgulary aýdypdyr. Ýarsyny aýtdymy, barsyny aýtdymy, ol bize belli däl. Dosty gumda ýaşapdyr. Günlerde bir gün, onuň öýüne ot düşüpdir. Magtymgulynyň goşgulary otda ýanypdyr.

Magtymgulyny gören Molladurdy Guşlukly diýen ulama hem Magtymgulynyň goşgularynyň, gazallarynyň gadyryny bilýän adam bolupdyr. Ol hem ikinji gezek Magtymgulynyň dostundan otda ýanman galan kagyzlaryň tikelerini tapyp, käbir şygyrlary ýazyp alypdyr. Galanlaryny bolsa, ýadynda galanlardan ýazyp alypdyr.

## «BÄŞ ÝYLDA BIR KITAP EDEN IŞIMIZ...»

Sumbar jülgesinde ýaşan garry enem Ogulnur Haýdar Meňli gyzy 1972-nji ýylda togsan alty ýaşynda aradan çykdy. Garry enem durşy bilen gürrüňdi. Köneden sowatlydy. Dessan, erteki,

rowaýat, läle, garaz, halk döredijiligini ilik-düwme bilerdi. Olary ussatlyk bilen ýerine ýetirerdi.

Garry enem Magtymguly atamyz barada-da kän-kän gürrüň bererdi. Çaga ekenik, onuň aýdan gürrüňleriniň köpüsi gulagymyzyň duşundan geçip gidipdir. Ýöne enemiň on sekiz ýaşymdakam gürrüň beren bir hekaýaty welin, henizem gulagymda ýaňlanyp duran ýaly.

Enemiň aýtmagyna görä, bahar aýlarynda Magtymguly Ahalda myhmançylykda eken. Şahyr haýsy ýere barsa – şol ýerde toý-meýlis eken. Şeýle günleriň birinde şahyr Çendire ýagy çozandygyny eşidip, Ahaldan yzyna dolanypdyr.

Magtymguly Çendire gelip, nämäniň-nämedigine göz ýetirip, şeýle diýipdir:

Öter ömrüň – dünýä seýliň,
Hak ýoluna bagla biliň,
Agzy ala bolan iliň
Döwleti gaçan ýalydyr.

Görse, tutuş oba talanypdyr. Şahyr bu ahwaly görüp, örän gynanypdyr. Ile göwünlik beripdir. Soňra şahyr hemişeki myhman bolup, goňşy-golamlara goşgy okap berýän ýeri bolan Mämi agalarda düşläpdir. Mämi aganyň ogul-gyzlaram özi ýaly birtopar obadaşlary bilen ýesir edilip, sürlüp äkidilipdir. Magtymguly muny görüp, dört-bäş ýyllykda Gerkeziň hem talanandygyny, onda özüniň gymmatly golýazmalarynyň ýok edilendigini gürrüň beripdir.

Magtymguly gijesi bilen şygyr aýdyp, çendirlileriň gaýgy-gama batan göwünlerini galkyndyrypdyr. Ertesi oba adamlary bilen hoşlaşyp, Gerkeze gaýdypdyr. Gelse, Gerkeze-de ýagy çozan eken. Oba talanypdyr. Ähli ýerde weýrançylyk, ahy-nala. Nala-nala, Magtymguly bu çozuşlykda iki bükülipdir. Şahyr Hywa okuwa gitjek bolanda «Şu kitabymy sakla» diýip, Meňlä «Totuguş dilli dessan» atly kitabyny beren eken. Oljaçylar bu kitap barada eşidip, onam özleri bilen äkidipdir. Magtymguly «Har kyldyň» şygrynda:

Goldan gidendir dessanym,
Göýä tenden çykdy janym,
Gözi ýaşly Meňli hanym,
Ýüregim içre nar kyldy.

– diýip, Meňliniň adyny tutupdyr. «Totuguş dilli dessan» tapylmandyr.

## ZAMAN GASSAP

Garrygalanyň Gyzyldüýp obasynda ýaşaýan Zaman işanyň öýüne iki sany mal aljak hywaly adam gelipdir. Bu myhmanlaryň ýanynda iki horjun teňňeleri bar eken. Zaman işan olaryň teňňelerine göz gyzdyryp, iki sany haramyny tapypdyr. Işan olara:

– Men öýdäki hywaly myhmanlary ýola salyp, size habar bererin. Olar pylan ýere baranlarynda siz duýdansyz gapdallaryndan çykyp öldüriň, ýanlaryndaky pullary bilen ulaglaryny alyp, meniň ýanyma getiriň, oljany üçimiz deň paýlaşarys – diýýär.

Ol iki adam Zaman işanyň diýenini edip, mal aljak hywaly myhmanlary öldürip, iki horjun pullaryny hem alyp, getirip Zaman işanyň öňünde goýýarlar.

Soň Zaman işan:

– Men indi neneň il içinde gezerin. Ile aýan bolmanka Magtymgulynyň ýanyna baraýyn. Eger Magtymguly meniň adam öldürendigimi biläýse, onuň aýagyna ýykylaýyn. Bilmese, öýüme gaýdaýyn. Magtymguly biläýmese, beýlekiler adam ganyna galandygymy aňaslary ýok – diýip, Etrege ugrapdyr.

Barsa Soňudagynyň ilersinde ýaý berip oturan märekäniň ortasynda Magtymguly gürrüň edip oturan eken. Işan-da çök düşüp, Magtymguly bilen görşüpdir.

Şahyr işanyň ýüzüne ýiti-ýiti seredip:

– Size kim diýerler, nireden gelersiňiz? – diýip soraýar.

Işan:

– Bize Zaman işan diýerler, Gyzyldüýp obasyndan bolarys – diýýär.

Onda Magtymguly:

– Size Zaman işan diýmezler, Zaman gassap diýerler. Öýüňe gelen myhmanlary öldürip, gassapçylyk etdiň – diýip aýdýar.

Bu söze oturan märeke haýran galýar. Zaman işan masgara bolup, märekeden turup gidýär.

## Delalat ýagşy

Magtymguly şahyryň obasynyň ortasynda bir uly bag bar eken. Tomus aýlary salkyn saýaly şol baga oba adamlary üýşer eken. Magtymguly hem kämahallar bu ýerde obadaşlaryna goşgy okap berer eken.

Tomus günleriniň birinde obanyň iki sany belli baýy – Düňle baý bilen Köçek baý bu ýerde küşt oýnap oturanmyş. Oba adamlary bularyň oýnuna syn edýän ekenler. Magtymguly hem şol günki üýşmeleňe barypdyr. Görse, baýlaryň gykylyk-galmagaly dik asmana galýarmyş. Gelene-gidene gözleri-de ilmeýärmiş. Şol wagt obanyň ýarlykly garyby Sary diýen bir ýigit aljyraňňy ýagdaýda bu ýere gelýär. Ol oturanlara salam berip, Düňle baýa ýüzlenýär:

– Baý aga, ýap-ýaňy ejemiň kazasy doldy. Elimiz ýuka bolansoň, ahyrky ýoluna ugradyp bilemzok. Kepenlik mata gerek. Bahasyny elim aşa ýeten wagty bererin.

Baý küştden ünsüni sowmandyr. Ol:

– Ine, ejeň ölen bolsa, tur küştden! – diýip, göçümini dowam etdirýär.

Sary pahyr garört bolan ýüzüni aşak salyp, hyrçyny dişleýär. Şol mahalam oýun tamamlanýar. Ähli gürrüňi diňläp duran Magtymguly baýyň golaýyna baryp:

Asla adamzada ajy söz urma,
Pahyra-misgine delalat ýagşy.
Bahyla ugrama, ýüzüni görme,
Möhüm bitirmäge kifaýat[1] ýagşy.

– diýip aýdýar.

Şahyryň bu sözi baýa ýaramandyr. Ol göwni galan kişi dek, ýüz-gözüni turşadyp:

– Hawa, men näme etmelimişim? – diýip, gahar gatyşykly kinaýa bilen soraýar.

Onda şahyr:

Ýetimi göreňde güler ýüz bergil,
Goldan gelse, oňa tagam-duz bergil,
Gamgyny göreňde, ýagşy söz bergil,
Entäni goldara hemaýat ýagşy.

– diýip, nesihat berýär. «It – iti goldar» diýenleri. Köçek baý:

– Näme üçin agzyňa gelenini samrap dursuň? Biz ony çagyryp getiremzok. Onsoňam, ölse, onuň ejesi ölüpdir, bize näme? – diýip, Düňle baýyň tarapyny çalýar.

Magtymguly ynsabyny ýitiren bu iki baýa üns hem bermän:

– Asla adamzada ajy söz urma,
Pakyra-misgine delalat ýagşy.
Bahyla ugrama, ýüzüni görme,
Möhüm bitirmäge kifaýat ýagşy.

---

[1] Kifaýat – kömek, ýardam, kanagat.

Ýetimi göreňde, güler ýüz bergil,
Goldan gelse, oňa tagam-duz bergil,
Gamgyny göreňde, ýagşy söz bergil,
Entäni goldara hemaýat ýagşy.

Ýigit oldur – söze eýlese amal,
Goldan gelmez işe etmese jedel,
Allanyň emrine kylmagyl bedel,
Bege – berim, şaha – adalat ýagşy.

Garyplyk bir dertdir – adam öldürmez,
Öldürmese, dirilikde güldürmez,
It hem arryklygyn gurda bildirmez,
Elbetde, duşmana syýasat ýagşy.

Magtymguly, şükür, şirin til berdi,
Şejerler gögerip, semer gül berdi,
Görogly Reýhana niçik ýalbardy,
«Amandyr» diýene diýanat ýagşy.

– diýip, Saryny yzyna tirkäp, öýüne gelýär. Oba adamlary hem bularyň yzyna düşýärler. Magtymguly atasyndan galan bagana possunyň mawut matasyny sypyryp başlaýar. Sary Magtymgula «Muny beýtme!» diýýär. Emma dana şahyr:

– Heý, Sary, «Gerek deregi ýykar», sen şuny alyp git – diýip, mawut matany bagana possunyň daşyndan sypyryp, onuň eline berýär.

Oba adamlary Magtymgula alkyş aýdyp, onuň bilen bile Sarynyň ejesini jaýlapdyrlar. Iki baýy tutuş oba näletläpdir.

# DAŞY SYNDYRAR

Jomus günleriniň birinde bir oglan düýe ýitiripdir. Ol ýiten düýesini yzarlap, Etrege gelipdir. Şol ýerde Magtymgulynyň öýüne sowlup, şahyryňkyda oturan adamlardan düýesini sorapdyr. Şahyr ýadap gelen myhman oglana bir käse çaý hödürläpdir. Emma oglan elindäki käsäni ýere gaçyryp döwüpdir.

Magtymguly şonda özüniň Buharadan getiren käsesiniň döwlenine hernäçe gynansa-da, syr bildirmändir. Edil şol wagt şahyryň başga bir ýakyn dostlaryndan biri içeri girip, ondan täze düzen goşgularyndan birkisini okap bermegini haýyş edipdir.

Şahyr dostunyň we öýünde oturan beýleki adamlaryň isleglerine görä, eline sazyny alyp, «Daşy syndyrar» goşgusyny aýdyp beripdir:

Ykbalyň oýansa, döwlet ýar bolsa,
Daga azy ursaň, daşy syndyrar.
Täleýiň ters gelse, bagtyň şor bolsa,
«Paluda» diýen aş dişi syndyrar.

Ajalyňdan gorkup girseň ummana,
Gorkudan ne peýda gidejek jana,
Ömrüň ahyr bolup, dolsa peýmana,
Haşhaşyň samany başy syndyrar.

Bar sözüne gulak goýgul bileniň,
Ahyry hiç ýere ýetmez ýalanyň,

Ömür saly artar alkyş alanyň,
Gargyş galyndyrmaz, ýaşy syndyrar.

Akylyň sözüne köňül söýüner,
Akmagyň işine zehin käýiner,
Muhannes giň ýerde akyl saýynar,
Dar ýerde akyly-huşy syndyrar.

Magtymguly, çölde gezen naşyny,
Bilik sorma, köp sürdi diýp ýaşyny,
Dar mejlisde doly berseň käşini,
Aşyn iýe bilmez, käşi syndyrar.

Bu sözleriň manysyna magat göz ýetiren oglan ýerinden turup, ýuwaşlyk bilen öýden çykyp gidipdir.

## «SÄHRA BITEN BOÝ DEREK...»

Türkmen akyny – şahyry Magtymgulynyň ene-atasy pukara bolupdyr.

Günlerde bir gün, barly toparyň wekilleri şahyra degmek üçin:

– Seniň ata-eneň kim? Olar nätüýsli adam bolan? Şony bize aýdyp ber bakaly? – diýip ýüzlenipdirler.

Şonda Magtymguly duran ýerinde olara şeýle jogap beripdir:

Atam aslyn sorasaň –
Däne seçýän daýhan är.
Enem aslyn sorasaň –
Tohum berýän gara ýer.

Meniň aslym sorasaň –
Sähra biten boý derek.
Zähmetimiň miwesi
Köp eýýama gitse gerek.

Akynyň jogabyny eşiden barly adamlar sesini çykaryp bilmän, öz ugruna gidipdirler.

## GÖZEL TEBIGATYŇ AŞYGY

Magtymguly oňat eserler döretmekden ötri, ýaz hem tomus wagtynda döwet-galamyny, depder-kagyzlaryny göterip, Etrek çaýlarynyň owadan kenarlarynda, salkyn saýalarda, gyşyna bolsa, daglaryň ümür düşmeýän, şemal geçmeýän ýyly gowaklarynda oturyp, goşgy ýazýar eken.

Magtymguly öz-özünden ösýän injir, hoz, nar, badam, jenewüt (söwüt), arça, üzüm, zirk, böwürslen we beýleki miweli-miwesiz agaçlar ýazyna parç bolup, dyza ýetip duran gülli otlar bilen bezelen çaýyň owadan kenarlarynda, çal goçlary, umga-aýraklary, şöwkeleri we başga dürli janawarlary bolan seri dumanly daglarda gezmegi, seýil etmegi özüne endik edinipdir.

8. Sargyt № 531.

# Guşy gonanda tut

Magtymgulynyň ussahanasy adamsyz bolmaz eken. Kimsi ýüzük, kimsi göwüsbent, eýer, gamçy oňardar eken.

Bir gün bir gelin Magtymgulynyň ussahanasyna gülýakasyny gaşlatmaga gelipdir. Magtymguly onuň gülýakasyna gaş oturtmaga başlapdyr.

Ol birden gülýakany goýup, ýanyndaky döwet-galamy alyp, bir zatlar ýazyp başlapdyr. Bu zatlary synlap oturan gelin:

– Şahyr aga, näme gyssandyňyz? – diýip sorapdyr.

Onda Magtymguly:

– Keýgim, ylham diýilýän zat bir uçup ýören guşdur. Ony gonanda tutmasaň, uçar gider. Gülýaka bolsa hiç ýere gitmez – diýipdir. Gelin ondan:

– Şahyr aga, ol nähili guş bolýar? Görünýän zat ýok-la? – diýip sorapdyr.

Magtymguly heniz syýasy guramadyk kagyzy eline alyp, gelne «Dilberiň» diýen goşgusyny okap beripdir:

Köňül şährine ot saldy,
Wah, neýleý, nary dilberiň.
Etrapymy duman aldy,
Gelendir gahry dilberiň.

Adam nesli däldir meger,
Hüýri-gulman başyn eger,

Handan eýläp, bize deger,
Gorkaram, mary dilberiň.

Göwher, ýakut ýar boýnunda,
Pelek lerzandyr oýnunda,
Ýetişipdir ýar goýnunda,
Pynhandyr nary dilberiň.

Oldur aşyklar ataşy,
Eripdir Mejnunyň ýaşy,
Kenizidir hem syrdaşy –
Behişdiň hüýri dilberiň.

Ýandy, goja, ýürek ýaraň,
Hyrydary sen biçäräň,
Magtymguly – bagty garaň
Namysy, ary dilberiň.

## BIEDEPLERDEN ÖWRENDIM

Bir adam Magtymgulynyň şygyrdyr gazallaryny okap, okamadygyny hem halkdan eşidip: «Bu gazallary nähili adam ýazdyka? Ony bir görüp bolsady?» diýip, arzuw edip ýör ekeni.

Günlerde bir gün, ol adam bir toýda Magtymgulyny görüpdir. Ol adam şahyryň ýanyna baryp:

– Şahyr aga, men siziň ýazan goşgularyňyzy okadym, eşitdim. Siziň akylly sözleriňiz meni haýran

etdi. Men onuň täsirini häzir söz bilen düşündirip bil-jek däl. Ýöne, siz aýdyň, bu ýagşy edebi, şahyrana setirleri nireden aldyňyz, kimden öwrendiňiz? – diýip sorapdyr.

Onda şahyr:

– Bu edebi, ýagşy sözi biedeplerden öwrendim – diýip, nagt jogap beripdir.

Ol adam şahyryň jogabyna öňküden hem haýran galyp, ýene oňa ýüzlenipdir:

– Şahyr aga, biedep adamlarda ýagşy söz näme işlesin. Olara ýagşy sözi sürtseňem ýokmaýar? Bu nähili beýle bolýar ahyryn?!

– Men hem şony aýdýan-da! – diýip, Magtym-guly jogap beripdir. – Olar aýdylan ýagşy sözi tut-maýar, men bolsa tutýan.

## KYRKGYZ BÖWÜR

Yurt serdarsyz galypdyr. Oba ýaşululary birbada kimi serdar saýlajaklaryny bilmän aljyrapdyrlar. Olaryň biri goňşy obada bolan toýdan gelýän bäş-on sany ýigidi görüp:

– Şu gelýän oglanlaryň edebini barlalyň. Haýsysy gelip saglyk-amanlyk soraşsa, şony oba ser-dar belläliň – diýýär. Onuň teklibini beýlekiler gol-dapdyrlar. Şol wagt oglanlardan saýlanan Buzlypolat atdan düşüp, ýaşulular bilen saglyk-amanlyk soraşýar. Olar şerte görä, Buzlypolady oba serdary saýlaýarlar.

Buzlypolat adalatly bolupdyr, oba adamlarynyň agzyny bir edipdir. Emma gyz çykaryp, ogul öýermek meselesine üns bermändir. Ýurtda gyzyň galyňyna köp zat talap edilipdir. Galyň zerarly ýigit magşugyna, gyz aşygyna duşup bilmän, armanda galypdyr.

Günlerde bir gün, obanyň garyp-gasarlary galyň belasyna çydaman, Buzlypolada arz edipdirler. Ol oýlanyp-ölçerip bolandan soň:

– Hak aýdýaňyz! – diýip, sözüni başlapdyr. – Biziň ädimizi ýakyp, sütünimizi süýndürýän galyň. Galyň zerarly Magtymguly şahyrymyz nä günlere düşdi. Jarçy jar çek. Şu günden ertir gün agýança aşyk-magşuklara ýol açyk. Kim-de kim olara päsgel berse, goh-galmagal turuzsa, zowaly meniň boýnuma.

Ertesi günortana çenli obada segsen sany nowjuwan maksadyna ýetipdir. Olaryň arasynda Buzlypoladyň gyzam bar eken. Özi perman berensoň, Buzlypolat ýaş juwanlara batyrynyp bilmän, toýy uludan tutmaly bolupdyr. Kyrk gyz, kyrk ýigidiň toýy bir ýerde geçirilipdir.

Magtymguly ýaş juwanlaryň toýuny tüýs ýürekden goldapdyr. Ol gülälek ýaly gyzlara, bürgüt dek ýigitlere diýseň guwanyp, «Bu gün!» diýen goşgyny aýdypdyr:

Dogdy asmanyň Zöhresi,
Çyn aşyga döwran bu gün.
Açyldy zemin lälesi,
Işbu dünýä reýhan bu gün.

Her saýranda şeýda bilbil,
Öwşün atar öwüsip gül,
Aşyk bolsaň, muny ýat bil,
Magşuk saňa gurban bu gün.

Dil senewer şekeristan,
Älem-jahan gül-gülüstan,
Goýnuň içre biten bossan,
Goç ýigitler bagban bu gün.

Gül dessesin tirer bolsaň,
Gülşen içre girer bolsaň,
Menden habar sorar bolsaň,
Toty güftar zyban bu gün.

Daglar başy ümür basan,
Jülgesinde güller ösen,
Her deminde namart gysan,
Adyl şadan perman bu gün.

Dowamatdyr il merdine,
Awun bermez şir gurduna,
Çyn aşygyň ol derdine,
Pyragydan derman bu gün.

Şundan soň segsen sany aşyk-magşugyň toý tutan ýeri «Kyrkgyz böwür» diýlip atlandyrylypdyr.

# Orazmeňli şahyr

Magtymgulynyň ýakyn dosty Orazmeňli diýen şahyr ýaş wagtynda bir dul aýalyň Serwer diýen gyzyna aşyk bolýar. Gyz hem ony söýýär. Olaryň bu syry bir gün gyzyň hossarlaryna mälim bolýar. Gyzyň hossarlary: «Biz bu ýerden göçüp gitmesek, Orazmeňli günümize goýmaz» diýip, hiç kime duýdurman, başga ýere göçüp gidýärler.

Orazmeňli şahyr Serwer dagynyň göçüp gidendigini şol agşam bilipdir. Ol biline gylyç asyp, ata münüp, olaryň yzyndan kowupdyr. Ol ep-esli ýol ýöräp, daglyk ýerde göçüň yzyndan ýetipdir. Barsa, göç iki dagyň arasyndan geçip bilmän duran eken. Göçüň öňünde bir ýolbars garysyny ýassanyp, göçi geçirmän ýatan eken. Orazmeňli batyr, gaýduwsyz ýigit bolan. Ol barandan soň, Serweriň doganlarynyň biri:

– Orazmeňli, dogrusyny aýtsak, biz senden gaçyp gelýärdik. Sen batyr ýigit. Eger bizi şu ýolbarsdan sag-aman sypdyrsaň, Serweri saňa öz razylygymyz bilen bereli – diýipdir.

Orazmeňli atdan düşüp, ýolbars bilen başa-baş söweşipdir.[1] Ahyry ýolbarsyň bilinden gujaklap, oňurgasyny omrup, ony öldüripdir. Serweri berjek bolsalar, ol: «Janlarym, meniň bu işim telek boldy. Ýolbarsy öldürdiň nä, iti öldürdiň nä?! Il: «Orazmeňli

[1] Ikinji nusgada Orazmeňli gelenden ýolbarsy öldürip, «Nähili etseňiz-de, gyz meni söýýändir» diýip, yzyna gaýdýar. Seret: Magtymguly hakynda halk rowaýatlary, 26 sah.

it öldürip, gyz alypdyr» diýer. Gowusy, gyzy soň alaýyn» diýip pikir edip, gyzy alman, yzyna gaýdypdyr.

Günlerde bir gün, Orazmeňli bilen Serwer gaýtadan gepleşip, bir ýana gaçyp gitmek üçin dilleşipdirler. Olar tapyşyk ýeri diýip, dagyň çetindäki uly bir gaýanyň gapdalyny belleşipdirler.

Nowruz günleri, Aý aýdyň gije. Orazmeňli bellenen wagtynda uly gaýanyň ýanyna baryp, Serwere garaşýar. Serwer gelmeýär. Ol esli wagt garaşandan soň, ahyry Serwerleriň öýüniň töweregine barmaga mejbur bolýar. Ol ýerde o ýana, bu ýana gezmeläp ýörşüne täze at aýaklarynyň yzyna gözi düşýär. Orazmeňli atlaryň yzyny alyp gidýär. Barsa, gyzyň doganlary: «Öň gyzy alman bizi masgara etdi» diýip, Serweri başga birine durmuşa çykarýan ekenler. Ol ýerde eýýäm toý başlanan eken.[1]

Özüne göwni ýetýän Orazmeňli dogry toý jaýa barýar. Gyzyň üstünde galmagal başlanýar. Obada dawa-jenjel, düşünişmezlik bolsa, Magtymguly çagyrylar eken. Adamlar bu gezegem toý jaýa Magtymgulyny çagyrypdyrlar. Magtymguly «Oýunçy utulanyny bilse ýagşy» diýip, şonda dostuna basalyk bolupdyr.

Orazmeňli bolan bu keç işe tolgunyp:

---

[1] Birinji nusgada hem Serweri başga birine durmuşa çykarýarlar. Serweriň ol adamdan perzendi bolmaýar. Orazmeňli hem ony yzarlap barmaýar. Serwer bir gün toý edip, oňa Orazmeňli bilen Magtymgulyny çagyrýar. Olar toýa barýarlar. Seret: 766[e]-njy bukja, 8–11 sah.

Deň-duşlar ýanynda boldum bikemal,
Bir bikemal ýigit ili ýandyrar.
Akylsyza akyl bermek hebesdir,
Görüň, akyllyny däli ýandyrar.

Orazmeňli aýdar, inçedir, zildir,
Ýar lebinden daman, gör, nije baldyr,
Han Serwerim bu gün bakjada güldür,
Bilbil köp saýrasa, güli ýandyrar.

– diýen goşgusyny aýdýar.

Serwer aşyk ýigidiň ýangynly sözlerini eşidip, çydaman kellesindäki bürenjegi zyňyp goýberýär-de:

– Men bu ýeriň gelni däl. Men seniň bilen gitmäge razy – diýip aýdýar. Emma Magtymgulynyň aýdyşy ýaly, olaryň ikisi hem beýtmegiň indi giçdigine düşünýärler.

Toý sowlandan soň, Orazmeňli Magtymgula ýüzlenip:

– Eý Magtymguly, boljak iş boldy. Ykbaldan çykyp gitme ýok. Serwer hakda näçe aýtsaň hem az. Serweriň toýy, özi hakda seniň hem birki agyz söz aýtmagyňy isleýän – diýipdir.

Magtymguly ýalňyşlyk bilen agyr ýagdaýa düşen gözi ýaşly Serweriň gyzaran ýüzüne, balkyldap duran gözlerine garap, «Gözel sen!» diýen goşgusyny aýdýar.

Soňra Magtymguly Orazmeňliniň elinden tutup, ony oba alyp gaýdýar. Bular ýolda ondan-mundan gürrüňleşip, obanyň töwereginde gezelenç edýär-

ler. Gezip ýörüşlerine Orazmeňliniň gözi Serwer bilen belleşilen gaýa düşýär. Ol şol gaýa garap:

Beýabanyň ýaýlagyna çykanda,
Ol görünen han Serweriň dagydyr.
Ýene görsem han Serweriň dagyny,
Aklymy teň eden gamy dagydyr.

– diýip aýdýar.

## IKI ŞAHYRYŇ DOSTLUGY

Magtymgulynyň at-owazasy il içine giňden ýaýran wagtlary ýomutlardan biri uly toý tutupdyr. Toýa köp ýerden adam çagyrylypdyr.

Şol wagtlar Magtymguly Köneürgençde ýaşaýan gökleňleriň arasyna gezelenje gelipdir. Şabende onuň bilen görüşmek arzuwyny edip ýören eken. Ol şahyryň gelenini eşidip, toý eýesinden Magtymgulynyň çagyrylyp getirilmegini haýyş edipdir. Şabendäniň teklibi köpüň göwnünden turupdyr. Ol: «Uzak ýoldan bu ýere gezmäge gelen arzyly myhmany üstümize getirmän, ilki özümiz onuň üstüne baraly!» diýip, çakylykçy bolup, özi gidipdir.

Şahyry şahyr toýa alyp gelipdir. Toýuň märekesi bulary uly hormat bilen garşylapdyr. Giçde iki şahyr gezek-gezegine goşgy okap, köpçülige hezil beripdirler.

Şonda Magtymguly öz durmuşyndan tymsal getirip, oturan märekä öwüt-nesihat edip, «Aýrylma» diýen şygryny aýratyn labyz bilen okapdyr:

Messana gezinçäň gaýry ýurtlarda,
Önüp-ösen öz ýurduňdan aýrylma.
Melul käkilik deý nebsiň ugrunda,
Dama[1] düşüp, ganatyňdan aýrylma.

Töwekgel et, haka syryň biribar,
Sabr eýlegil, bisabyrlyk ne derkar.
Her ýerde işleseň, nesibäňiz bar,
Baý bolaý diýp, yzzatyňdan aýrylma.

Namartlaryň köňli şalygy istir,
Nadanlaryň köňli duşmana dost diýr,
Biakyllar ýalan sözni rast diýr,
Gadryň bilen ülpetiňden aýrylma.

Namartlar hem muhannesler – naçarlar,
Tagamyň iýp, işiň bolsa gaçarlar,
Syryňy paş edip, aýbyň açarlar,
Tälim beren ussadyňdan aýrylma.

Kimse gallaç bolsa, kimse baý bolar,
Her kişiniň bagty ykbaly bolar,
Herne gelse başa diliňden geler,
Magtymguly, hak ýadyndan aýrylma.

---

[1] Dama – duzak, gapan, tor.

Bu şygry eşidenden soň, jemagat bilen birlikde, Şabende hem arzyly myhmanyndan minnetdar bolup, oňa sag bol aýdypdyr.

Şol jemagat iki şahyrdan hem hoşal bolupdyr. Toý eýesi bulara halat-serpaý ýapypdyr.

Magtymguly Şabendäniň öýünde birnäçe gün bolupdyr. Şabende ony Wasyň sähralaryna, Uzboýuň kenarlaryna gezelenç etdiripdir. Üstýurduň gyrlaryna, Barsagelmeze aýlap, myhmanynyň göwnüni açypdyr.

Magtymguly iline gaýtjak wagty Şabendäni öz obasyna myhmançylyga çagyrypdyr. Aradan ep--esli wagt geçenden soň, Şabende kerwene goşulyp, Magtymgulynyň mekanyna gidipdir.

## Üç dost

Magtymguly märeke söýen, köpe ýaraşykly bir adam bolupdyr. Her bir ugurdan özüne göwni ýetýän adamlaram onuň bar ýerinde arkaýyn gürläbermäge çekinipdirler. Magtymgula hemişe öýüň töründen ýer beripdirler.

Ol obada Ussagara, Orazmeňli ýaly şahyrlar bilen tirkeşer eken.

Ussagara diýilýän adam el hünärine diýseň ökde bolupdyr. Ol hat ýazanda harplary şeýlebir owadan çekýän eken, hatda görenler oňa haýran galar eken. Magtymguly öz dostunyň hatdatlygyny taryp edip, ýörite goşgy ýazypdyr. Şol goşgynyň ilkinji bendi şeýle başlaýar:

Bizden salam bolsun Ussagaraýa,
Bir galam çekişiň dagy men, dagy.
Melhem olsun synamdaky ýaraýa,
Bir galam çekişiň dagy men, dagy.

Orazmeňli şahyr hem bir iş etmekçi bolsa, mydama Magtymgula geňeşer eken.

## «YKBALLY BENDÄNIŇ PAÝY GÖZEL SEN!..»

Magtymgulynyň obasynda bir uly baý ýaşaýan eken. Ol baýyň gaty owadan ýetişen gyzy bar eken. Ine, şol gyza obanyň bir garyp oglany aşyk bolupdyr. Ol ýigit öz söýgülisiniň daşyndan guwanyp köp gezipdir. Gyz hem muny aňyp, ol oglany halapdyr.

Bir gün ol gyz suw almagy bahanalap, ýap boýuna gelende oglan bilen duşupdyr. Bir üýşmeleňden gelýän Magtymgulynyň ýoly olaryň üstünden düşüpdir. Şahyr aşyk-magşuklary utandyrmazlyk üçin ýanlaryndan görmediksiräp geçiberjek bolupdyr.

Şol wagt şahyry gören gyz utanyp, gaçyp gidipdir. Oglan bolsa şahyryň yzyndan ýetip:

– Magtymguly aga, men şol gyzy gowy görýän. Siz oňa bagyşlap, maňa bir goşgy düzüp beriň! – diýip haýyş edipdir.

Magtymguly baý ýeriň gyzyny ol ýigidiň alyp bilmejekdigine göz ýetirip, «Gözel sen!» diýen goşgusyny ýazypdyr.

Magtymguly başky üç bendi okap berýänçä, ýigit sesini çykarman diňläp durupdyr. Haçanda:

Her kim güýçli bolsa, oňa pir diýrler,
Dertli gülüň dermanyny biýr diýrler,
Gawunyň gowusyn şagal iýr diýrler,
Ykbally bendäniň paýy gözel sen!

– diýen dördünji bendini okanda, ol:

– Magtymguly aga, men ol gyzy, ol hem meni söýýär. Siz ol gyzy başganyň däl-de, meniň paýyma degişli gözel diýip gazal düzmeli ahyryn! Siz bolsa:

«Gawunyň gowusyn şagal iýr diýrler,
Ykbally bendäniň paýy gözel sen!»

diýdiňiz! – diýip, nägilelik bildiripdir.

Magtymguly beýle diýmek bilen, ol gyzyň özüne mynasyp bolmadyk bir baý ogluna beriljegini göz öňünde tutupdyr. Sebäbi Magtymgulynyň zamanasy şeýle eken. Magtymguly aşyk ýigidiň halyna gaty gynanypdyr. Ýigidiň göwnüni ýykmajak bolup, ol goşgusyny şeýle soňlapdyr:

Magtymguly halkdan syryn gizlese,
Dişini owradyp ýalan sözlese,
Owalda, ahyrda eýäm gözlese,
Garyp biçäräniň paýy gözel sen!

# Dogry ýol

Bir ulama ömrüni dini kitaplary okap geçiripdir. Ol garrylyga ser uranda Magtymgulynyň goşgularyny okapdyr. Dini bildiginden tutan bu ulama:

– Men «Rownakyl-yslamy», «Sopy Allaýary», «Muhteseri» birnäçe gezek okadym, emma Magtymgulynyňky ýaly dogry ýola duşmandym. Indiden beýläk Magtymgulynyň şygyrlaryny okaryn – diýip kasam edipdir.

# Garaguşy tutup, oda saldym

Oba adamlary Magtymgulynyň ýanyna gelip, her babatdan ondan maslahat sorar ekenler.

Bir gün bir garry aýal gelip:

– Magtymguly, meniň garaguş keselim bar. Şony dep edip ber – diýipdir.

Magtymguly garry aýalyň göwnüni ýykmajak bolup, onuň depesinden elini üç gezek aýlapdyr-da:

Bar, keýigim, bizden em bolsun,
Garaguş sizden güm bolsun,
Keseli tutup oda saldym,
Indi hiç wagt garaguş tutmaz.

– diýipdir.

Şahyryň sözüne ýürekden ynanan ol aýalyň garaguşy şondan soň tutmandyr.

## HYZMAT ETSEŇ, HARA DÖNER

Magtymguly garran wagty Döwletýar bilen Astrahanda duşuşypdyr.

Döwletýar Allaýar hanyň gyzyna aşyk bolupdyr. Şonuň üçin ol Müsür patyşasyndan zorluk görüp, ýedi ýyl zyndanda oturypdyr. Müsürden gelenden soň, ýigitlerini ýygnap, ýene at üstüne çykypdyr.

Kyrk ýigidi bilen adalatsyzlyga garşy arlap söweşip ýören Döwletýar metjidiň öňünde duran Magtymgulynyň ýanyna gelipdir. Atdan düşüp, şahyr bilen görşüpdir. Olar bir-biriniň aslyny soraşypdyr. Magtymguly şol ýerde Döwletýara:

– Gylyjyň ötgür bolsun, abraý-syýasatyň artyk bolsun, sözüň kesgir bolsun – diýip, nesihat edipdir. Şahyr hyzmaty kime etmelidigini Döwletýara ýatladyp, «Gadryň bilinmegen ýerde» diýen şygryny aýdypdyr:

Yzzat, hormat, syn etmegin,<br>
Görüm görülmegen ýerde.<br>
Akyl bolan söz açarmy?<br>
Nobat berilmegen ýerde.

Akly ýagşylar unutmaz,
Gury agaja ýaprak bitmez,
Akylly är mesgen tutmaz,
Hulky söýülmegen ýerde.

Batyl galan aryk akmaz,
Her naşydan kerem çykmaz,
It gözlemez, pişik bakmaz,
Supra ýaýylmagan ýerde.

Haj eýleseň, jara döner,
Gül açylsa, hara döner,
Hyzmat etmek hara döner,
Gadryň bilinmegen ýerde.

Namart goş üstünde harlar,
Öter, aş üstünde gürlär,
Söweş gurup, gylyç parlar,
Jyza urulmagan ýerde.

Öý içinde hyra döner,
Muhannes bir nere döner,
Tilki, şagal şire döner,
Söweş gurulmagan ýerde.

Parasat kyl, bakyp akla,
Goç ýigidiň sözün hakla,
Magtymguly, diliň sakla,
Habar soralmagan ýerde.

9. Sargyt № 531.

# Magtymguly we Begaly

Magtymgulynyň Begaly şyh diýen ýakyn dosty bolupdyr. Şahyr Begaly bilen ýakyn aragatnaşyk saklapdyr. Käte Magtymguly, käwagt Begaly bir-biriniň ýanyna myhmançylyga barar ekenler. Şeýle duşuşyklarda Magtymguly özüniň täze ýazan goşgularyny dostuna okap berer eken.

Begaly şyhyň iki gyzy bar eken. Olaryň ulusyna Ogulbäbek, kiçisine Amanbibi diýer ekenler.

Ogulbäbek sekiz ýaşyndaka Begaly ony ýanyna alyp, Magtymgulyny görmäge barypdyr. Şonda şahyr keselläp ýatan eken. Begaly Magtymgula ýüzlenip:

– Hä sakgaldaş, syrkawladyňmy? – diýip, şahyryň saglygyny sorapdyr.

– Syrkawlamak syrkawlamakmy?! Biz indi tutuş syrkawa öwrülipdiris. Dost, bu garrylyk syrkawy. «Garrylyk öldürmez, öldürmese-de güldürmez» diýenleri. Indi dyzda kuwwat galmady, bilde gurbat, göwrede-de mydar galmady – diýip jogap beripdir.

Begalynyň Magtymgulyny gören Ogulbäbek diýen gyzy bir ýüz dört ýaşap, bir müň dokuz ýüz dokuzynjy ýylda aradan çykypdyr. Ogulbäbek bir müň sekiz ýüz bäşinji ýylda doglan. Sekiz ýaşly Ogulbäbek Magtymgulyny gören bolsa, onda Magtymgulynyň bir müň sekiz ýüz on üçünji ýyla çenli ýaşandygyny aýtmak bolar.

# Ölüm ýassygynda

Magtymguly näsaglap, ölüm ýassygynda ýatyrka, töweregine üýşüp oturan adamlara garap:

– Meni bir usul bilen daşaryk çykaryň – diýýär.

Şahyryň dostlary, hossarlary onuň goltugyna girip, emaý bilen işige çykarýarlar. Şonda Magtymguly daş işikde öýe arkasyny berip oturýar. Onuň oturan ýerinden seri dumanlap duran gojaman daglar, ulgam-ulgam jülgeler, beýikli-pesli baýyrlar, geçitler we ummasyz tekizlikler görünýär.

Şahyr bir meýdan garap durandan soň, «Näler görüner» goşgusyny aýdanmyş:

Seýl edeliň bu jahana,
Jahanda näler görüner.
Isgender, Jemşit saldyran
Beýik binalar görüner.

Bişeleri şir, peleňli,
Gülgüzar, nowça beleňli,
Gün düşmeýen ter öleňli,
Çeşmeli zawlar görüner.

Ýaradan bar etdi ýokdan,
Daglar dünýä sürer çohdan,
Sorsaň habar berer Nuhdan,
Garrygan awlar görüner.

Çaglan, ýalan dünýä çaglan,
Ne gülen galar, ne aglan.
Gar-ýagmyrlar, burjy baglan
Sapaly çaýlar görüner.

Serinden dumany gitmez,
Eýýam geçip, ýere batmaz,
Garryp galmaz, ölmez, ýitmez,
Gorganly daglar görüner.

Ne külbe galar, ne çeten,
Senemler seýl edip öten,
Toty, bilbil mesgen tutan,
Howaly baglar görüner.

Magtymguly, kim bar ölmez?
Ajal doýmaz, zemin dolmaz,
Asman inmez, ýer çöwrülmez
Gün ýörir, Aýlar, görüner.

Soňra Magtymguly:

– Meni indi öýe salyň – diýipdir.

Magtymgulyny öýe salyp, deň-duşlary ony ýerinde rahat ýatyranmyşlar. Şondan soň şahyr tiz jan berenmiş.

# «JAHANDA NÄLER GÖRÜNER...»

Magtymguly mazarynda ýokmuş», «Ol ölmändir, uçanmyş» diýen gürrüňler bar. Magtymguly «symsyk» (garahassalyk) diýen kesele duçar bolupdyr. Ol wagtlar her hili keseller köp bolupdyr. Magtymguly «symsyk» keselinden köp dert çekipdir. Üç aý, dört aý, hatda alty aýlap kesel ýatypdyr. Şonda ýüregi gyzyp: «Meni Soňudagyna çykaryň» diýipdir.

Soňudagy Magtymgulynyň aslynda gowy gören dagy bolmaly. Oba oglanlary, deň-duşlary, uly adamlar ony daga alyp gidipdirler. Şol wagt ol elli ýedi ýaşyňda eken. Soňudagyna çykanda Magtymguly kybla tarapa garap, «Näler görüner» goşgusyny döredenmiş.

Şol dagyň düýbünde Abu Sary diýen bir çeşme bar eken. «Ol şol çeşmäň başynda-da jan beripdir» diýip, Täçhally Garry diýen adam gürrüň berdi. Şondan soň, Magtymgulyny Akmaýa ýükläp, Aktokaýa alyp gelip, öz atasynyň gaýra ýanynda jaýlapdyrlar. Ýöne ol ýerde bir suw bolanmyş. Şol suwdan ötenlerinde öýle namaz wagty golaýlanmyş. Namaz okap gelip, düýä «Haýt!» diýip, ýerinden turuzjak bolanlarynda, üstünde Magtymgulynyň jesedi ýokmuş. «Ol uçup, gaýyp bolup gidenmiş» diýen gürrüňler bar.

# Hormatly myhman

Bendesen obaly Amandurdy jüýk diýen şyh «Magtymgulyny göreni gördüm» diýip aýdardy. Amandurdy gyzyl eňek jahyl wagtynda ol adam togsandan aşan eken. Ol Amandurdy jüýge şeýle gürrüň beripdir.

Bahar aýlary obamyzdan Öwezberdi şyh çallygyna (goýun-geçä) ýazlag diýip, Hasar dagyna göçmekçi boldy. Men ýaş-ýeleň bolamsoň, oňa göç göçürişdim. Baryp Mezitli diýen çeşmäniň (häzir şol çeşme Hasar dagynda bar) golaýynda ýurt tutduk. Öwezberdi şyh tapdan düşen garry bolansoň, «Dostumyň ogly Magtym jany (Magtymgulyny) göreýin» diýip, Garrygala sargyt etdi. Şondan soň bir adam geldi.

Öwezberdi şyh oňa söwüş etdi. Ol gelen adamyň Magtymguly şahyrdygyny bilip galdym. Ol ortadan uzyn, siňirlek, goýun göz, pakga gulagy otagaly, ýaýylyp ýatan tüňňüräk maňlaýly, ýuka dodak, kakçekge, at ýüzli, oňurga burun, selçeň sakgaly döşüni basyp duran adam eken.

Ol Mezitlide birküç gün boldy. Dagyň gündogaryndaky Serkemere çykyp, aw awlady.

Magtymguly gaýtjak bolanda, Öwezberdi şyh bilen şahyry Çylgym eňňitden aşynça ugratdyk. Şonda Magtymguly Hasar bilen hoşlaşyp, käýarym töwerege ser salyp, şu goşgyny aýtdy:

Hasar dagy beýik bolar,
Üsti doly keýik bolar,
Mergenlere seýik bolar,
Barsaň Hasar dagyndadyr.

Kuh erer ýeriň soltany,
Göwsünde gurmuş dükany,
Üç ýüz altmyş şir mekany,
Görseň Hasar dagyndadyr.

Mesgen tutar çarwadarlar,
Ýalçysynda ýatar marlar,
Deresinde biter barlar,[1]
Tirseň Hasar dagyndadyr.

Pereňler çyrpynyp çykan,
Boz mallar gaýa bakan,
Serkemerdir deriň döken,
Ýörseň Hasar dagyndadyr.

Magtymguly diýr bu dagy,
Ýakypdyr heseriň dagy,
Yşk edip sapaly çagy,
Sürseň Hasar dagyndadyr.

[1] Bar – miwe.

## SOŇUDAG

Magtymguly Soňudagda bolup, ol ýerde birnäçe goşgusyny ýazypdyr. Şahyryň bolan Soňudagy hakynda şeýle rowaýat aýdylýar:

...Öň zamanlarda bir akylly, parasatly adam bolupdyr. Onuň özi bagly-bakjaly gülzarlyk ýerde ýaşaýan eken. Ol adam miweleriň tohumyny hemme ýere ýaýratmak isläpdir. Şonuň üçin Gürgençden Hywa barýan ýolagçylaryň birine bir saçagy dolduryp, dürli miweli baglaryň tohumlaryndan berip: «Hywa barýançaň sepip git» diýip, sargyt edipdir.

Ol adam ýola düşüp, tabşyrygy berjaý edip ugrapdyr. Emma saçakdaky tohum uzaga ýetmändir. Ýolagçy tohumlaryň soňuny Etrek derýasynyň ýeňsesindäki dagda baýadypdyr.

Şondan soň, ol dagyň adyna Soňudag diýipdirler.

## MYNASYP ŞÄGIRTLER

Hywadaky Şirgazy medresesinde okaýan talyplar üçin salnan darajyk hüjreleriň birinde Gündogaryň parasatly alym şahyry Magtymguly ýaşapdyr. XIX asyr türkmen şahyrlary Seýdidir Zelili hem şol medresede okapdyrlar. Emma bularyň elleri ýuka bolany üçin, her haýsy bir hüjräni kireýine alyp bilmän, ikisi bir hüjrede ýaşamaly bolupdyr.

Halk rowaýatlaryna görä, bu ýerde elmydama bir hüjre boş durar eken. Şol hüjrede bir wagtlar Magtymguly şahyr ýaşapdyr. Medresäniň däbine görä, bu ýerde okap giden iň güýçli talybyň ýaşan hüjresi, her tarapdan bäsdeş şahyr tapylýança boş durmaly eken. Şonuň üçin bu ýerde okan talyplardan Magtymgulynyň hüjresine ýaşamaga milt edip bilen bolmandyr. Diňe Seýdi bilen Zelili baryp, şol hüjrede gijesine ýatar ekenler. Sebäbi bular Magtymgulyny özleriniňki, öz halypasy hasap edipdirler.

Bir sapar iki şahyr şol hüjreden çykyp gelýärkäler, gapdallaryndan bir mollasumak çykyp:

– Magtymguly siziň nämäňiz bolýar? – diýip sorapdyr.

Bular:

– Magtymguly biziň ussadymyz bolýar – diýip jogap berýärler.

Onda molla:

– Beýle bolsa, Magtymguludan bir şygyr okap beriň – diýýär.

Şonda şahyrlaryň biri Magtymgulynyň:

Mollalar ahyret sözün söýlärler,
«Müňkür olma, boljak işdir eýlärler»,
Kim biler ki ahyretde neýlärler –
Iýip, içip, münüp, guçup öt ýagşy.

– diýen bendini aýdýar.

Bu setirler mollasumaga ýaraman, hüňürdäp, bularyň ýanyndan gidiberýär.

# YNHA, ODUN HEM TAPYLAR

Annagurban işanyň ogly Nazarmämmet işan öz döwründe ýaz aýlary sopulary, oba adamlary bilen Garrymollanyň guburyna zyýarat eder eken.

Bir sapar zyýarata baranlarynda ýagyn ýagyp, odun tapylmandyr. Şonda Nazarmämmet işan «Häý oglanlar, sabyr ediň, ynha odun hem tapylar» diýende ýokardan sil gelip, kän odun, agaç getiripdir. Adamlar «Häý, Nazarmämmet işanda hem keramat bar-ow» diýişýärmişler.

Şu gürrüňi Nazarmämmet işan bilen tirkeşen adamlaryň özi maňa gürrüň berdi. Nazarmämmet işan Ata işany Aktokaýa äkidip, «Bu Garrymollanyňky, bu-da Magtymguly işanyňky» diýip, guburlaryny görkezipdir. Şondan soňra, Magtymgulynyň Aktokaýdadygy dünýä belli boldy.

# MAGTYMGULYNYŇ NEBERELERI

Magtymgulynyň ogly Mollabäbegiň we Akgyzyň ady dakylmandyr. Indi Meňliniň ady Şyhbeglerininňkide bar. Garrymolla, Magtymguly, Abdylla, Mämmetsapa dagynyň ady dakylan. Zübeýda doganym Seýitjanyň gyzy. Orazgülüň hem ady bar. Oňa Garry mama diýýäs. Pälwannyýaz gaýry

ýurtda bolmaly. Olaryň içinde onuň ady bar. Ýaryň ady dakylan ilerki derede oturýar. Garrymollanyň körpe oglumyş, ady Ýarymyş. Ol gazak aýalyndan bolupdyr. Ony men Şagurbadyň gyzymyka diýip çak edýän. Şol gazak aýalyndan iki çagasy bolupdyr. Garrymollanyň ýedi ogly, bir gyzy barmyş. Bulary Täçhally garry aýdypdyr.

## ADYNA HAÝRULLA GOÝDUK

Ata işan garyndaş-doganlaryny görmek üçin Garrygala atly gidipdir. Gerkezlerden bir ýaşuly onuň elinden tutup, gaýralygyna bir derä äkidipdir. Ata işan gaty gorkup:

– Eý-dat, meni satjak bolýarmyň, öldürjek bolýarmyň? – diýipdir.

Ol adam:

– Men seni tanaýan, Magsymjan men. Öldürjek däl, gorkma! – diýip, ony bir tümmegiň üstüne eltip – Aýat oka! – diýipdir. Ata işan «Kulhuwallany» okapdyr. Ol adam:

– Bu seň babaň bolmaly. Ady-da Haýrulla bolmaly. Magtymgulynyň gardaşy, Garrymollanyň ogly bolmaly – diýdi. «Men Haýrullanyň kimdigini, onuň neberesini bilemok» diýip, Ata işan aýtdy. Ata işanlarda gadym galan bir kitap bar eken, şonda «Ata işan – Nazarmämmet işan – Annagurban işan» şondan ýokarsy bir hata ýazlypdyr. Şol sahypanyň arasynda

kebelek galyp, onuň suwuna iki kagyz ýapyşypdyr. Kagyz agdarylanda, iki kagyz bir bolup agdarylypdyr. Kagyzyň ikidigi 1950-nji ýylda bilnip, Haýrullanyň kimdigi belli bolan. Şondan soň özümden kiçi Aly işanyň ogly boldy, oglunyň adyna Haýrulla goýduk.

## Orup gitdi

Halk arasynda bir gürrüňe görä, bir gün şahyr men diýeniniň başy jemlenipdir. Mejlisde şahyrlaryň biri:

– Magtymguly şahyr ähli zat hakynda goşgy ýazyp, özgelere ýazmaga zat goýmandyr. Biz indi näme hakda ýazarkak? – diýen meseläni orta atypdyr.

Bu soraga şonda Kemine şahyr (başga bir golýazmada Zelili diýilýär) şeýle jogap beripdir:

– Magtymguly bize ýazmaga zat goýman, söz meýdanynyň oragyny orup gitdi. Indi bize diňe onuň hoşasyny çöplemek galdy.

# MAGTYMGULY HAKYNDAKY MAGLUMATLAR

– 1 –

Magtymguly Ýonaçy ogulsyz-gyzsyz geçip barandan soň, aýaly bilen Bilewke ata diýen öwlüýä ýykylypdyr. Şol ýerde «Bir ogul berdik» diýlipdir. Ogly bolupdyr. Olar «Garran wagtymyz oglumyz boldy» diýip, oňa Garrymolla dakypdyrlar.

Magtymguly Ýonaçy tiken ýonasynyň ondan birini garyp-gasarlara berenmiş.

Garrymollanyň oglunyň ady hem Magtymguly. Oňa atasynyň adyny dakypdyrlar. Bu Magtymguly dogandan dünýä dür saçyberenmiş.

– 2 –

Aýdan aý, günden gün geçip, wagty-sähedi bilen Magtymguly Ýonaçynyň bir ogly bolýar. Oňa Döwletmämmet diýip at goýýarlar. Soň ony Salyh Nyýaz ahuna berýärler. Döwletmämmet ýaşka-da örän zehinli eken. Ol her bir meselede Salyh

Nyýazy ýeňer eken. Ahun onuň örän güýçlüdigini bilipdir we oňa yhlas bilen hyzmat etmäge başlapdyr.

**– 3 –**

Azadynyň çyn ady Döwletmämmet ekeni. Ol halkyň azatlygyny, oňat ýaşamagyny arzuw edipdir. Şonuň üçin ol öz adyna-da «Azady» diýen lakam goýupdyr. Döwletmämmediň ýaşy otuzdan agansoň, onuň bir ogly bolupdyr. Toý, şatlyk başlanypdyr. Edil şu toýuň üstüne bolsa, Azadynyň iň oňat görýän dosty Selim Magtym gelipdir. Ýaňky bolan çagany:

– Al, sen şuny ogul edinäý – diýip, Selim Magtymyň etegine atypdyrlar. Ol bolsa bäbegiň maňlaýyndan ogşap, kellesini sypalapdyr-da:

– Entek siz muny idediň, ulalandan soň, özüm äňederin – diýip, çagany yzyna beripdir.

Şondan soň bu oglanjyga her kim «Magtymyň ogly, Magtymyň guly» diýşip ýörensoňlar, onuň ady hem Magtymguly bolup galyberýär.

**– 4 –**

Magtymguly Ýonaçy kyrk alty ýaşyndaka Garrymolla diýen ogly bolýar. Ýonaçy bolsa altmyş alty ýaşynda ýogalypdyr.

**– 5 –**

Gazak aýal Azadynyň ýanyna gelip:

– Ölinçäň hyzmatyňda boljak – diýýär. Şonda Azady ýaş Magtymgula sala salýar. Ol ilki razy bolmaýar. Soň razylyk berýär.

Magtymgulynyň özem ýeňňe aýal bilen ýaşapdyr. Ondan Mollabäbek diýen bir ogul bolýar. Ol ýedi ýaşynda ölýär. Soň Magtymgulynyň ogly bolmaýar. Ol zürýatsyz dünýäden ötýär.

**– 6 –**

Döwletmämmediň dokuz ogly, üç sany gyzy bolupdyr. Ogullarynyň ady: Çaky, Päki, Gulça, Çerre, Janesen, Seýit, Magtymguly, Mämmetsapa (Mämmetsapanyň aýaly hem Akgyzdyr), Abdylla. Gyzlarynyň ady Hurma (Zeliliniň ejesi), Baýram, Hanmeňli.

Musa ahunyň aýtmagyna görä, Abdylla öýlenmänkä dünýäden ötüpdir. Gulçany bolsa Öweznepes serdar Bagajykda öldüripdir.

Magtymguly ömrüniň köpüsini Gökýantamda ýaşap geçiripdir.

**– 7 –**

Döwletmämmet bir gün Magtymgula garap:

– Men ölenimden soň, pylan-pylan mallary öldürip, yzymda sadaka berersiň – diýende, Magtymguly sesini çykarman, elindäki çyrany yzyna tutupdyr. Azady onuň diýjek bolýanyna düşünip: «Aý, onda özüň bil» diýipdir.

Magtymgulynyň bu hereketi «Ölüm-ýitim hakda däl-de, ýagty jahan hakda pikir edeli. Çyramyzyň yşgy sönmesin» diýdigi eken.

– 8 –

Garrymollany Şagurbatyň ýanynda, Etregiň Hajygowşan obasynda jaýlaýarlar. Garrymolla bilen Şagurbatyň aralygynda Magtymgulynyň gubury bolmaly. Halk gürrüňine görä, üç günden soň Magtymgulynyň jesedi uçup gidenmiş. Şondan soň «Şahyryň gubury ýok» diýen gürrüň ile ýaýrapdyr.

– 9 –

Meniň kakam elli bäş ýaşlarynda Magtymgulyny gören adamdan eşiden gürrüňini bize aýdyp berdi. Ol Magtymgulynyň şekili hakynda şeýle diýdi:

– Magtymguly çar deň, saryýagyz, at ýüzli, çokarak köse sakgally, gözi mawa ýakyn, goýun göz adam eken. Çekgesakgaly hem ýukatap eken. Gulagynyň iç çentinde tüýi bar eken.

– 10 –

Magtymguly örän owadan adam bolupdyr. Ol saryýagyz, siňirdenräk, uzyna golaý, at ýüzli, sakgaly döşüne düşüp duran, emma aşagy selçeňräk, özem goýun göz adam eken.

– 11 –

Magtymguly ýeňňe aýal bilen geçipdir. «Durusyn içmişler, laýa sataşdym» diýip, ýeňňe aýala dakylandygyny aýdypdyr.

Bu habary Kör bagşy (Batyr) aýdym aýtmazdan öň gürrüň bererdi. Ol Magtymgulynyň «Sataşdym» diýen goşgusyny şirwan perdede saza salyp aýdardy. Kör bagşynyň asly tekäniň tilkilerindendir. Ol örän güýçli bagşydy. Kör bagşy Gökdepe urşunda kyrk sekiz ýaşynda ok degip öldi.

**– 12 –**

Öwezberdi şyh, Selim magtym diýen adamlar öz zamanasynyň akylly kişileri ekeni. Olar Magtymgulynyň neberesi bilen elmydama dostlukly aragatnaşyk saklapdyrlar. Şonuň üçin Öwezberdi şyh, Selim magtym Magtymguly bilen dogan okaşypdyrlar.

Öwezberdiniň mazary Magtymguly etrabynda, Sumbaryň boýunda, Gerkez ýaýlasyndadyr.

**– 13 –**

Magtymgulynyň ýakyn dostlarynyň biri Nazaraly ahun eken. Beýik şahyryň terbiýesini alan Nazaraly özüniň ahunlygyna garamazdan, öz zähmeti bilen ýaşapdyr. Hemme ruhanylara berlişi ýaly, obadaşlary oňa-da bir keleme suwy artyk berjek bolupdyrlar. Emma ol almandyr.

**– 14 –**

Magtymgulynyň Eýranda ýaşaýan nebereleriniň aýtmagyna görä, Magtymguly Garrynohurda ýaşaýan Allaberdi beg atly adam bilen

10. Sargyt № 531.

ýakyn aragatnaşyk saklapdyr. Şahyr Hywa, Buhara argyşa gidende-de, şu obanyň üstünden geçip, Allaberdi begiňkide ýygy-ýygydan myhmançylykda bolar eken.

Allaberdi beg daban azaby bilen ýaşaýan, zähmetsöýer, halalhon tebip eken. Ýazyjy Goçy Annasähedowyň aýtmagyna görä, Allaberdi beg onuň altynjy arkasy. Sowatly, sylagly, şahandaz Allaberdi beg hemişe at üstünde gezipdir. Obada sözi geçýän, halkyň öňüne düşüp, agzybirligi saklaýan adamlaryň hatarynda tanalypdyr. Allaberdi begiň aňyrsy Arçman obasyndan eken. Tebipçiligi özüne kesbi-kär edinensoň, ir mahallar dermanlyk ot-çöpüň mesgeni bolan Garrynohur jülgesine maşgalasy bilen ymykly göçüp barypdyr. Soňra onuň agtyk-çowluklary Sumbar ýakalaryna, Könekesir obasyna ýaýrapdyr.

Magtymguly bilen Durdy şahyryň aýdyşygy hem Allaberdi beg tarapyndan şu obada ösüp oturan äpet goşa çynaryň saýasynda gurnalypdyr. Allaberdi beg öz çakylygy bilen Magtymgulynyň Garrynohura gelip, Durdy şahyr bilen şygyr aýdyşjakdygy baradaky habary ýakyndyr alys obalara ýollapdyr. Şeýle bolansoň, bu habary eşidip, oňa tomaşa kylmak üçin dumly-duşdan, paý-pyýadalap gelen mähelle barysy Garrynohura ýygnanypdyr. Iki şahyr şygyr aýdyşyp, uly ile hezil beripdir. Ertesi Magtymguly, Durdy şahyr, Allaberdi beg dagy dermanlyk ot gözlegine hem awa çykypdyr.

– 15 –

Magtymguly şahyr ylmy, bilimi bolmadyk, hüşür, zekat diýip iliň malyna göz tikip ýören mollasumaklary ýigrenipdir. Olaryň syryny paş edipdir. Şonuň üçin ruhanylar hem oňa at dakyp «Bu şahyr-a gökleňiň guly-la» diýer ekenler.

Şonda Magtymguly «Başlady», «Sopular» diýen goşgularyny goşanmyş.

– 16 –

Meniň kakam «Magtymgulynyň aýal doganyny gördük» diýip aýtdy. Onuň ady Zübeýda bolup, gözi gögräk, uzyn boýly, saryýagyz aýal eken.

Magtymgulynyň ýakyn garyndaşlary, agtyk-çowluklary ilerde diýýärdiler.

Meniň kakam ýetmiş ýaşap dünýäden ötdi. Men şonda otuz-otuz iki ýaşymdadym. Häzir men segsen iki ýaşadym. Kakamdan eşitmegime görä, Magtymgulynyň dünýäden ötenine bir ýüz elli – bir ýüz altmyş ýyl bolandyr.

– 17 –

Magtymguly «Men ýogalanymda bir düýe geler. Meni şoňa ýükläp goýberiň. Düýäniň çöken ýerinde hem jaýlaň» diýip, wesýet edipdir.

Adamlar düýäniň çöken ýerinde Magtymgulyny jaýlapdyrlar.

– 18 –

Magtymguly işany akmaýa ýükläp, Aktokaýda, atasynyň ýanynda jaýlandyklary barada Täçhally Garry diýen adam gürrüň berenden soň, Annagurban işan segsen-togsan ýyl mundan ozal, segsen-togsan sany talyby bilen her ýylda, ýaz aýlary Garrymollanyň guburyna zyýarata gelipdir we sadaka beripdir. Güýz, tomus, gyş gelmezmiş. Diňe ýaz aýlary gelermiş. Ýa Garrymollanyň doglan wagty, ýa-da aradan çykan wagty ýaz aýlary bolmaly. Ýa-da Magtymgulynyň aradan çykan wagty ýaz aýlary bolan bolmaly. Annagurban işan, takmynan, togsan ýyl öň segsen sany talyp bilen «Bu Garrymolla, bu-da Magtymguly işan» diýip, mazarlaryny görkezipdir. Garrymollanyň aýaly we beýleki ogullarynyň we garyndaşlarynyň köpüsi şol taýda (Aktokaýda) bolmaly. Annagurban işan yzyna ogly Nazarmämmet işany tirkäp getirip, zyýarat etdirip, «Bu Garrymollanyňky, bu Magtymgulynyňky» diýip aýdypdyr. Annagurban işan Täçhally Garrydan eşidenlerini ogluna aýdypdyr. Soňra Nazarmämmet işan Ata işana aýdypdyr.

– 19 –

Magtymguly hem il içinde belli we meşhur şahyr adam bolandygy sebäpli, ady dünýä dolan, tamam dünýäni gezen adam. Bütin Aziýany tekmil (doly) gezipdir. «Wah, Rumy, Pereňi görsem» diýipdir. Ol ýerleri görmändir. Mekgäni görendigi hakda iki rowaýat bar. Birinde görüpdir, beýlekisinde görmändir diýilýär.

– 20 –

Magtymgulynyň şygyrlarynyň bir nusgada birhili, başga nusgada başgaçarak berilmegi onuň agyzdan-agza geçenligi sebäplidir. Magtymgulynyň dosty Magtymgulynyň öz dilinden eşidipdir, ýöne çylşyrymly ýerini aňşyrmandyr. Ol özüçe, şeýle diýdi-how diýip ýazypdyr. Ikinji gezek bolsa, şol dostunyň agzyndan Molladurdy ýazyp alypdyr. Şu wagt şol Molladurdynyň ýazan kitaplary bar. Düýesi ýykylypdyr diýen gürrüňi Agajan aga diýlen gözi kör, boýy uzyn adam mundan otuz ýyl ozal maňa gürrüň beripdi.

– 21 –

Molladurdy Guşlukly diýen adamyň öz eli bilen ýazan kitaby Garabäbek aga diýlen adamyň elinde saklanýarmyş diýýärler. Ol häzir segsen ýaşyndan geçen bolmaly. Onuň atasy özünden hem köp ýaşap ötüpdir. Oňa Torum ussa diýýärler. Torum ussanyň atasyna bolsa Garabäbek diýýärler. Ol kitap nähili ýol bilen bolsa-da, Garabäbegiň eline düşüpdir. Ol kitabyň ýazylanyna, ýagny üçünji gezek ýazylanyna iki ýüz ýyldan hem köp wagt geçen bolsa gerek.

– 22 –

Magtymgulynyň ýasan bezeg şaýlaryndan hiç zat galmandyr. Ýöne onuň bir halysy

barmyş diýýärler. Ol hem çen bilen aýdylýar. Oňa Mekgä gidende Mekgeden getiren halysy hem diýýärler.

– 23 –

Öz elimizde galan ýeke zat Garrymollanyň öz eli bilen ýazan «Muhteser» eseri. Onuň gyrasy şerh bilen bezelipdir, ýagny düşündiriş berlipdir. Ol türkmen dilinde däl. Şol şerhi Magtymguly öz eli bilen ýazypdyr.

– 24 –

Köne zamanda poşulykda gulluk edýärkäm, Kümmethowuzda, Marawa depede, Soňudagynyň ilersinde gezerdik. Şonda Magtymgulynyň garyndaşy Nyýazmämmet ahun diýlen adam Magtymguludan gürrüň edip bererdi. Men şol wagt otuz ýaşly ýigitdim. Onuň aýtmagyna görä, Magtymguly Süsüş, Totaý öwlüýäleriniň golaýynda, ilersi Gökjäniň gädigi, Etrek çaýynyň özi, Marawa depäniň ýakyn ýanynda syrkawlap, dünýäden ötüpdir. Ol dünýäden ötjek bolanda «Bady-sabany görsem» bilen «Seýil edeliň» diýen gazallaryny aýdypdyr.

– 25 –

Gyzylarbat (häzirki Serdar etraby) bilen Garrygalada (häzirki Magtymguly etraby) ýaşaýan adamlaryň köpüsiniň aýtmagyna görä, bu etraplarda Magtymgulynyň ýakyn garyndaşlary az.

Häzir Magtymgulynyň neberelerinden Rejep diýen oglan bar. Käri sürüji. Gysgadan orta boýly oglan.

Rejebiň ata-babasy Magtymgulynyň Gulça diýen doganyndan döräpdir. Gulçanyň Annaş diýen ogly bolýar. Annaşyň ogluna Pälwanýaz diýer ekenler. Pälwanýazyň ogly Berdinyýaz, onuň ogly Rejep.

Rejep Magtymgulynyň bäşinji arka dolananydyr.

**– 26 –**

Köne zamanda Magtymgulynyň eski[1] golýazmalary garagalpak molla-ahunlarynda, köplenç, köneden sowatly adamlarda bolardy.

Garagalpak topragynda köp millet ýaşaýar. Magtymgulynyň eserlerini garagalpak hem, gazak-da oňat görýär. Garagalpagyň meşhur şahyrlary Berdak, Hajynyýaz dagy Magtymguludan köp zatlary öwrenipdirler.

Aýtmaklaryna görä, Magtymgulynyň dünýäden ötenine indi bir ýüz otuz ýyl bolan. Onuň aýdan sözleriniň hemmesi örän dogry aýdylan. Ol boljak işleri öňünden bilipdir.

**– 27 –**

Magtymgulynyň goşgularyny kän bagşylar aýdardy. Köşüli Akýusup Mämiti Magtymgulynyň «Turgul diýdiler» diýen goşgusyny ökdelik bilen ýerine ýetirerdi. Ýomutlardan Çowdur kör «Bady-sabany görsem» diýen heňde aýdardy.

[1] Eski – köne.

Garadäli Gökleň bolsa, Nurberdi han çagyranda Magtymgulynyň «Seýil edeliň» goşgusyny «Ýandymyň» heňinde ýerine ýetiripdir. Bamyly Goňur Sary bagşy, köplenç, «Gökje kepderiden» aýdardy.

### – 28 –

Etrekli Weşan diýen bagşy Magtymgulynyň «Gerekdir» diýen goşgusyny toýda bir sygyr tutanlarynda hem aýtmaz eken. Weşan soň-soňlar kör bolupdyr. Oglan-uşaklar onuň eline bir nan berip, «Gerekdir» diýen goşgyny aýtdyrypdyrlar.

### – 29 –

Türkmen halkynyň arasynda Nowaýynyň ady nähili meşhur bolsa, özbek-garagalpak halkynyň arasynda Magtymgulynyň, Zeliliniň, Keminäniň, Mollanepesiň ady dillerde dessandyr. Özbegistanda, aýratyn hem, Horezmde Magtymgulynyň adyny, şygyrlaryny bilmeýän öýi tapmak kyn. Toýlarymyz Magtymgulynyň şygyrlary bilen açylýar. Şahyryň bir ýüz on sany şygry özbek halk aýdymy edilip aýdylýar. Magtymgulynyň sözlerine aýdylýan aýdymlar her gün kalbymyza aram berýär, ruhumyza ruh goşýar.

### – 30 –

Il içinde Bala bagşy ady bilen meşhur bolan Hywa hanynyň bagşysy Gurbannazar Abdyllaýew «Görogly» eposyny, türkmen hem özbek

halkynyň söýgi dessanlarynyň onlarçasyny ýatdan bilýärdi. Ol han bagşysyny ýeňip, öz obasyndan ýer alan türkmen dessançysy Söýeg bagşynyň şägirdidi. Gurbannazar bagşy iki halkyň aýdym-saz sungatynyň ösmegine uly goşant goşan ussatlaryň biridi. Ol Magtymgulynyň ýüze golaý şygryny aýdym edip aýdypdyr. Mollanepesiň, Zeliliniň, Keminäniň sözlerine saz düzüp, ussatlyk bilen ýerine ýetiripdir. Bagşy Magtymgulynyň sözlerine çalynýan sazlary türkmen-özbek halk heňleriniň esasynda özi döredipdir.

**– 31 –**

Özbek, garagalpak bagşylary, jyrawlary, halfalary, hapyzlary türkmen nusgawy şahyrlarynyň bir ýüz ellä golaý şygryna aýdym döredipdir. Halk bagşylary Yslam şahyr Nazar ogly, Ergeş Jumanbilbil ogly, Fazyl Ýoldaş ogly, Gurbannazar bagşy, Mätnazar Jepbarow, Abdylla Mätnyýazow, Omar bagşy Saparow, Berdi Öwezow, Abdysettar Şamyradow, Rozumbek Myradow, aýal-gyzlardan çykan halfalar Enejan halfa Sabyrowa, Enebibi Atajanowa, Mama halfa, Jemile halfa, hafyzlardan Gutlymyrat Hajyýew, Bekjan Atajanow, Alyjan Hasanow, Kamyljan Atanyýazow, Hajyhan Baltaýew, Mädrahym Ýakubow we beýleki onlarça bagşy Magtymgulynyň sözlerine aýdym döredip, ussatlyk bilen ýerine ýetiripdir. Magtymgulynyň «Girýana boldum», «Bolmaz», «Hyrydary bolmasa», «Aýrylma», «Aşyk bolmuşam», «Bolarsyň», «Gidiji bolma», «Malyna degmez», «Uýat eýleýir», «Ýigide» kimin

şygyrlary horezmli bagşylaryň ýörgünli aýdymlaryna öwrülipdir. Mysal üçin, Yslam şahyr Magtymgulynyň «Gidiji bolma», «Aýrylma», «Görüň», «Ýagşydyr» kimin öwüt-nesihat şygyrlaryny şäherme-şäher, oba-ma-oba aýlanyp, dessanyň öňünden tirme hökmünde aýdypdyr.

# ROWAÝATLARYŇ ALNAN ÝERLERI BARADAKY MAGLUMATLAR

**Ady Garrymolla bolsun.** Asyl nusgasy Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 842$^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Gazak Agajyk ogly. 52 ýaşynda. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1940-njy ýylyň 23-nji iýuly.

Şu rowaýatyň bir-birinden tapawutlanýan ýene-de iki sany nusgasy 842$^{e}$-nji we 1743$^{e}$-nji bukjalarda saklanýar. Aýdanlar:

1. Begmyrat Halyl ogly. 82 ýaşynda. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1940-njy ýylyň 22-nji iýuly.

2. Baba Nejebaly. Ýazyp alanlar: K. Jumaýew bilen M. Hudaýgulyýew. 1958-nji ýylyň oktýabry. Rowaýatyň mazmuny kem-käsleýin üýtgedilip, M. Kösäýewiň çapa taýýarlan «Magtymguly hakynda halk rowaýatlary» (Aşgabat, 1959) atly kitabyň 18-nji sahypasynda ýerleşdirilipdir.

**Adamy ýer eklär.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1091$^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Kimden ýazylandygy

görkezilmändir. Ýazyp alan: A. Pälwanow. 1937-nji ýylyň 9-njy ýanwary.

**Aýyş ýer.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 851e-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Bajygül Tagandurdy aýaly. 52 ýaşynda. Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň Magtymguly obasy. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1940-njy ýylyň 28-nji iýuly.

**Parasatly ynsan.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 863e-nji we 1739e-njy bukjalarynda saklanýar. Kimden we haçan ýazylandygy görkezilmändir. Birinji nusgany ýazyp alan: P. Agalyýew. Ikinji nusganyň göçürmesi 1756e-njy bukjada bar.

**Mäşi bişişmedi.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 863e-nji we 1739e-njy bukjalarynda saklanýar. Kimden we haçan ýazylandygy görkezilmändir. Birinji nusgany ýazyp alan: P. Agalyýew. Ikinji nusganyň göçürmesi 1756e-njy bukjada bar.

**«Ýakma – bişersiň, gazma – düşersiň!»** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 809e-njy we 863e-nji bukjalarynda saklanýar. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1940-njy ýyl.

**Gadyry bilinjek däl.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 3822^e^-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Nejep Annamuhammedow, 1917-nji ýylda doglan, sowatly. Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje etrabynyň Sapyş Çerkezow adyndaky daýhan birleşigi. Ýazyp alan: N. B. Halymow. 1976-njy ýyl.

**Men haja gowuşdym.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1613^e^-nji bukjasynda saklanýar. Kimden ýazylandygy görkezilmändir. Ýazyp alan: D. Nuralyýew. 1957-nji ýylyň awgust aýy.

**Il hemdemi.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1754^e^-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Muhammetberdi Nejebaly, 50 ýaş, sowatly. Balkan welaýatynyň Serdar etrabynyň merkezi. Ýazyp alan: D. Nuralyýew. 1959-njy ýylyň ýanwar aýy.

**Magtymguly – halkyň guly.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 772^e^-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Mätjan şahyr. Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etraby. Ýazyp alanlar: N. Hojaýew bilen N. A. Garryýew. 1940-njy ýyl. Şu rowaýatyň tapawutlanýan nusgasy 360^e^-njy bukjada saklanýar. Aýdan: Aşyr Myrat ogly, 59 ýaş. Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Artyk obasy. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1940-njy ýylyň 15-nji marty.

**Derlemeli bolýar.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 809ᵉ-njy bukjasynda saklanýar. Aýdan: Atadurdy Mämmetdurdyýew, 1917-nji ýylda doglan, mugallym. Balkan welaýatynyň Serdar etrabynyň Jejirs obasy. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1940-njy ýyl.

**Sen atańdan ozdurypsyň.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 766ᵉ-njy (1-nji depder) we 1754ᵉ-nji bukjalarynda saklanýar. Aýdanlar:

1. Sähetguly Taňryguly ogly, 86 ýaş, sowatsyz. Aşgabat şäheriniň Ruhabat etrabynyň Gökje ýaşaýyş toplumy. Ýazyp alan: B. Dolyhanow. 1941-nji ýylyň 12-nji ýanwary.

2. Nuraly Sary ogly, 67 ýaş, sowatsyz. Balkan welaýatynyň Serdar etraby. Ýazyp alan: D. Nuralyýew. 1954-nji ýyl. Rowaýatçy şol ýylyň 27-nji iýulynda aradan çykypdyr. D. Nuralyýewiň ýazyp alan nusgasy «Magtymguly. Beýik şahyryň 225 ýyllygyna bagyşlanan makalalar ýygyndysy» (Aşgabat, 1959)[1] diýen kitabyň 302-nji sahypasynda çap edilipdir.

**Jülgedäki ses.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1862ᵉ-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Hudaýberdi Yzbasty, 80 ýaş, sowatsyz. Garagalpagystan Respublikasynyň Dörtgül etrabynyň Kelteminar obasy. Ýazyp alan: S. Arazgulyýew. 1960-njy ýyl.

---

[1] Tygşytly bolar ýaly «Magtymguly – 225» diýip almagy ýerlikli bildik.

**Zehinli okuwçy.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 809$^{e}$-njy bukjasynda saklanýar. Aýdan: Gazak Agajyk ogly, 52 ýaş, sowatsyz. Balkan welaýatynyň Magtymguly etraby. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1940-njy ýylyň 14-nji dekabry.

**Naharymyz bir bolsun.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1862$^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Gurban Annaýew, 70 ýaş, köneden sowatly. Garagalpagystan Respublikasynyň Dörtgül etrabynyň Kelteminar obasy. Ýazyp alan: S. Arazgulyýew. 1960-njy ýyl. Rowaýat ilkinji gezek «Edebiýat we sungat» gazetiniň 1960-njy ýylyň 1-nji sentýabryndaky sanynda çap edilipdir.

**Ajy aç, doky dok eken.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 772$^{e}$-nji, 809$^{e}$-njy we 1510$^{e}$-njy bukjalarynda saklanýar. Aýdanlar:

1. Kimden we haçan ýazylandygy görkezilmändir. Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etraby. Ýazyp alanlar: N. Hojaýew bilen N. A. Garryýew.
2. Taňryberdi Tagan ogly, 57 ýaş, sowatsyz, daýhan. Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň Daýna obasy. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1940-njy ýylyň 7-nji dekabry.

**Bir gezek «Ata» diýseň, bes.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar

hazynasynyň 661$^{e}$-nji, 809$^{e}$-njy we 1737$^{e}$-nji bukjalarynda saklanýar. Aýdanlar:

1. Hezretguly Peleň ogly, 47 ýaş, sowatsyz. Aşgabat şäheri. Ýazyp alan: B. Dolyhanow. 1940-njy ýylyň 28-nji oktýabry.

2. G. Meretgulow. Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň merkezi. 1940-njy ýylyň 17-nji dekabry.

3. Gutlymyrat Kary, 63 ýaş. Garagalpagystan Respublikasynyň Hojaili şäheri. Ýazyp alanlar: K. Seýitmyradow bilen G. Garryýew. 1959-njy ýylyň 12-nji maýy.

4. Gölli bagşy, 72 ýaş. Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň «Ak bugdaý» daýhan birleşigi. Ýazyp alan: A. Nursähedow.

**Seni ýeňjek ýokdur.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 772$^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Hümmet Ýusup ogly, 78 ýaş, köneden çala sowatly, daýhan. Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etraby. Ýazyp alanlar: N. Hojaýew bilen N. A. Garryýew. 1940-njy ýylyň 28-nji noýabry. Rowaýat «Durdy şahyr» ady bilen gysgaldyp, ilkinji gezek «Magtymguly hakynda halk rowaýatlary» diýen kitabyň 28-nji sahypasynda neşir edilipdir. Şu kysymly başga bir rowaýatda Durdy şahyr erbet häsiýetli adam hökmünde görkezilipdir. Seret: 1754$^{e}$ bukja, 8 sah.

**Dogry jogap.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň

903[e]-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Mämmet Annaweli ogly, 61 ýaş, çala sowatly, ussa. Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň Bagşymiriş obasy, «Bilim» daýhan birleşigi. Kimiň, haçan ýazandygy görkezilmändir.

**Magtymgulynyň saýasynda oturan çynary.** Rowaýat «Türkmen dili» gazetinde çap edilipdir. Kimiň neşire taýýarlandygy görkezilmändir. Rowaýat ýazyjy Goçy Annasähedowyň şahsy arhiwinden alyndy.

**Ýary ýardan aýranyň.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1743[e]-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Abdyrahman Saparow, bilim işgäri. Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň merkezi. Ýazyp alanlar: K. Jumaýew bilen M. Hudaýgulyýew. 1958-nji ýylyň oktýabry. Rowaýat «Garaçomak» ady bilen gysgaldylyp, ilkinji gezek «Magtymguly hakynda halk rowaýatlary» diýen kitabyň 41-nji sahypasynda neşir edilipdir.

**Bolmady bizge nesip.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1754[e]-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Nuraly Sary ogly, 67 ýaş, sowatsyz. Balkan welaýatynyň Serdar etraby. Ýazyp alan: D. Nuralyýew. 1954-nji ýylyň bahary. Rowaýat «Biz Nowruza çenli wadalaşypdyk» ady bilen ilkinji gezek «Mag-

11. Sargyt № 531.

tymguly–225» diýen kitabyň 302–303-nji sahypalarynda neşir edilipdir.

**«Bir goýna salan islärin...».** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1754$^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Ene Berdinyýazowa, 54 ýaş, sowatsyz. Balkan welaýatynyň Serdar etrabynyň merkezi. Ýazyp alan: D. Nuralyýew. 1959-njy ýylyň 12-nji maýy. Rowaýat «Hezil etmedim dünýä senden» ady bilen «Magtymguly–225» atly kitabyň 307-nji sahypasynda çap edilipdir. Muhammetberdi Nejebaly oglunyň (50 ýaş, 1959-njy ýylyň 16-njy marty) aýdan nusgasy «Magtymguly hakynda halk rowaýatlary» diýen kitabyň 45-nji sahypasynda çap edilipdir.

**Hesret bilen dörän goşgy.** Asyl nusgasy TYA--nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1754$^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Baba Nejebaly ogly, 60 ýaş, çala sowatly. Balkan welaýatynyň Serdar etraby. Ýazyp alan: D. Nuralyýew. 1958-nji ýylyň tomsy.

**Uly ile weli boljak.** Rowaýat «Balkan» gazetinden alyndy. 2012-nji ýylyň 27-nji noýabry. Taýýarlan: S. Artykow.

**Görme-görüş.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 842$^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Durdyne-

pes Hojanepes ogly. Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Gagşal obasy. 1941-nji ýylyň 8-nji maýy.

**Ile ýaraýan adam.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1767$^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Welbaýram Annasähedow, 64 ýaş, sowatsyz. Ýazyp alan: B. Welbaýramow. 1959-njy ýylyň 15-nji dekabry.

**Hywa ýolunda.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1739$^{e}$-njy we 1756$^{e}$-njy bukjalarynda saklanýar. Aýdan: Çakan Kötel ogly, 70 ýaş, sowatsyz. Aşgabat şäheriniň Köşi obasy. 1941-nji ýylyň 20-nji sentýabry.

**Paşmadyk pirim.** Asyl nusgalary dürli mazmunly bolup, olar dürli wagtda, dürli adamlardan ýazylyp alnypdyr. Rowaýat TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 614$^{e}$-nji, 666$^{e}$-njy, 770$^{e}$-nji (1-nji depder), 842$^{e}$-nji, 1613$^{e}$-nji, 1739$^{e}$-njy, 1743$^{e}$-nji, 1766$^{e}$-njy, 1777$^{e}$-nji, 1791$^{e}$-nji (2-nji depder) we 1864$^{e}$-nji bukjalarynda saklanýar. Aýdanlar:

1. Gazak Agajyk ogly, 52 ýaş, sowatsyz, Magtymgulynyň ene başga dogan ugurlaryndan. Balkan welaýatynyň Magtymguly etraby. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1940-njy ýylyň 24-nji iýuly.
2. Kimden kimiň, haçan ýazandygy görkezilmändir.
3. Kimden kimiň, haçan ýazandygy görkezilmändir. Rowaýaty ylmy iş saparynyň agzalary getiripdir.

4. Gazak Agajyk oglunyň aýdan nusgasynyň göçürmesi.

5. Kimden we haçan ýazylandygy görkezilmändir. Ýazyp alan: D. Nuralyýew.

6. B. Ýagmyrow, 34 ýaş, mugallym. Lebap welaýatynyň Halaç etrabynyň Pelwert obasy. 1959--njy ýyl.

7. Mämmet Hajyýew, 43 ýaş. Balkan welaýatynyň Serdar etrabynyň merkezi. Ýazyp alanlar: K. Jumaýew bilen M. Hudaýgulyýew. 1958-nji ýylyň oktýabry.

8. Kimden we haçan ýazylandygy görkezilmändir. Ýazyp alan: A. Nursähedow.

9. Çary Gurbangylyç, 47 ýaş, sowatly. Ýazyp alan: N. Kürräýew. 1960-njy ýylyň fewraly.

10. Annagözel Hümmet aýaly, 38 ýaş. Mary welaýatynyň Mary etrabynyň Peşanaly obasy. Ýazyp alan: D. Hajymyradow. 1958-nji ýylyň 11-nji dekabry.

11. Baýramtäç eje. Balkan welaýatynyň Esenguly etrabynyň Çalaoýuk obasy. 1960-njy ýyl 20-nji maýy. Ýazyp alan: A.Oraztaganow.

A. Nursähedowyň ýazyp alan nusgasy «Magtymguly–225» diýen kitabyň 300–301-nji sahypalarynda ýerleşdirilipdir. D. Hajymyradowyň ýazyp alan nusgasy «Magtymguly hakynda halk rowaýatlary» diýen kitabyň 52–53-nji sahypalarynda we «Türkmenistan» gazetiniň 1959-njy ýylyň 18-nji oktýabryndaky sanynda neşir edilipdir.

**Men hak sözi ýazdym.** Asyl nusgalary TYA--nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar

hazynasynyň 809$^{e}$-njy, 772$^{e}$-nji, 1766$^{e}$-njy we 3423$^{e}$-nji (3-nji depder) bukjalarynda saklanýar. Aýdanlar:

1. Allaberdi Hakberdi ogly, 60 ýaş. Aşgabat şäheri. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1941-nji ýylyň 3-nji fewraly.

2. Kiçi Saparly ogly, 88 ýaş, köneden sowatly. Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etraby. Ýazyp alanlar: N. Hojaýew bilen N. A. Garryýew. 1940-njy ýylyň 3-nji dekabry.

3–4. Ýazyp alan: A. Nursähedow.

Rowaýatyň bir bölegini ilkinji gezek K. Berkeliýew «Mugallymlar gazeti» gazetiniň 1960-njy ýylyň 2-nji maýyndaky sanynda çap etdiripdir. Şuňa meňzeş rowaýat 863$^{e}$-nji we 1739$^{e}$-njy bukjalarda hem bar.

**Lebiz halal bolmalydyr.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1787$^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Ataberdi Nursähedow, 31 ýaş, ýokary bilimli. Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etraby. Ýazyp alan: K. Berkeliýew. 1960-njy ýylyň fewraly. Rowaýat ilkinji gezek «Aýdan sözüňde durmaly bolar» ady bilen «Mugallymlar gazeti» gazetiniň 1960-njy ýylyň 21-nji maýyndaky sanynda gysgaldylyp çap edilipdir.

**Pitiwasyz galan kitap.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1862$^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan:

Ş. Bäşimow, 30 ýaş, sowatly, bagşy. Garagalpagystan Respublikasynyň Dörtgül etrabynyň Kelteminar obasy. 1960-njy ýylda Ýazyp alan: S. Arazgulyýew. Rowaýatyň gysgaldylan görnüşi «Mugallymlar gazeti» gazetiniň 1960-njy ýylyň 8-nji sentýabryndaky sanynda neşir edilipdir.

Şu rowaýata meňzeş waka ýordumy «Siz ele bakýarsyňyz» diýen at bilen «Magtymguly hakynda halk rowaýatlary» diýen kitabyň 25-nji sahypasynda ýerleşdirilipdir. Rowaýatyň göçürmesi TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1739e-njy we 1756e-njy bukjalarynda bar.

**Meniň kitabymy il okar.** Rowaýat H. Derýaýewiň «Edebiýat we sungat» gazetiniň 1959-njy ýylyň 21-nji fewralyndaky sanynda çykan adybir makalasyndan alyndy. Aýdan: Magsym Akyýew. Mary welaýatynyň Mary etraby.

**Şygyr bäsleşigi.** Aýdan: Özbegistanyň YA-nyň A. Nowaýy adyndaky Dil we edebiýat institutynyň uly ylmy işgäri, dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty Ergeş Açylow. Magtymgulynyň şygyrlaryny özbek diline terjime eden şahyr hem alym. Ýazyp alan: A. Baýmyradow. Hywa şäheri. 2013-nji ýylyň 7-nji sentýabry.

**San bolsam.** Aýdan: Özbegistan Respublikasynyň al-Horezmi adyndaky Ürgenç döwlet uniwersitetiniň professory Saparbaý Rozumbaýew. «Aşyknama» dessanlar toplumyny neşire taýýar-

laýjy, özbek-türkmen folklorynyň arabaglanyşygyny öwreniji. Ýazyp alan: A. Baýmyradow. Hywa şäheri. 2013-nji ýylyň 7-nji sentýabry.

**Beýleki kitaplary hiç kim okamaz.** Rowaýat K. Seýitmyradowyň «Edebiýat we sungat» gazetiniň 1959-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky sanynda çap edilen «Magtymgulynyň eserleri garagalpak halkynyň arasynda» diýen makalasyndan alyndy.

**Hywa hanynyň huzurynda.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1739[e]-njy bukjasynda saklanýar. Aýdan we ýazyp alan: A. Nursähedow. Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň merkezindäki 1-nji mekdebiň mugallymy. Rowaýat «Magtymguly–225» diýen kitabyň 301–302-nji sahypalarynda çap edilipdir.

**Ýerlikli jogap.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1862[e]-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: G. Hojamýarow, 75 ýaş, sowatsyz. Garagalpagystan Respublikasynyň Dörtgül etrabynyň Akbaşly obasy. Ýazyp alan: S. Arazgulyýew. 1960-njy ýyl. Rowaýat gysgaldylyp ilkinji gezek «Edebiýat we sungat» gazetiniň 1960-njy ýylyň 1-nji sentýabryndaky sanynda neşir edilipdir.

**Herne galsa, adat galsyn.** Aýdan: «Magtymguly» dramasynyň we romanynyň awtory, belli öz-

bek ýazyjysy Kurban Muhammadrizo. Ýazyp alan: Amanmyrat Baýmyradow. Hywa şäheri. 2013-nji ýylyň 7-nji sentýabry.

**Ne peýda.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1766e-njy we 3423e-nji (3-nji depder) bukjalarynda saklanýar. Aýdanlar:

1. Allamyrat Gylyç ogly, Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň merkezi. Ýazyp alan: A. Nursähedow.

2. Ataberdi Nursähedow, 1929-njy ýylda doglan, ýokary bilimli. Ýazyp alan: K. Berkeliýew. 1960--njy ýylyň fewraly.

3. Kimden we haçan ýazylandygy görkezilmändir. Toplan: Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň Magtymguly köçesiniň 5-nji jaýynda ýaşaýan A. Nursähedow.

**Hywa köçesinde.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1739e-njy bukjasynda saklanýar. Aýdan we ýazyp alan: A. Nursähedow. Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň merkezindäki 1-nji orta mekdebiň mugallymy. Rowaýat «Magtymguly hakynda halk rowaýatlary» diýen kitabyň 46-njy we «Magtymguly–225» diýen kitabyň 301-nji sahypalarynda neşir edilipdir.

**Akyl hazynasy.** Rowaýat dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty S. Arazgulyýewiň şahsy arhiwin-

den alyndy. Aýdan: Gaýlyýew Seýit, 55 ýaş. Garagalpagystan Respublikasynyň Dörtgül etrabynyň Kelteminar obasy. Ýazyp alan: S. Arazgulyýew. 1959-njy ýyl.

**Ýat bolar.** Rowaýat «Mugallymlar gazeti» gazetiniň 1960-njy ýylyň 21-nji maýyndaky sanyndan alyndy. Taýýarlan: K. Berkeliýew.

**Bizi ryswa eder.** Rowaýat M. Garryýewiň «Edebiýat we sungat» gazetiniň 1959-njy ýylyň 19-njy noýabryndaky sanynda çykan «Etrege syýahat» diýen makalasyndan alyndy. Aýdan: Berdi Ämedow. Balkan welaýatynyň Esenguly etrabynyň Çalaoýuk obasy.

**Ökünç.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1769e-njy bukjasynda saklanýar. Aýdan: Mämmetdurdy aga. Aşgabat şäheriniň Ruhabat etrabynyň Ýasmansalyk ýaşaýyş toplumy. Ýazyp alan: A. Nursähedow. Rowaýat «Magtymguly–225» diýen kitabyň 308-nji sahypasynda ýerleşdirilipdir.

**Näbilsin.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1777e-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Çary Gurbangylyç, 47 ýaş, sowatly. Ýazyp alan: N. Kürräýew. 1960-njy ýylyň fewraly.

**Magtymguly we Nury Kazym.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1739$^{e}$-njy bukjasynda saklanýar. Rowaýat P. Agalyýewiň Magtymguly hakyndaky makalasyndan alnyp, «Magtymguly hakynda halk rowaýatlary» diýen kitabyň 29–31-nji sahypalarynda çap edilipdir.

**Gaýgyly habar.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1739$^{e}$-njy bukjasynda saklanýar. Kimden we haçan ýazylandygy görkezilmändir. Megerem, rowaýaty 1941-nji ýylda P. Agalyýew ýazyp alan bolsa gerek. Rowaýat «Magtymguly hakynda halk rowaýatlary» diýen kitabyň 32–33-nji sahypalarynda ýerleşdirilipdir.

**Ylmy Magtymguly äkitdi.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1864$^{e}$-nji (6-njy depder) bukjasynda saklanýar. Aýdan: Baýramtäç eje. Balkan welaýatynyň Esenguly etrabynyň Çalaoýuk obasy. Ýazyp alan: A. Oraztaganow. 1960-njy ýylyň 20-nji maýy. Rowaýat ilkinji gezek «Mugallymlar gazeti» gazetiniň 1960-njy ýylyň 8-nji sentýabryndaky sanynda hem neşir edilipdir.

**Goşgynyň gudraty.** TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynda «Goşgynyň gudraty» atly iki rowaýat bar.

***1-nji rowaýat.*** Rowaýatyň asyl nusgasy 1743$^{e}$--nji bukjada saklanýar. Aýdan: Seýitmämmet aga. Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň Näre obasy. Ýazyp alanlar: K. Jumaýew bilen M. Hudaýgulyýew. 1958-nji ýylyň oktýabry.

***2-nji rowaýat.*** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1737$^{e}$-nji bukjasynyň birinji depderinde saklanýar. Aýdan: Eziz aga, sazanda. Özbegistan Respublikasynyň Horezm welaýatynyň Hywa şäherindäki medeniýet öýüniň işgäri. Ýazyp alanlar: K. Seýitmyradow bilen G. Garryýew. 1959-njy ýylyň 21-nji maýy.

***3-nji rowaýat.*** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 847$^{e}$-nji we 863$^{e}$-nji bukjalarynda saklanýar. Birinji nusgany aýdan: Nury Weli ogly. Balkan welaýatynyň Serdar etrabynyň Pürnüwar obasy. Ýazyp alan: Molla Püri. Ikinji nusganyň kimden, haçan ýazylandygy görkezilmändir. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1941-nji ýyl.

**Hoşa bugdaýy arassa bolýar.** TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynda «Hoşa bugdaýy arassa bolýar» atly iki rowaýat bar.

***1-nji rowaýat.*** Rowaýatyň asyl nusgasy 809$^{e}$--njy bukjada saklanýar. Aýdan: Allaýar Gurban ogly, 53 ýaş. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1940-njy ýylyň 12--nji dekabry.

***2-nji rowaýat.*** Rowaýatyň asyl nusgasy 766$^{e}$--njy (1-nji depder) bukjada saklanýar. Aýdan: Sähet-

guly Taňryguly ogly, 86 ýaş. Aşgabat şäheriniň Ruhabat etrabynyň Gökje ýaşaýyş toplumy. Ýazyp alan: B. Dolyhanow. 1941-nji ýylyň 12-nji ýanwary.

**Syrly torba.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1739e-njy bukjasynda saklanýar. Aýdan: Molla Püri Abam ogly, 50 ýaş. Aşgabat şäheriniň Abadan etrabynyň merkezi. Ýazyp alan: S. Durdyýew. 1959-njy ýyl. 1941-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Molla Püriniň aýdan nusgasy «Türkmenistan» gazetiniň 1959-njy ýylyň 18-nji oktýabryndaky sanynda we S. Durdyýewiň taýýarlan nusgasy bolsa «Watan» gazetiniň 1959-njy ýylyň 1-nji martyndaky sanynda çap edilipdir.

**Hile hem bir batyrlykdyr ýerinde.** Rowaýat M. Gurbansähedowyň «Edebiýat we sungat» gazetiniň 1959-njy ýylyň 8-nji oktýabryndaky sanynda çykan adybir makalasyndan alyndy. Aýdan: Gurban Mergen. Mary welaýatynyň Sakarçäge etraby.

**Aslymdan dänmen.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 614e-nji we 840e-njy bukjalarynda saklanýar. Aýdan: Anna Begmyrat ogly, 53 ýaş, daýhan. Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň Arapata obasy. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1940-njy ýylyň 27-nji iýuny.

**Gudrat.** A. Baýmyradowyň şahsy arhiwinden alyndy. Aýdan: Baýramsoltan Durdyýewa, 73 ýaş, pensioner. Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň Gerkez obasy. Kyssany 90 ýaşap dünýäden öten gaýyny Döndi ejeden eşidipdir. Ýazyp alan: Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň Magtymguly adyndaky orta mekdebiniň mugallymy A. Aşyrowa. 1982-nji ýylyň 5-nji marty.

**Ýurdy bilinmez.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 809$^{e}$-njy bukjasynda saklanýar. Aýdan: Taňryberdi Tagan ogly. 57 ýaş, sowatsyz. Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň Daýna obasy. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1940-njy ýylyň 8-nji dekabry.

**Bosa-bosluk.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1739$^{e}$-njy bukjasynda saklanýar. Ýazyp alan: P. Agalyýew.

**Ogurlanan çaga.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1739$^{e}$-njy we 1769$^{e}$-njy bukjalarynda saklanýar. Aýdan: Saparguly Kowus ogly, daýhan. Aşgabat şäheriniň Abadan etrabynyň merkezi. Ýazyp alan: A. Nursähedow. Rowaýat «Magtymguly hakynda halk rowaýatlary» diýen kitabyň 47-nji we «Magtymguly–225» diýen kitabyň 308–309-njy sahypalarynda neşir edilipdir.

**«Boljak oglan bolşundan belli».** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1521-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Magtymgulynyň neberesi Ata işanyň ogly Gara işan. 1987-nji ýyl.

**Halas edilen gyz.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1769ᵉ-njy bukjasynda saklanýar. Aýdan: Mämmetdurdy aga. Aşgabat şäheriniň Ruhabat etrabynyň Ýasmansalyk ýaşaýyş toplumy. Ýazyp alan: A. Nursähedow. Rowaýat «Magtymguly–225» diýen kitabyň 309–310-njy sahypalarynda ýerleşdirilipdir.

**Tebigat kömek etdi.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 809ᵉ-njy bukjasynda saklanýar. Aýdan: Baýramguly Aşyr, 60 ýaş, daýhan. Ýazyp alan: P. Agalyýew.

**Hatly ýonalar.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 809ᵉ-njy we 863ᵉ-nji bukjalarynda saklanýar. Birinji nusgasyny aýdan: Orazmyrat Nury ogly. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1940-njy ýylyň 19-njy dekabry. Ikinji nusgany ýazyp alan P. Agalyýew. Kimden we haçan ýazylandygy görkezilmändir. Ýöne şu rowaýatyň 1739ᵉ-njy we 1956ᵉ-njy bukjalarda saklanylýan göçürmelerinde «Aýdan: Mämmetnury ogly, 35 ýaş» diýlip bellenipdir.

**Meniň pendim almady.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 809-njy bukjasynda saklanýar. Aýdan: Gurbangylyç Durdy, 1912-nji ýylda doglan. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1940-njy ýylyň 20-nji dekabry.

**Tersakan.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1739e-njy we 1756e-njy bukjalarynda saklanýar. Rowaýatyň kimden we haçan ýazylandygy görkezilmändir. Bu rowaýat «Edebiýat we sungat» gazetiniň 1959-njy ýylyň 19-njy noýabryndaky sanynda we «Magtymguly hakynda halk rowaýatlary» diýen kitabyň 35-nji sahypasynda çap edilipdir.

**«Totuguş dilli dessan».** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1754e-nji bukjasynda saklanýar. Göçürmesi 1739e-njy bukjada. Aýdan: Muhammetberdi Nejebaly ogly, 50 ýaş, sowatly. Balkan welaýatynyň Serdar etrabynyň merkezi. Ýazyp alan: D. Nuralyýew. 1959-njy ýylyň ýanwary. Rowaýat «Magtymguly hakynda halk rowaýatlary» diýen kitabyň 44-nji we «Magtymguly–225» diýen kitabyň 306-njy sahypalarynda hem-de «Türkmenistan» gazetiniň 1959-njy ýylyň 18-nji oktýabryndaky sanynda neşir edilipdir.

**Bir düýe ýüki kitap.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1521-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Mag-

tymgulynyň neberesi Ata işanyň ogly Gara işan. 1987-nji ýyl.

**«Bäş ýylda bir kitap eden işimiz...»** Asyl nusgasy ýazyjy Goçy Annasähedowyň şahsy arhiwinden alyndy. Aýdan: belli ertekiçi Ogulnur Haýdar Meňli gyzy. 1972-nji ýylda togsan alty ýaşynda aradan çykan. Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň Könekesir obasy. Ýazyp alan: Goçy Annasähedow. 1982-nji ýyl. Könekesir obasy.

**Zaman gassap.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 809ᵉ-njy bukjasynda saklanýar. Aýdan: Meňli Şyhymguly gyzy, 55 ýaş. Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň Çendir jülgesiniň Ýartygala obasy. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1940-njy ýylyň 18-nji dekabry. Rowaýatyň nusgalary 863ᵉ-nji, 1739ᵉ-njy bukjalarda saklanýar. Ol «Magtymguly hakynda halk rowaýatlary» diýen kitabyň 34-nji sahypasynda we «Türkmenistan» gazetiniň 1959-njy ýylyň 18-nji dekabryndaky sanynda neşir edilipdir.

**Delalat ýagşy.** Rowaýat žurnalist Allaberdi Ataberdiýewiň şahsy arhiwinden alyndy. Aýdan: Berdiýew Durdymyrat, bagşy. Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň «Türkmenistan» daýhan birleşigi. Ýazyp alan: Allaberdi Ataberdiýew. 1982-nji ýyl.

**Daşy syndyrar.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň

3423$^{e}$-nji (3-nji depder) bukjasynda saklanýar. Kimden we haçan ýazylandygy görkezilmändir. Ýazyp alan: A. Nursähedow. Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň merkezi, Magtymguly köçesiniň 5-nji jaýy.

**«Sähra biten boý derek...»** Asyl nusgasy Gazagystan YA-nyň M. O. Öwezow adyndaky Edebiýat we sungat institutynyň golýazmalar hazynasynyň 143-nji bukjasynyň 2-nji depderinde saklanýar. Aýdan: Karagul Janibekow, Gurýew welaýatynyň Şewçenko etraby. 1957-nji ýylyň 20-nji dekabry. Ýazyp alan: Mustahi Bimagambetow. Rowaýaty gazak dilinden terjime eden A. Baýmyradow.

**Gözel tebigatyň aşygy.** Rowaýat «Magtymguly hakynda halk rowaýatlary» diýen kitabyň 24-nji sahypasyndan alyndy. Aýdan: Mämmet Nury ogly, 35 ýaş. 1940-njy ýyl.

**Guşy gonanda tut.** Rowaýat «Magtymguly–225» diýen kitabyň 304-nji sahypasyndan alyndy. Aýdan: Baba Nejebaly ogly, 58 ýaş. Balkan welaýatynyň Serdar etraby. Ýazyp alan: D. Nuralyýew. 1957-nji ýyl. Rowaýat ilkinji gezek «Türkmenistan» gazetiniň 1959-njy ýylyň 18-nji oktýabryndaky sanynda çap edilipdir.

**Biedeplerden öwrendim.** Asyl nusgasy TYA--nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar

12. Sargyt № 531.

hazynasynyň 1862[e]-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Hudaýberdi Yzbasty, 80 ýaş, sowatsyz. Garagalpagystan Respublikasynyň Dörtgül etrabynyň Kelteminar obasy. Ýazyp alan: S. Arazgulyýew. 1960-njy ýyl. Rowaýat ilkinji gezek «Edebiýat we sungat» gazetiniň 1960-njy ýylyň 1-nji sentýabryndaky sanynda «Menem şony aýdýaryn» diýen at bilen çap edilipdir.

**Kyrkgyz böwür.** Rowaýat A. Baýmyradowyň şahsy arhiwinden alyndy. Aýdan: Saparmyrat Aşyrow, hasapçy. Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň Gerkez obasy. Bozpoladyň çowlugy. Ýazyp alan: Ü. Esenow.

**Orazmeňli şahyr.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 766[e]-njy (1-nji depder) we 1739[e]-njy bukjalarynda saklanýar. Aýdanlar:

1. Sähetguly Taňryguly ogly, 86 ýaş, sowatsyz. Aşgabat şäheriniň Ruhabat etrabynyň Gökje ýaşaýyş toplumy. Ýazyp alan: B. Dolyhanow. 1941-nji ýylyň 12-nji ýanwary.

2. Zylyha Baky gyzy. 1958-nji ýylyň 12-nji awgusty.

Şuňa meňzeş rowaýat «Magtymguly–225» diýen kitabyň 304–305-nji sahypalarynda hem ýerleşdirilipdir. Aýdan: Baba Nejebaly ogly, 58 ýaş. Balkan welaýatynyň Serdar etraby. Ýazyp alan: D. Nuralyýew. 1958-nji ýyl.

**Iki şahyryň dostlugy.** Asyl nusgasy TYA--nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň $1837^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Nury bagşy, 63 ýaş, sowatsyz. Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň «Täze güýç» daýhan birleşigi. Ýazyp alan: M. Öwezgeldiýew. 1962-nji ýylyň iýun aýy. Rowaýatyň başga bir nusgasy $3423^{e}$-nji (3-nji depder) bukjada saklanýar. Kimden we haçan ýazylandygy görkezilmändir. Ýazyp alan: A. Nursähedow.

**Üç dost.** Aýdan: Öwez aga. Balkan welaýatynyň Etrek etrabynyň Baýathajy («Şarlawuk») obasy. Ýazyp alan: M. Garryýew. Rowaýat M. Garryýewiň «Edebiýat we sungat» gazetiniň 1959-njy ýylyň 19--njy noýabryndaky sanynda çykan «Etrege syýahat» diýen makalasyndan alyndy.

**«Ykbally bendäniň paýy gözel sen!..»** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň $1785^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Geldi Muhadow. Ýazyp alan: A. Nursähedow. 1959-njy ýylyň 7-nji dekabry.

**Dogry ýol.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň $1754^{e}$--nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Nuraly Sary ogly, 67 ýaş. Balkan welaýatynyň Serdar etraby. Ýazyp alan: D. Nuralyýew. 1954-nji ýylyň ýazy. Rowaýat ilkinji gezek «Magtymguly–225» diýen kitabyň 304--nji sahypasynda ýerleşdirilipdir.

**Garaguşy tutup, oda saldym.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1739$^{e}$-njy we 1754$^{e}$-nji bukjalarynda saklanýar. Aýdan: Nuraly Sary ogly. Ýazyp alan: D. Nuralyýew. 1954-nji ýyl. Rowaýat ilkinji gezek «Magtymguly–225» diýen kitabyň 303-nji sahypasynda ýerleşdirilipdir.

**Hyzmat etseň, hara döner.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 659$^{e}$-njy (2-nji depder) bukjasynda saklanýar. Aýdan: Myrza Ibragimow, 29 ýaş, bagşy, sowatly. Demirgazyk Kawkaz. Oržanikidze ülkesi. Türkmen etrabynyň Baýşypty obasy. Ýazyp alan: B. A. Garryýew. 1940-njy ýylyň 7-nji oktýabry.

**Magtymguly we Begaly.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1865$^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Ataberdi Nursähedow. Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň 1-nji orta mekdebiniň mugallymy. Ýazyp alan: B. Mämmetýazow. 1960-njy ýylyň 25-nji iýuny. Rowaýat ilkinji gezek «Mugallymlar gazeti» gazetiniň 1960-njy ýylyň 8-nji sentýabryndaky sanynda çap edilipdir.

**Ölüm ýassygynda.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1739$^{e}$-njy bukjasynda saklanýar. Aýdan: Sähetguly Taňryguly ogly, 80 ýaş, sowatsyz. Aşgabat şäheriniň

Ruhabat etrabynyň Gökje ýaşaýyş toplumy. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1941-nji ýylyň 12-nji ýanwary.

**«Jahanda näler görüner...»** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1521-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Magtymgulynyň neberesi Ata işanyň ogly Gara işan. 1987-nji ýyl.

**Hormatly myhman.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1754$^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Baba Nejebaly ogly, 60 ýaş, çala sowatly. Balkan welaýatynyň Serdar etraby. Ýazyp alan: D. Nuralyýew. 1958-nji ýylyň tomsy. Rowaýat «Magtymguly hakynda halk rowaýatlary» diýen kitabyň 42–43-nji we «Magtymguly–225» diýen kitabyň 305–306-njy sahypalarynda neşir edilipdir. Göçürmesi 1739$^{e}$ bukjada.

**Soňudag.** Rowaýat M. Garryýewiň «Edebiýat we sungat» gazetiniň 1959-njy ýylyň 19-njy noýabryndaky sanynda çykan «Etrege syýahat» diýen makalasyndan alyndy. Aýdan: Garryja aga. Balkan welaýatynyň Etrek etrabynyň Güdri obasy.

**Mynasyp şägirtler.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1739$^{e}$-njy bukjasynda saklanýar. Kimden, haçan ýazylandygy görkezilmändir. Rowaýat ikinji ge-

zek «Edebiýat we sungat» gazetiniň 1959-njy ýylyň 19-njy noýabryndaky sanynda çap edilipdir.

**Ynha, odun hem tapylar.** Asyl nusgasy TYA--nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1521-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Magtymgulynyň neberesi Ata işanyň ogly Gara işan. 1987-nji ýyl.

**Magtymgulynyň nebereleri.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1521-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Magtymgulynyň neberesi Ata işanyň ogly Gara işan. 1987-nji ýyl.

**Adyna Haýrulla goýduk.** Asyl nusgasy TYA--nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1521-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Magtymgulynyň neberesi Ata işanyň ogly Gara işan. 1987-nji ýyl.

**Orup gitdi.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 863$^{e}$-nji we 1739$^{e}$-njy bukjalarynda saklanýar. Ýazyp alan: P. Agalyýew. Şu rowaýatyň dürli nusgalary A. Ahundow-Gürgenliniň Magtymgulynyň 1940-njy ýylda çykan «Saýlanan goşgularyna» ýazan sözbaşysynda, M. Garryýewiň «Türkmenistan» gazetiniň 1958-nji ýylyň 19-njy oktýabryndaky sanynda çap edilen «Söz ussady» diýen makalasynda neşir edilipdir.

# MAGTYMGULY HAKYNDAKY MAGLUMATLARYŇ ÇEŞMELERI

**1-nji we 16-njy maglumatlar.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň $842^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Begmyrat Halyl ogly, 82 ýaş. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1940-njy ýyl.

**2-nji, 6-njy, 10-njy we 25-nji maglumatlar**. Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň $1743^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Baba Nejebaly, 62 ýaş. Balkan welaýatynyň Serdar etrabynyň Çukur obasy. Ýazyp alanlar: K. Jumaýew bilen M. Hudaýgulyýew. 1958-nji ýyl.

**3-nji maglumat.** Görnükli edebiýatçy Mäti Kösäýewiň «Edebiýat taryhynyň käbir meseleleri» (Aşgabat: TDN, 1963, 150 sah.) atly kitabyndan alyndy.

**4-nji we 5-nji maglumatlar.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazma-

lar hazynasynyň 842$^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Gazak Agajyk ogly, 52 ýaş. Magtymgulynyň garyndaşlaryndan. Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň merkezi. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1940-njy ýyl.

**7-nji maglumat.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 614$^{e}$-nji, 1739$^{e}$-njy we 1756$^{e}$-njy bukjalarynda saklanýar.

**8-nji maglumat.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1613$^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Ýazyp alan: D. Nuralyýew. 1957-nji ýyl.

**9-njy maglumat.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 614$^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Mämmetyrza Çakan ogly, 60 ýaş. Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň Arapjyk obasy. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1940-njy ýylyň 25-nji iýuny.

**10-njy, 11-nji, 24-nji we 27-nji maglumatlar.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 842$^{e}$-nji we 846$^{e}$-njy bukjalarynda saklanýar. Aýdan: Täçmämmet Suhanguly ogly, 77 ýaş, çala sowatly. Ýazyp alan: P. Agalyýew. 1941-nji ýyl.

**12-nji maglumat.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1739$^{e}$-njy bukjasynda saklanýar. Aýdan: Orazmyrat Öwezberdi ogly. Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Babadurmaz obasy. 1941-nji ýyl.

**13-nji maglumat.** Asyl nusgalary TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1739$^{e}$-njy we 1756$^{e}$-njy bukjalarynda saklanýar.

**14-nji maglumat.** Aýdan Goçy Annasähedow, ýazyjy. 1953-nji ýylda Magtymguly etrabynyň Könekesir obasynda doglan. Ýazan Amanmyrat Baýmyradow, filologiýa ylymlarynyň doktory. 2013-nji ýylyň 15-nji noýabry. Aşgabat şäheri.

**15-nji maglumat.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1739$^{e}$-njy bukjasynda saklanýar. Aýdan: Çakan Kötel ogly, Aşgabat şäheriniň Köşi obasy. 1941-nji ýyl.

**17-nji maglumat.** Asyl nusgasy A. Baýmyradowyň şahsy arhiwinde saklanýar. Aýdan: Annabibi Nazarowa, 76 ýaş, pensioner. Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň merkezi. Ýazyp alan: Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň Magtymguly adyndaky orta mekdebiniň mugallymy A. Aşyrowa. 1982-nji ýylyň 8-nji marty.

**18-nji, 19-njy, 20-nji, 21-nji, 22-nji we 23-nji maglumatlar.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1521-nji bukjasynda saklanýar. Maglumatlar Magtymgulynyň neberesi Ata işanyň ogly Gara işanyň magnit ýazgysyna düşen ses ýazgylary esasynda taýýarlanyldy. Magnit ses ýazgylary 1987-nji ýylda Eminulla – Hajy Myratguly tarapyndan TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasyna tabşyrylypdyr.

**26-njy maglumat.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1737$^{e}$-nji (1-nji depder) bukjasynda saklanýar. Aýdan: Gulmyrat Kary, 63 ýaş. Garagalpagystan Respublikasynyň Hojaili şäheri. Ýazyp alanlar: K. Seýitmyradow bilen G. Garryýew. 1959-njy ýyl.

**28-nji maglumat.** Asyl nusgasy TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň golýazmalar hazynasynyň 1864$^{e}$-nji bukjasynda saklanýar. Aýdan: Baýramtäç eje. Balkan welaýatynyň Esenguly etrabynyň Çalaoýuk obasy. Ýazyp alan: A. Oraztaganow. 1960-njy ýyl.

**29-njy maglumat.** Aýdan: Özbegistan Respublikasynyň al-Horezmi adyndaky Ürgenç döwlet uniwersitetiniň professory Saparbaý Rozumbaýew. 2013-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda Hywa şäheri. Ýazyp alan: A. Baýmyradow.

**30-njy maglumat.** Aýdan: Özbegistanyň YA-nyň A. Nowaýy adyndaky Dil we edebiýat institutynyň uly ylmy işgäri, dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty Ergeş Açylow. Magtymgulynyň şygyrlaryny özbek diline terjime eden şahyr hem alym. Ýazyp alan: A. Baýmyradow. Hywa şäheri. 2013-nji ýylyň 7-nji sentýabry.

**31-nji maglumat.** Aýdan: Özbegistanyň YA-nyň A. Nowaýy adyndaky Dil we edebiýat institutynyň bölüm müdiri, dil-edebiýat ylymlarynyň doktory Mamatkul Joraýew. Ýazyp alan: A. Baýmyradow. Hywa şäheri. 2013-nji ýylyň 7-nji sentýabry.

# ISMI DILDE NAGYŞ EDILEN

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:**

***– Magtymguly Pyragy sözüň güýji, gudraty bilen şygryýet äleminde ady arşa galan beýik akyldar şahyrdyr.***

Edebiýat meýdanynyň parlak ýyldyzy Magtymguly Pyragy Gündogaryň uzak taryhly baý medeniýetini, ahlagyny, pelsepesini we şahyrana dünýäsini şygyrlar çemenine öwrüp, çeper sözden müdimilik ýalkym saçýan ruhy dünýäni miras galdyrypdyr. Bagtyýarlyk döwründe ýagşylyga ýugrulyp, ussatlyga beslenen bu gymmatlygyň ýalkymy dünýä halklarynyň kalbynda ýer alyp, türkmeni dünýä tanadýar.

Türkmen edebiýatynyň taryhynda Magtymguly adamzadyň kalbyna ýol açmakda, çeper sözden duýgular çemenini döretmekde, dünýäni, ynsany görmegiň, duýmagyň we onuň meselelerini çeper beýan etmegiň özboluşly milli ýoluny kemala getirdi. Watançylygyň, gahrymançylygyň, edermenligiň, ýokary

ahlaklylygyň, ynsansöýüjiligiň şahyryň döredijiligin-de nepis söz sungaty derejesine ýetirilmegi türkmen edebiýatynyň milli taýdan çeper galkynyşy hökmün-de taryha girdi. Şu hakykata laýyklykda, halkyň taryhyna, şu gününe we ertirine, ruhy ösüşine köküni baglan dana Magtymgulynyň şahyrana dünýäsi müň öwüşginlidir. Onuň gözbaşyny ata-babalarymyzyň döreden gymmatlyklaryndan alyp gaýdýan şahyrana dünýäsi örän giň we çuň bolup, dünýä, ahlak, din hem-de hyýalyýet (mifiki) baýlyklarynyň esasynda hereket edýär.

Magtymguly çylşyrymly şahsyýet, umumy adamzat kalbynyň şahyry. Beýik söz ussadynyň ede-bi hazynasy, dünýäni görüş, beýan ediş usuly giň, özboluşly, şol wagtda-da inçe we nepis, ter hem-de owadan. Şahyryň şahyrana şahsyýeti hem şeýle: onuň döwür, wagt ölçegi çäksiz, hereket meýdany giň. Ynsan hyýaly, arzuwy nirä ýetip bilýän bolsa, şahyryň pikir ýöretmesi, hyýaly şol ýere ýetip, onuň syrly çeper hakykatyny bize açyp berýär. Şol ýerde özüniň çuň danalyga ýugrulan çylşyrymly oý-pikiri-ni, ahlak dünýäsini emele getirýär.

Magtymgulynyň döredijiliginiň çeper meý-dany arş, kürs, zemin wakalaryny, hyýalyýetçilik, ro-waýatçylyk, ertekidir dessançylyk hadysalaryny, olar baradaky pelsepeleri, adamzadyň ylmy, medeni, edebi gazananlaryny öz içine alýar. Şunuň ýaly edebi giňlik, söz sungatyna mahsus nepislik, dürli gylyk-häsiýet-ler, çeper serişdelerdir däpler, halky öwüde, ahlaga, edim-gylyma, dana paýhasa ýugrulan many-mazmun

Magtymgulynyň çeper ruhy dünýäsini emele getirýär. Şeýle dünýäni döretmek üçin şahyr her eseriniň bitewi many-mazmunyna, öňe sürýän bitewi oý-pikirine ünsi çekýär. Netijede, onuň çuňlugy, giňligi we terligi ýokarda agzalan çeper meýdanynda ýüze çykýar. Ol meýdany çäklendirmek, jylawlamak, özüne ýat bolan syýasata kökermek mümkin däl. Şu hakykata laýyklykda, Magtymgulynyň köp öwüşginli şahyrana dünýäsi, köplenç, onuň şahsy durmuşyna däl-de, çeper ruhy dünýäsine bagly bolýar. Magtymgulynyň eserlerindäki şahyrana şahsyýet hem şeýle gaýnawda kemala gelipdir, onuň şahyrana oý-pikiri, ündewi, köplenç, söz ussadynyň çeper ruhy dünýäsine örkli ýagdaýda ýüze çykypdyr.

Magtymgulynyň şahyrana şahsyýetiniň çeper ruhy dünýäsi anyk döwre, anyk tema, anyk çeper beýan etmä örklüdir. Şeýle-de onuň many gözýetimi, menzil dünýäsi giňdir, erkindir we çeperdir. Her şahyrana şahsyýet öz döwrüne, ahlagyna, medeniýetine we gaýry baýlyklaryna daýanýar, şoňa esaslanýar, şoňa öz sesini goşýar. Emma çeper eseriň ruhy meýdanyny dörediji şahsyň akyl eleginden çyksa-da, şol bir wagtda onuň şahyranalyk, manylyk, çeperçilik hörpi millidir, hususydyr hem-de köp taraply we köp ugurlydyr. Magtymgulynyň şahyrana şahsyýetiniň köp öwüşginliligi we adamzat kalbyny eýeläp bilşi onuň şahyrana dünýäsiniň ynsanyň ýaşyna, kärine, dini we dünýewi ygtykatlaryna seretmezden, olaryň islegini, ruhy hem-de lezzet alyş talabyny ödäp we kanagatlandyryp bilýänligindedir.

Şahyryň şahyrana dünýäsiniň çylşyrymlylygy we köp öwüşginliligi oňa şeýle çuňlukda garamagy talap edýär. Şoňa görä Magtymgulyny öwrenmegiň kyn we jogapkärli, sogap işdigi ykrar edilen hakykatdyr.

Magtymgulyny öwrenmekde halky çeşmeleriň, aýratyn hem çeper rowaýatlaryň çeşmelik hyzmaty uludyr. Magtymguly dillerde sena bolup, rowaýata öwrülen şahsdyr. Ata-babalarymyz özüniň ruhy dünýäsini döreden şahslaryna aýratyn sarpa goýupdyrlar. Söz sungatynda Hoja Ahmet Ýasawy, Alyşir Nowaýy, Magtymguly Pyragy we Mämmetweli Kemine halkyň çäksiz hormatyna mynasyp bolan şahyrlardyr. Wagtyň geçmegi bilen olar halk döredijiliginiň çeper gahrymany derejesine galypdyrlar.

Magtymguly hakyndaky rowaýatlarda şahyryň öz durmuşy, başyndan geçiren wakalary, halkyň Magtymgula bolan çäksiz söýgüsi esasynda dörän oý-pikirler, şeýle hem şahyryň şahyrana şahsyýeti jemlenipdir. Halky eserlerdäki Magtymguly watana, halka wepaly, il aladasy bilen ýaşaýan gahryman. Ol her meselä, hadysa paýhasly çemeleşýär, ony parasatly çözmegi başarýar. Onuň häsiýetinde türkmen halkynyň edeplilik, päklik, ruhubelentlik, kiçigöwünlilik, mertlik, dogry sözlülik, ahlak päkligi, asylzadalyk jemlenipdir. Netijede, Magtymgulynyň şahyrana dünýäsi ol hakyndaky halky kyssalarda dowam etdirilipdir. Diýmek, Magtymguly hakyndaky halky kyssalarda taryhy wakalar bilen birlikde, olara şahyryň çeper keşbini baýlaşdyrýan,

umumylaşdyrýan göçme hadysalar, ýörgünli ýordumlar hem goşulypdyr. Şol goşulan çeper wakalardyr ýordumlar Magtymgulynyň Hakdan içen gudratly şahyrdygyny nygtamaga, halka hossar çykan akyldardygyny ykrar etmäge hyzmat etdirilipdir. Bu babatda halk döredijiligindäki Magtymguly onuň eserlerindäki şahyrana şahsyýete ýakynlaşypdyr. Şu döredijilikli gatnaşygyň esasynda şygyrlardaky, rowaýatlardaky hem-de halkyň hakydasynda galan Magtymguly birleşip, ajaýyp şahyryň bitewi, çeper dünýäsini emele getiripdir.

Mälim bolşy ýaly, köne döwürde halk diline düşen taryhy şahslar köp bolupdyr: olaryň birnäçesi gylyjyndan gan damdyryp taryha giripdir; başga birnäçesi husytlygy, mekirligi bilen taryhdan ýer alypdyr; ýene birnäçesi sungatynyň ezberligi, zehininiň ýitiligi bilen il agzynda galypdyr; halkyň ody bilen girip, küli bilen çykan söz ussatlary bolsa, ýadaw ruhuň hemaýatçysyna, synan göwnüň seýigine öwrülen çeper eserleri bilen halkyň ýadynda galypdyr. Şu jähtden, taryhy şahslaryň halk döredijiligine giriş şertleri-de, halk tarapyndan kesilen nyrhlary-da, çeper toslamalarda edýän hereketleridir akyl-paýhaslary-da deň bolmandyr. Olaryň gylyk-häsiýetleri, matlaplary we synpy ýörelgeleri, köplenç, durmuşda bolan anyk şahslaryň halk öňünde bitiren hyzmatlarynyň esasynda ölçenilipdir. Şu ölçegiň netijesinde, türkmen halk kyssalaryndaky Oguz han, Eflatun, Lukman Hekim, Çingiz han, Soltan Sanjar, Ýasawy, Soltan Söýündir Myraly, Temirleň, Keý-

mir kör ýaly esasynda taryhy şahslar ýatýan halk döredijiliginiň ýörgünli gahrymanlary döredilip, olaryň çeper keşplerinde şahslaryň anyk durmuşyna, bitiren hyzmatlaryna, gylyk-häsiýetlerine degişli käbir çeper maglumatlar saklanypdyr. Uzak döwürdigine seretmezden, şeýle maglumatlaryň saklanmagyna ady agzalan şahslaryň taryhy anyklyga, durmuşa ýakyn bolan kyssalaryň üsti bilen girendigi hem kömek edipdir.

Rowaýatçylyk kysymyna degişli halky kyssalaryň ýerine ýetirýän esasy hyzmaty haýsydyr bir taryhy wakanyň, şahsyň, zadyň gelip çykyşyny, aýratynlyklaryny, şahsyň bitiren hyzmatlaryny, terjimehalyny tassyklamakdan, bolandygyny, ýaşandygyny subut etmekden ybarat bolupdyr. Olaryň ýerlilikden, geografik anyklykdan çykyp bilmeýän şu aýratynlygy kämillige tarap dyňzaýan wakanyň, çeper erkinlige dalaş edýän gahrymanyň hereket meýdanyny millilikde saklap, ony özüniň kada-kanunlarynyň, çäkliliklериniň içinde hereket etdiripdir. Şoňa görä taryhy şahsyň halky gahrymana öwrülişi döredijilikli ösüş bolup, ol halky kyssanyň içki mümkinçiliklerine görä, uzak wagtyň dowamynda kemala gelipdir. Ýöne bu arassa ösüş däl, halk döredijiligine gatyşykly, garyşykly çeper ösüş mahsusdyr. Ony bellibir galyba salyp, anyk taryha baglap goýmak hem mümkin däl. Ol bu babatda jylawsyz ata çalymdaşdyr. Ol döwrüň aýratynlyklaryna görä, çar tarapa at salyp bilýär, ýoluň köteldigine, düzdügine, egri ýa-da dogrudygyna seretmezden, öňe omzaýar. Durmuşdan çy-

13. Sargyt № 531.

kan waka, onuň gahrymany aňsat yzyna gaýdyp gelmeýär. Ol özara gatnaşyklaryň, özara täsir etmeleriň, alyş-çalyşly hyzmatdaşlygyň esasynda kemala gelýär. Magtymguly baradaky halky kyssalar, onda hereket edýän çeper gahrymanlar şu aýratynlygyň esasynda kämilleşipdir. Taryhy hakykat çeper hakykaty özüniň kada-kanunynyň içinde saklapdyr. Magtymguly baradaky halky kyssalar şu aýratynlyga görä, bellibir döwrüň, anyklyga kökerilen çeper wakalaryň içinde kemala gelipdir, kyssa gahrymany hökmünde öz meýdanyny Magtymgulynyň şahsy durmuşyna, şahyrana dünýäsine we halkyň şahyra bolan söýgüsine laýyklykda döredipdir.

Taryhy hakykat halk döredijiliginiň çeper hakykatynyň özenidir. Taryhy hakykatyň esasynda dörän çeper paýhas bolsa, jemgyýetçilik pikirden dömüp çykýan, ony çeper dünýä çykarýan güýçdür. Halk döredijiligi halkyň taryhyny, ykdysady, medeni, syýasy durmuşyny dürli röwüşde şöhlelendirýän, köpçüligiň jemgyýet, durmuş, ýaşaýyş, söýgi we gaýrylar baradaky köp asyrlyk asylly maksatlaryny özünde jemleýän çeper ruhy hazynadyr. Çeper hadysa umumy terzde baha kesmek, giň tutumly döredijilik meýdany eýelemek we meseleleriň dürli-dürli öwüşginde çözülmegini gazanmak halk döredijiliginiň tebigatyny ölçeýän, sungat eseri hökmündäki aýratynlyklaryny kesgitleýän baş alamatlardyr.

Magtymguly hakyndaky rowaýatlar we çeper maglumatlar hem halk döredijiliginiň çylşyrymly ösüşiniň miwesi. Şoňa görä halky kyssalardaky ýor-

dumlar, Magtymgulynyň we beýleki gahrymanlaryň çeper keşpleri halk dilinde timarlanan çeper hakykatdyr. Halk döredijiliginiň çeper hakykatynyň gymmaty taryhylyk bilen däl-de, estetiki hajaty, ruhy goldawy döredýän halkyň syýasy, durmuşy garaýyşlary bilen ölçenýär. Ýöne şol ölçeg halk döredijiliginiň tebigatyna görä dürli-dürli bolup, rowaýatçylyk kysymda ol durmuş hakykaty bilen çeper hakykatyň arasynda köpçülik hyzmaty ýerine ýetirýär. Magtymguly baradaky halky kyssalar hakda söhbet edilende rowaýatçylyk kysymynyň şu aýratynlygy biziň käbir edebiýatçylarymyz tarapyndan gözden salynýar, olaryň ýerine ýetirýän jemgyýetçilik, estetik hyzmatlary ujypsyz bolsa-da, göze ilýän çeşmelik hyzmatlaryna nädogry garalýar. Alymlaryň birtopary şahyr baradaky halky kyssalara asyl çeşme hökmünde garap, olardaky maglumatlary gös-göni şahyryň durmuşyna ýa-da döredijiligine degişli edip goýýarlar, diňe rowaýatlaryň esasynda şahyrlaryň terjimehalyny dikeltmäge çalyşýarlar. Alymlaryň ikinji topary rowaýatlaryň çeşmelik hyzmatyny inkär edýärler, olaryň «ýalan sözleýändigini» dürli deliller bilen subut etjek bolýarlar.

Bir-birine ters gelýän şu iki garaýyş nädogry bolup, olarda halk döredijiliginiň tebigatyna, onuň ýerine ýetirýän estetiki we habar berijilik hyzmatyna düşünmezlik duýulýar. Birinjiden, halk döredijiligini agyzdyryklamak, çäklendirmek, ondan haýsydyr bir arassa taryhy maglumaty talap etmek mümkin däl. Aslyýetinde, halk döredijiligi çäklilikden, anyk taryhdan gaça durýandygy üçin halk döredijiligidir, sakasynda

halk köpçüligi durýan gadymy söz sungatydyr. Ol erkinligi, çeper söz sungatyna mahsus bolan şahyrana akgynlylygy söýýär. Şoňa görä biz oňa halk döredijiligi diýýäris. Ikinjiden, halky kyssalara anyk çeşme hökmünde salgylanmak üçin olaryň umumy ösüşini bilmeli. Mysal üçin, Nowaýy bilen Keýmir kör baradaky rowaýatlaryň berýän maglumatlarynyň taryhy hakykata galtaşyga meňzeş däl, olaryň beýan edilişi, ideýa hörpi, gahrymanyň gylyk-häsiýetiniň we matlabynyň çeper çözülişi başga-başga.

Magtymgulynyň ady bilen baglanyşykly rowaýatlaryň taryha galtaşygy, çeper beýany we beýleki möhüm serişdeleri bolsa özünden öň ýaşan şahslar hakyndaky eserlerden düýpli tapawutlanýar. Sebäbi şahyryň ýaşan döwründe halk döredijiligi birkemsiz kämilleşip, bütewi çeper söz sungatyna öwrülipdi, onuň ýanýoldaşy bolan çeper edebiýat hem ösüp, durmuş hakykatyny özboluşly beýan etmäge başlapdy. Magtymguly hakyndaky halky kyssalar bolsa, tebigaty boýunça halk döredijiligine, çeşmesi boýunça edebiýata degişlidi. Şu jähtden, ol hem durmuşa golaýlaşyp, onuň nogsanlyklaryna, eşretlerine şahyryň durmuşynyň we döredijiliginiň mysalynda sosial jähtden baha kesmelidi. Döwrüň talabyna we onuň sosial hajatlaryna görä kämilleşýän halky kyssalarda bu kanuny talap ödelip, olarda durmuş hakykaty belli derejede anyklyga golaý şöhlelendirilipdir. Bu şahyr hakyndaky rowaýatlaryň taryha galtaşygynyň bir tarapy. Meseläniň ikinji tarapy rowaýatlaryň kämilleşmegi üçin wagtyň çäkli

bolandygyna syrygýar. Çünki şahyryň ýaşan döwri ol hakyndaky halky maglumatlaryň halk döredijiligine öwrülmegi üçin uzak wagt däldi. Nowaýy ýaly birnäçe asyry geçmändi. Üstesine hem, Magtymgulynyň anyk şahslygy, durmuşyna degişli dogry maglumatlary bilmäge, öwrenmäge halkyň teşne bolanlygy ol baradaky rowaýatlaryň özeninden daşlaşmagyna ýol bermändir.

Şahyr hakyndaky halky kyssalar kämil döredijiligiň gapysyndan gutarnykly girip bilmän, çeper söz sungatyna öwrülmegiň bellibir ösüş ýagdaýynda galypdyr. Ýagny, göçme-halkara ýordumlar, gahrymanyň hereketini ideallaşdyrýan her hili çeperçilik tärlerdir serişdeler, häsiýetler çylşyrymly ösüşe goltgy berip, Magtymgulyny halky gahrymanlaryň jümmüşine çekipdir. Şahyryň anyk durmuşy, döredijiligi we rowaýatçylyk kysymynyň umumy ösüşinden gelip çykýan taryha golaýlyk bolsa, çylşyrymly ösüşe päsgel berip, ony anyk görnüşinde saklamaga çalşypdyr. Netijede, ýerlilik, taryhylyk bilen kämil halky eserlere mahsus umumylyk we çeper mazmun gatyşyp, özboluşly halky kyssalar toplumyny emele getiripdir. Şoňa görä bir-birine garşy ýaly duýulýan bu iki edebi hadysa aýralykda däl-de, bir-birini baýlaşdyrýan, rowaýaty bellibir çeper ulgamda saklaýan gatyşykly, döredijilikli ösüşiň miwesi hökmünde baha bermeli. Mysal üçin, türkmen halk döredijiliginde ynsanyň kesp-hünär öwrenmegi özbaşdak çeper ulgama öwrülipdir. Ol nakyllarda, aýal-gyzlaryň şahyrana döredijiliginde dürli çe-

per çözgütleriň esasynda nygtalypdyr. Ertekilerde söwdagärleriň, garyp-gasarlaryň, täjir ogullarynyň, patyşalaryň kesp-hünär öwrenip, myrat-maksatlaryna ýetişleri çeper beýan edilipdir.

Gadymyýetden bäri çeper işlenip gelýän kesp--hünär öwrenmek hakyndaky çeper ulgam Magtymguly baradaky halky kyssalara hem geçipdir. «Hatly ýonalar» diýen rowaýatda şahyr öwrenen hünäriniň kömegi bilen garakçylardan halas bolýar. Magtymguly ir-iýmiş bişen güýz günleriniň birinde daga gezelenje gidýär. Ol dagdan gaýdyşyn garakçylara duş bolýar. Olar şahyry öldürjek bolýarlar. Magtymguly ýona tikip bilýändigini aýdyp, ölümden sypýar we tiken ýonalaryna hat ýazyp, obadaşlaryna haýsy ýerde saklanýandygyny habar berýär. Ildeşleri ýonalaryň birindäki haty okap, şahyry garakçylardan halas edýär. Şu ýordum dürli halklaryň ertekilerinde, rowaýatlarynda duş gelýär. Bu bolsa ýordumyň göçmedigini şertlendirip, Magtymguludan hem öň aýdylandygyny kepillendirýär. Şeýle bolsa-da, biz bu rowaýaty «ýalan sözleýär» diýip, şahyryň adyndan aýryp bilmeýäris. Sebäbi halkara ýordumlaryň duş geleni şahyryň adyna dakylman, Magtymgulynyň durmuşyna, döwrüne, şygryýetine gabat gelýänleri söz ussady hakyndaky rowaýatlar toplumyna uýgunlaşdyrylypdyr. Şoňa görä biz Magtymgulynyň garakçylara duşandygyny inkär edäýenimizde-de, onuň at esbaplaryny ýasaýan ussa bolandygyny ykrar etmeli bolýarys.

Şeýle döredijilikli sazlaşygyň netijesinde, şahyr hakyndaky halky kyssalar baýlaşyp, durnukly toplum

emele gelipdir. «Magtymguly haçan halky kyssalaryň gahrymany bolupdyr?» diýen soraga dürli jogap bermek mümkin. Halky çeşmeleriň berýän maglumatlaryna görä, şahyr bada-bat halk diline düşüpdir. Muny Magtymguly bir beýtde:

Il gözüne ilip men,
Ilenimi bilip men.

– diýip, uly ynam bilen aýdypdyr. Şahyryň halkyň kalbyna çalt ornaşan goşgulary olaryň göwünlerine melhem, arzuwlaryna ganat bolup, ruhy hem-de estetiki talaplaryny kanagatlandyrypdyr. Şu ruhy täsir Magtymguly hakyndaky halky eserleriň hem çalt döremegine we ýaýramagyna, şahyryň adynyň halk döredijiligine ymykly girmegine badalga bolupdyr. Magtymguly özi barada aýdylýan kyssalary eşidip, adynyň il agzyna düşendigini gümansyratmandyr-da, ony aç-açan ykrar edipdir:

Ismim düşdi ilden-ile,
Nagş ederler dilden-dile.

Magtymgulynyň bu ynamy halk tarapyndan birkemsiz ödelipdir. Gözbaşyny şahyryň ömri we döredijiligi baradaky her hili maglumatlardan alyp gaýdýan gürrüňler dilden-dile ötüp, çeper söz sungatyna öwrülipdir. Olaryň many we mazmun örüsi şahyryň eserleri bilen sazlaşypdyr. Magtymguly döredijiliginde durmuşyň, ýaşaýşyň, ynsan gylyk-

-häsiýetiniň köp taraplary barada töwerekleýin pikir ýöredipdir. Onuň şahyrana dünýäsiniň aýry-aýry parçalary rowaýatlarda dowam etdirilipdir. Magtymguly şygyrlarynda ynsanperwerlige uly sarpa goýup, dürli nogsanlyklaryň garşysyna göreşipdir. Şahyryň şu asylly maksady rowaýatlara hem geçipdir. Ol rowaýatlarda garyp-gasarlaryň tarapyny çalýar, sowady pes din hadymlarynyň etmişlerini ýüzüne basýar. Şahyr şygyrlarynda päk söýginiň waspyny edip, aýal mertebesini ýokary galdyrýar. Onuň şeýle asylly düşünjeleri rowaýatlarda çeperleşen anyk maglumatlaryň esasynda nygtalýar. Deňeşdirme häsiýetli şeýle mysallary köp getirmek mümkin. Bu bolsa rowaýatlaryň aglabasynyň şahyryň ömrüne we döredijiligine kybap döredilendigine doly şaýatlyk edýär.

Rowaýatlaryň birtopary gös-göni şahyryň durmuşyna, döredijiligine degişli wakalary, maglumatlary habar berse, beýleki topary Magtymgulynyň dost-ýarlary, töwerek-daşy barada söhbet açýar. Olary mazmuny boýunça «Magtymgulynyň kowum-garyndaşlary hakyndaky kyssalar», «Şahyryň ýaşlygy», «Bilim ýolunda», «Şahyr jahankeşde», «Şahyr we durmuş», «Şahyryň dost-ýarlary we şägirtleri baradaky kyssalar» kimin toparlara bölmek mümkin.

Şu kyssa toparlarynda baş gahryman Magtymguly. Ol özüniň şahsy bähbidi barada däl-de, halk köpçüliginiň ykbaly hakynda aladalanýan kämil çeper gahryman. Ol şahyryň şahyrana şahsyýeti ýaly, oňat matlaplara, garaýyşlara beslenipdir, haýyr bilen

şeri, rehimlilik bilen zalymlygy, danalyk bilen nadanlygy saýgarýan we olaryň oňat, göreldeli tarapynda durup, göreşmegi başarýan gahryman. Ol bu babatda yrgalykdan sapdyr. Onuň sosial düşünjesi, ahlak keşbi, ynsanperwerligi aýdyň. Ol duýgurlygy, kesgir paýhasy bilen iş tutmagy başarýan, hut şu häsiýeti bilen köpçülige özüni aldyran, olaryň hormatyny gazanan gahryman.

Halk özüniň jemgyýet, durmuş, adamkärçilik, ahlak baradaky hyýalyny, garaýşyny Magtymgulynyň keşbinde jemläpdir. Şoňa görä şahyr hakyndaky kyssalar çeper estetiki hyzmaty ýerine ýetirýän söz sungaty bolmak bilen birlikde, türkmen halkynyň beýik oglunyň durmuşyndan, döredijiliginden söhbet açýan çeper halky eserlerdir. Beýik akyldarlaryň belleýşi ýaly, şeýle eserler öz ähmiýetini ýitirmeýärler, olar agyzdan-agza geçip, halk dilinde ýaşamagyny dowam etdirýär. Magtymguly welilik bilen şeýle diýipdir:

> Adamdan dünýäde galsa bir nyşan,
> Öçmez ady anyň şol bunýat ilen.

Dana Magtymguly halka nähili düşünen bolsa, onuň ýürek sedalaryny duýan bolsa, halk hem öz içinden çykan beýik ogluna şeýle düşünipdir: oňa adamkärçiligiň, ynsanperwerligiň, päk ahlagyň, arassa wyždanyň çeşmesi hökmünde garapdyr. Şu garaýyş ýyl geçdigiçe berkäpdir, kämilleşipdir, ýüreklerde ornap, mukaddesleşipdir.

Magtymgulynyň edebi mirasy, şahyrana şahsyýeti we halky keşbi Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe täze mana eýe boldy. Ynsany ahlak arassalygyna, ýokary adamkärçilige, watançylyga, edermenlige, päk söýgä galkyndyrýan, agzybirlige, jebislige çagyrýan egsilmez ruhy çeşmä öwrüldi. Şahyr baradaky halky kyssalar ýyl geldigiçe galňaýar. Diňe öz ýurdunda däl, eýsem, Magtymgulyny beýik şahyr hasaplaýan özbek, gazak, garagalpak halklarynyň arasynda hem şahyr barada täze kyssalar döreýär. Biz şu ýygynda olaryň käbirini girizdik.

Magtymguly hakyndaky rowaýatlary ilkinji gezek belli edebiýatçy Mäti Kösäýew «Magtymguly hakynda halk rowaýatlary» (Aşgabat, 1959) ady bilen neşir etdiripdir. Soňra 1983-nji ýylda şu ýygyndyny çapa taýýarlaýjylaryň biri Amanmyrat Baýmyradow şahyr baradaky ähli kyssalary ýygnap, «Magtymguly hakynda rowaýatlar we legendalar» atly kitaby okyjylara hödürledi. Bu ýygyndylar okyjylaryň göwnünden turdy. Ondan bäri otuz ýyl geçdi. Şu aralykda şahyr baradaky halky kyssalaryň ençemesi döredildi. Garaşsyzlykdan soň, şahyryň goňşy Eýranda ýaşaýan kowum-garyndaşlaryndan halky kyssalar, maglumatlar ýazylyp alyndy.

Eliňizdäki ýygynda Magtymgulynyň ady bilen baglanyşykly aýdylýan rowaýatlaryň we maglumatlaryň köpüsi girizildi. Köp nusgaly rowaýatlar deňeşdirilip, has kämil nusgasy esas edilip alyndy, olar baradaky maglumatlar ýygyndynyň soňunda berildi. Rowaýatlar şahyryň ömrüne we döredijiligine görä

yzygiderlikde ýerleşdirildi. Neşir edilen rowaýatlaryň asyl nusgalary peýdalanyldy, asyl nusgasy, ýagny golýazmasy ýok rowaýatlar çap edilen ýerlerinden alyndy we olar barada doly maglumat berildi. Ýygyndydaky rowaýatlaryň beýan edilişi, aýratynlyklary saklandy, olaryň mazmunyna düzediş girizilmedi.

Ýygyndy baradaky bellikleriňizi, TYA-nyň Milli golýazmalar institutyna iberseňiz düzüjiler sizden hoşal bolardy.

Şu kitaba jogapkär alymlar beýik söz ussady Magtymguly Pyraga goýýan sarpasy we onuň edebi we halky mirasyny dünýä ýaýmak baradaky aladalary üçin Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirýärler!

***Amanmyrat Baýmyradow,***
*Döwletmämmet Azady adyndaky*
*Türkmen milli dünýä dilleri*
*institutynyň uly mugallymy,*
*filologiýa ylymlarynyň doktory.*

***Baýrammyrat Baýmyradow,***
*TYA-nyň Milli golýazmalar institutynyň*
*«Halk döredijiligi» bölüminiň müdiri.*

# Mazmuny

Ady Garrymolla bolsun . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 3
Adamy ýer eklär . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 4
Aýyş ýer . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 5
Parasatly ynsan . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 6
Mäşi bişişmedi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 6
«Ýakma – bişersiň, gazma – düşersiň!» . . . . . . . . 8
Gadyry bilinjek däl . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9
Men haja gowuşdym. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 10
Il hemdemi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 10
Magtymguly – halkyň guly. . . . . . . . . . . . . . . . . . 11
Derlemeli bolýar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 12
Sen atańdan ozdurypsyň . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 12
Jülgedäki ses . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 15
Zehinli okuwçy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 17
Naharymyz bir bolsun . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 18
Ajy aç, doky dok eken . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 19
Bir gezek «Ata» diýseň, bes . . . . . . . . . . . . . . . . 21
Seni ýeňjek ýokdur . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 22
Dogry jogap . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 25
Magtymgulynyň saýasynda oturan çynary . . . . . 28
Ýary ýardan aýranyň . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 30
Bolmady bizge nesip . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 31
«Bir goýna salan islärin...» . . . . . . . . . . . . . . . . . 32
Hesret bilen dörän goşgy . . . . . . . . . . . . . . . . . . 34
Uly ile weli boljak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 35
Görme-görüş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 35

Ile ýaraýan adam. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .36
Hywa ýolunda. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .37
Paşmadyk pirim . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .38
Men hak sözi ýazdym. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .42
Lebiz halal bolmalydyr. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .45
Pitiwasyz galan kitap . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .47
Meniň kitabymy il okar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .50
Şygyr bäsleşigi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .52
San bolsam . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .54
Beýleki kitaplary hiç kim okamaz . . . . . . . . . . . . .55
Hywa hanynyň huzurynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . .55
Ýerlikli jogap . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .57
Herne galsa, adat galsyn . . . . . . . . . . . . . . . . . . .59
Ne peýda. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .61
Hywa köçesinde . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .65
Akyl hazynasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .66
Ýat bolar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .71
Bizi ryswa eder . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .71
Ökünç . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .72
Näbilsin. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .73
Magtymguly we Nury Kazym . . . . . . . . . . . . . . . .75
Gaýgyly habar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .78
Ylmy Magtymguly äkitdi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .80
Goşgynyň gudraty. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .80
Hoşa bugdaýy arassa bolýar . . . . . . . . . . . . . . . . .85
Syrly torba . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .86
Hile hem bir batyrlykdyr ýerinde . . . . . . . . . . . .88
Aslymdan dänmen . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .91
Gudrat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .92
Ýurdy bilinmez. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .92
Bosa-bosluk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .94
Ogurlanan çaga . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .95
«Boljak oglan bolşundan belli» . . . . . . . . . . . . . .96
Halas edilen gyz . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .96
Tebigat kömek etdi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .97
Hatly ýonalar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .98
Meniň pendim almady . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .99

Tersakan . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .100
«Totuguş dilli dessan» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .101
Bir düýe ýüki kitap . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .102
«Bäş ýylda bir kitap eden işimiz...» . . . . . . . . . .104
Zaman gassap . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .106
Delalat ýagşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .108
Daşy syndyrar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .111
«Sähra biten boý derek...» . . . . . . . . . . . . . . . .112
Gözel tebigatyň aşygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . .113
Guşy gonanda tut . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .114
Biedeplerden öwrendim . . . . . . . . . . . . . . . . . . .115
Kyrkgyz böwür . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .116
Orazmeňli şahyr . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .119
Iki şahyryň dostlugy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .122
Üç dost . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .124
«Ykbally bendäniň paýy gözel sen!..» . . . . . . .125
Dogry ýol . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .127
Garaguşy tutup, oda saldym . . . . . . . . . . . . . .127
Hyzmat etseň, hara döner . . . . . . . . . . . . . . . . .128
Magtymguly we Begaly . . . . . . . . . . . . . . . . . . .130
Ölüm ýassygynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .131
«Jahanda näler görüner...» . . . . . . . . . . . . . . . .133
Hormatly myhman . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .134
Soňudag . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .136
Mynasyp şägirtler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .136
Ynha, odun hem tapylar . . . . . . . . . . . . . . . . . . .138
Magtymgulynyň nebereleri. . . . . . . . . . . . . . . . .138
Adyna Haýrulla goýduk . . . . . . . . . . . . . . . . . . .139
Orup gitdi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .140
Magtymguly hakyndaky maglumatlar . . . . . . .141
Rowaýatlaryň alnan ýerleri
baradaky maglumatlar . . .155
Magtymguly hakyndaky
maglumatlaryň çeşmeleri. . . . . . . .183
Ismi dilde nagyş edilen . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .188

TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# MAGTYMGULY HAKYNDAKY ROWAÝATLAR



| | |
|---|---|
| Ylmy redaktor | *A. Aşyrow, TYA-nyň habarçy-agzasy, filologiýa ylymlarynyň doktory* |
| Çapa taýýarlanlar | *A. Baýmyradow, B. Baýmyradow* |
| Redaktor | *N. Halymowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Kompýuter bezegi | *I. Zasarinnaýa* |

A – 81501.
Çap etmäge rugsat edildi 12.03.2014.
Ölçegi 60x90 1/16. Edebi garniturasy.
Şertli çap listi 13,0. Şertli reňkli ottiski 26,25.
Hasap-neşir listi 12,56. Çap listi 13,0.
Sargyt № 531. Sany 5 500.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000, Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.